# SÖZÜM SAŇA, PYRAGY!

(Türkmen we beýleki ýurtlaryň şahyrlarynyň Magtymguly Pyraga bagyşlanan goşgular ýygyndysy)

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2014

UOK 894. 361
S 69

S 69 **Sözüm saňa, Pyragy!** (Türkmen we beýleki ýurtlaryň şahyrlarynyň Magtymguly Pyraga bagyşlanan goşgular ýygyndysy). – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýörite Kararyna laýyklykda, şu ýyl türkmen halkynyň uly söz ussady, görnükli filosof, akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň 290 ýyllygy bütin dünýäde giňden hem dabaraly bellenilip geçiler.

Magtymgulynyň döredijiliginden ylham almadyk şahyr, meger, ýokdur. Ynha, eliňizdäki ýygyndy hem şonuň aýdyň mysalydyr.

XX asyr hem-de häzirkizaman şahyrlarymyzyň, şeýle-de beýleki halklaryň söz ussatlarynyň Magtymguly Pyraga bagyşlanyp döredilen goşgulary okyjylary biparh goýmaz. Bu ýygyndy ýubileýi tutumly bellenilýän nusgawy şahyrymyza sözden dikilen ebedi ýadygärlikdir.

TDKP № 58, 2014 KBK 84 Tür 1

© Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

## Magtymguly şygryýetiniň tagamy

Türkmen halkynyň buýsanarlyk taryhy bar. Şonuň bilen birlikde şeýle şan-şöhratly taryhyň döremegine sebäp bolan beýik şahsyýetleri-de az däl. Harby-syýasy, dini-pelsepewi, ylmy, ykdysadyýeti hasaba almanymyzda hem, umumy edebiýatymyzyň diňe şygyr hazynasyny hasyl edýän, özleriniň özboluşly, milli we halky häsiýetli döredijilikleri bilen dünýä edebiýatyna, onuň miras baýlygyna mynasyp goşant goşan şahsyýetlerimiz hem munuň şeýledigine şaýatlyk edýär. Gaty bir çuňluga gitmän Ýunus Emreden, Garajaoglandan bärligine gaýdanymyzda-da, eserleri gaýtalanyp-gaýtalanyp okalýan, we olardan her gezek okalanda ruhy lezzet, güýç-kuwwat alynýan, ahlak-terbiýede ybratlanarlyk ideýalary orta atan şahyrlarymyz barmak basyp sanardan köp. Nurmuhammet Andalyp, Şeýdaýy, Şabende, Magrupy, Seýdi, Zelili, Kemine, Mollanepes, Aşyky, Zynhary, Kätibi, Misgingylyç, Mätäji... – bularyň hemmesi çeper sözüň ussatlary hökmünde durmuş meselelerine özboluşly çemeleşýändikleri bilen halkymyzyň hakydasynda we kalbynda ýaşap gelýär. Emma ömrüniň, durmuşynyň halk bilen baglanyşygy, döredijiliginiň milliligi, ideýalylygy, mazmunlylygy, düşnükliligi, çeperçilik kuwwatynyň kämilligi bilen Magtymguly özünden öňki we soňky şahyrlar bilen deňeşdirilende ýokary derejede ykrar edilen akyldar şahyr, filosof şahyr diýlip, diňe bir türkmenleriň içinde däl, eýsem dünýä halklarynyň aglabasynyň arasynda-da şöhraty uludyr.

Türkmenistanyň Prezidenti, mähriban Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Magtymgulynyň doglan gününiň 290 ýyllyk ýubileýini halkara derejesinde belläp geçmek hakynda 2012-nji ýylyň 26-njy martynda kabul eden Karary bu senä ykjam taýýarlyk görmäge, şu güne deňiç döwrüň içinde Magtymguly hakda ylmy, kyssawy we şahyrana eserleri döretmäge, goşgularynyň neşir edilmegine esasy badalga boldy. Bu Karar alymlary-da, şahyr-ýazyjylary-da, neşirçilerdir terjimeçileri-de, sungatyň beýleki görnüşleri bilen iş salyşýanlaryň hemmesini-de işjeňleşdirdi.

Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň Magtymguly Pyragynyň mertebe belentligi dogrusynda medeni durmuşymyz bilen baglanyşykly aýdyp gelýän göwnemakul sözleri, onuň mirasyna berýän ajaýyp bahalary bu işe jogapkärli çemeleşmegiň gerekdigine döredijilik güýçleriniň ünsüni çekdi. Olaryň birinde, mysal üçin, «Magtymguly Pyragy adamzada tämiz ruhly, sagdyn ahlakly, şirin zybanly ajaýyp şygyrlary miras galdyran akyldar şahyrdyr. Bu günki gün adamzat türkmen halkynyň beýik akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň hatyrasyny belentde tutup, beýik söz ussadynyň şygyrlaryndan egsilmez ylham, ruhy güýç alýar» diýlip bellenilýär.

Ynha, şeýle meşhur, şeýle tanymal pähimdaryň adynyň, ömür ýolunyň, döredijiliginiň, ýaşan döwrüniň edebiýatyň umumy ulgamynda indi gaty köp ýyllardan bäri ýörite tema ugruny şertlendirip gelýändigi ýöne ýere däl. Munuň şeýledigini anyk sanawlarda hem görkezmek mümkin.

**Magtymguly türkmen şahyrlarynyň döredijiliginde.** Magtymguly özünden soňky we tä şu günki günlere çenli döredip gelýän şahyrlaryň ählisiniň hakyky halypasydyr. Mysal üçin, XIX asyr satiraçy şahyrymyz Mämmetweli Kemine «Magtymguly söz meýdanynyň oragyny orup gidipdir, bize indi onuň hoşasyny çöpläýmek galypdyr» diýip,

akyldaryň döredijiliginiň ündew, mazmun, çeperçilik babatda köpgyraňlydygyna döwürdeşleriniň ünsüni çekipdir. Şol asyryň ýa-da Magtymgula döwürdeş şahyrlaryň uçdantutma hemmesi diýen ýaly türkmen diliniň söz baýlyklaryndan peýdalanmakda Magtymguludan täsirlenip döredipdirler. Okyjy bu hakykata türkmen nusgawy şahyrlarynyň goşgularyny Magtymgulynyň şygyrlary bilen degşirip-deňeşdirip görse, şübhesiz göz ýetirip biler. Bu täsir dowamly bolup, XX asyr şahyrlarymyzyň döredijiliklerinde has-da açyk-aýdyň duýulýar. Täsirlenme bilen bir hatarda Magtymgula bagyşlanyp ýazylan ýörite şygyrlaryň ýa-da şygry usulda dörän eserleriň-de bardygyny bellemek gerek. XX asyryň nusgawy ýazyjylarynyň biri, Türkmenistanyň halk ýazyjysy Berdi Kerbabaýew paýtagtymyzyň akademiki teatrynda köp wagtlap sahnada goýlan «Beýik şahyr» dramasyny şygyrda döredipdi. Pýesadaky wakalar şahyryň şygyrlary, öňe süren pikirleri bilen utgaşdyrylyp ýaýbaňlandyrylýardy.

Türkmenistanyň atly şahyrlary Mämmet Seýidowyň «Şatuduň saýasynda», Ýylgaý Durdyýewiň «Daglar», Gurbannazar Ezizowyň «Pikir derýasynda akyl gämisi», Annaberdi Agabaýewiň «Mekge menzili» («Pyragynyň ömründen bir pursat») Atamyrat Atabaýewiň «Dowamat dowam» ýaly ululy-kiçili poemalarynda Magtymgulynyň durmuşy, şahsy we maşgala ykbaly, onuň öz atasy hem halypasy Döwletmämmet molla bilen mynasybeti, Meňlä bolan egsilmez söýgüsi, bilimini artdyrmak ugrundaky tagallalary, il-ýurt abadançylygy bilen bagly aladalary örän çeper röwüşlerde berilýär. Eger M. Seýidow Magtymguly obrazynyň üsti bilen ahlak meselesini gozgap, wakalary şahyryň goşgularyndaky ýagdaýlar, pajygaly hadysalar bilen baglap görkezýän bolsa, Ý. Durdyýew Magtymgulynyň dünýä inişini, sowatly, bilimli şahyr bolup ýetişişini, saýry duşmanlaryň türkmen obalaryny talaýşyny,

şeýle halatda Döwletmämmet mollanyň we Magtymgulynyň doga-dileglerini, aýgytly hereketlerini, şahyryň eserleriniň diňe bir öz halkyna däl, Ilhan ýaly gaýry galtamana-da täsir ýetirişini, Magtymgulynyň ölüminiň ähli halk tarapyndan umumy ýasa, köpçülikleýin matama öwrülişini şahyrana suratlandyrýar. Poemada Ilhanyň, Azadynyň, Magtymgulynyň, belli derejede Meňliniň anyk-duýarlykly obrazlaryny döretmäge synanyşylýar. Ý. Durdyýew şahyryň ýaşan galagoply döwrüni welin mümkingadar dogruçyl berip bilipdir. G. Ezizow Magtymguly temasyna, söz ezberiniň içki ahwalatyny öz zamanasyna laýyklap ýüze çykarmaga pelsepewi usulda çemeleşýär. Netijede awtora şahyryň pikirlenmelerini umumadamzat ýaşaýşy, dünýe hadysalary bilen göwnejaý baglanyşdyrmaga mümkinçilik döräpdir. Şu hili çemeleşme Magtymgulynyň jemagat gatnaşyklary, döwür, kysmat, pelek, borç hem hyzmat hakyndaky içki psihologik ýagdaýlarynyň, dünýä hem tebigat dogrusyndaky durumlarynyň okyjynyň aňyna täsirli ornaşmagy, oňat ýatda galmagy üçin diýseň amatly bolupdyr.

Annaberdi Agabaýew ady agzalan çaklaňja poemasyndaky pikirlerini onuň «Tarawa», «Gaýdyşyn – ot başynda», «Etrek dagynyň başynda» diýen bölümlerine seçelendirip goýberipdir. Poemanyň awtory Magtymgulynyň Mekgä zyýaraty mahalynda şahyryň il-gününiň abatlygy, agzybirligi, özüne eden ýagşy dilegleri, şol dilegler bilen utgaşdyryp, akyldaryň adamzat baradaky oýlanmalaryna gerim berýär. Bu awtorlar Magtymguly temasyndan ýörite goşgular-da döredipdirler. Muňa M. Seýidowyň «Daň ataly bäri urnup otyryn», «Bir şahyrmyş bu görünýän her ýyldyz», «Watanyňda han idiň», «Çykyp giň sährama irde-giçde sen», «Seret, atam bakýar saňa söýünip», «Giň gujagy elwan gülden çemenli», «Hiç bir güýç gondamaz çöken ýerinden», «Çyk-da seret giň

sähraňa, Pyragy», «Süýr günortan gördüm ony düýşümde», «Gaşlaryny, kirpigini çirkizen», «Hindistany, Çyn-Maçyny», «Magtymguly, seniň adyň», «Jennet boldy Taňrygargan», Ý. Durdyýewiň «Sözi soňlan sorag», A. Agabaýewiň «Gonambaşy – Magtymguly pirimiz», «Pyragyň döreýşi», «Pyragyň pendi», «Heýkel» ýaly goşgularyny mysal şekilinde görkezmek mümkin. Şahyrlarymyzyň aglabasy öz döredýän eserlerine, köplenç, Magtymgulynyň setirlerini epigraf (şygyr badalgasy) hökmünde almagy däbe öwrüpdirler. Bu däp Magtymguly hakda goşgy ýa poema ýazan şahyrlarymyzyň köpüsinde görünýär. Mysal üçin, M. Seýidow epigraf edip Magtymgulynyň «Peder bize miras goýmuş bu derdi», «Watanymda han idim, Hanlara perman idim», «Jeýhun bilen bahry-Hazar arasy, Çöl üstünden öser ýeli türkmeniň», «Magtymgulyň ýüreginde bir ot bar, Her aşykda munuň kimin ot ýanmaz», «Magtymguly, seniň adyň, Bolsun indi, goý, Pyragy» kimin setirdir beýtlerini getirýär. Bu ýagdaý diňe bir Magtymgula bagyşlanyp ýörite ýazylýan goşgulara däl, eýsem, umumy durmuş bilen bagly ýazylýan goşgularda-da görünýär.

Birneme öňe gidip, bellenmeli bir ýagdaý bar: Magtymguly bilen baglanyşykly goşgularyň bir bölegi tankydy häsiýetli. Ý. Durdyýewiň «Sözi soňlan sorag», A. Annabaýewiň «Heýkel», B. Hudaýnazarowyň «Magtymgulynyň huzurynda», I. Nuryýewiň «Şirgazy medresesiniň öňünde» atly goşgulary şonuň ýalydyr. Şeýle-de bolsa, ol goşgularyň terbiýeçilik ähmiýeti uly, olarda Magtymgula goýulýan hormat göwnemakul ýüze çykarylýar.

Gara Seýitliýew, Kerim Gurbannepesow, B. Hudaýnazarow, Atamyrat Atabaýew ýaly il söýgüsini gazanan şahyrlarymyzyň bu temadan hemmetaraplaýyn kämil, biri-birinden şekili, žanr we çeperçiligi taýdan tapawutlanýan özboluşly şy-

gyrlar döredendiklerini ýörite bellemegi ýerlikli hasaplaýarys. G. Seýitliýewiň «Şahyrym» atly goşgusynda Pyragynyň tutuş türkmen halkynyň umydyna öwrülendigi, onuň her bir sözüniň dünýä malyna barabardygy ynandyryjylykly, çeper delillendirilip görkezilýär. Şahyryň «Daglar» diýen goşgusy geçen asyryň 60-njy ýyllarynda iň bir ajaýyp, iň bir täsirli goşgy bolup, şol döwür okyjylarynyň ýadynda galdy. Uniwersitetde okaýarkak talyp ýoldaşymyz, G. Seýitliýewiň obadaşy, şygryýetiň, aýdym-sazyň ölemen aşygy Ilmyrat Mämmedow ony geçirilýän edebi-medeni çärelerde daglar ýaly goýy-goňras, howaly sesi bilen labyzly okap berýärdi. Ondaky:

Ýüreklere ýürek sözün dolduran,
Dür söz bilen dünýä özün aldyran,
Dünýäniň aşygy dünýäden gitmez,
Dünýäň aşygyny dünýä unutmaz –

ýaly setirler mazmuny boýunça-da, okalyş aýratynlygy bilenem meniň-ä hakydamdan häli-bu güne çenli çykyp gidenok.

K. Gurbannepesowyň «Magtymgulynyň ýadygärligine», B. Hudaýnazarowyň «Gerkez obasy», «Pyragynyň portretine ştrihler», A. Atabaýewiň «Aşgabatda Magtymguly Pyragynyň ýadygärligi açylanda okalan goşgy» kimin şygyrlarynyň-da hakyky şahyrana ylhama ýugrulandygyny, bogun, intonasiýa, basym, ritm babatlarda ýerbe-ýerligi sebäpli okalanda-da, diňlenende-de ýakymly täsir galdyrýandygyny aýtmak gerek. K. Gurbannepesow:

Ýöne bir uly däl, juda uly sen,
Dag ogly, dag şiri Magtymguly sen.
Şonuň üçin saýlap daşlaň ulusyn,
Ýasadyk biz senden dagyň ýagşysyn –

diýse, B. Hudaýnazarow:

Gerkez asmanynda gözüme ildi
Ala-böle ýyldyz.
Bu niçik ahwal?
Bu jülgeden uçup giden şahyryň
Ýyldyza öwrülen bolmagam ahmal –

diýip ýazýar. Goşgynyň liriki gahrymany Gerkez obasynda durup synlaýan-da bolsa, onuň nazary asman giňişligine gönügipdir. Çünki ol ýerde aňyrsy-bärsi görünmeýän giňişlikde ala-böle bir ýyldyz – Magtymguly ak patrak ýaly bolup görünýär. Şahyr meňzetmesine simwolik many berip, onuň dünýä poeziýasynyň giňişligidigini ýaňzydýar. Asman, elbetde, täsin deňeşdirme. Emma Magtymgulyny Anteýe güýç berýän toprakdan – ýer üsti ýaşaýyşdan aýrybaşgalap hem bolanok. Şuny göz öňünde tutup, A. Atabaýew:

Beýik daglar senden kiçi görünýär,
Seni asmana-da deňläp bolmaýar –

diýip tekrarlaýar. Awtoryň pikirine görä, Magtymguly deňeşdirmelerden ýokarda durýar. Goşgularyň üçüsinde-de Magtymgulynyň beýikliginiň gürrüňi edilýär. Sebäbi onuň ady arşda, daglaryň depesinde, parlak ýyldyzlaryň arasynda.

Elbetde, Magtymguly temasyndan goşgy ýazmadyk zehin eýesi türkmen edebiýatynda tapylmasa gerek. Olaryň hemmesini hatda sanap geçmegem aňsat däl. Her niçik, sözümiziň deliline käbir mysallar getireliň: Ata Atajanow («Magtymgula»), Begmyrat Ussaýew («Elbrus»), Nowruz Gurbanmyradow («Pyragy bilen söhbet»), Alty Akmämmedow («Pyragydan tymsallar hem-de şu güne syýahat»), Ökdem Eminow («Magtymgula»), Geldi Bäşiýew («Gozly dagyndadyr», «Abatdyr iliň, Pyragy»), Gözel Şagulyýewa («Garaşmak», «Döwrüň geledir»), Giçgeldi Aşyrow («Magtymguly gezen ýerlerde»), Anna Gurtgeldiýew («Magtymgulyň güzeridir gü-

zerim», «Pyragynyň gözleginde», «Meňlini ýatlap», «Gerkez obasy»), Kakabaý Gurbanmyradow («Magtymguly gämisi»), Mämmetnazar Babanazarow («Magtymgula»), Allaýar Çüriýew («Okap Pyragynyň goşgularyny», «Pyragynyň obadaşy Meret aga bilen söhbet»), Kakajan Açylow («Bäşimiz»), Hudaýguly Allamyradow («Magtymgula») we başgalar. Şahyrlarymyz Magtymgulynyň şahsyýetine, döredijilik mirasyna öýkünmek, täsirlenmek, onuň adyny belende götermek, pikirlerini şu günki döwür bilen baglanyşdyrmak nukdaýnazardan dürli tarapdan garadylar. Biziň şu günki şygryýetimiz Magtymgulynyň döredijiligindäki ýaly žanrlara, şygyr şekillerine we görnüşlerine örän baý. Magtymguly, esasan, goşuk žanrynda (murapbagda) diýseň öndümli işläpdir. Emma ol täzelikçi, türkmen şygryýetine dokuzlama, onlama, onbirleme ýaly şekilleri-de ornaşdyrdy, özüne çenli diňe söýgi temasynda ýazylyp gelýän gazala jemgyýetçilik mazmun berdi. Ol muhammes, müseddes, muamma, elegiýa, tymsal ýaly žanrlarda hem şygyrlaryň ençemesini dünýä getirdi.

**Magtymguly Garagalpagystanda.** Magtymguly diňe bir türkmen edebiýatynyň başynda durmak bilen çäklenmän, ol käbir türki halklaryň edebiýatlaryna-da öz täsirini ýetirdi. Aýratyn-da, garagalpak edebiýatynyň kemala gelmeginde, kämilleşmeginde onuň hyzmatlary göze ilerliklidir. Muny onuň goşgulary bilen garagalpak nusgawylary Günhojanyň, Ajynyýazyň, Berdagyň goşgularyny deňeşdireniňde anyk görmek mümkin. Günhoja goşgularynyň tas ählisinde Magtymgulynyň adyny halal, takwa, terbiýe nusgasy hökmünde ýatlasa, Ajynyýaz köp şygyrlaryny Magtymgulynyň äheňinde, şoňa meňzedip döredipdir. Hatda ol Magtymgulynyň setirlerini, bentlerini olaryň asyl nusgalaryndaky ýaly üýtgetmän, öz eserleriniň arasyna goşup goýberipdir. Hatda ol hakdaky rowaýatlaryň birinde, onuň

«Magtymguly hemme zat hakda aýdyp gideni üçin, men özümden täze bir zat döredibem bilemok» diýip aýdandygy garagalpak edebiýatyny öwreniş ylmynda ýatlanylýar. Garagalpak topragynda geçen asyrda hem-de häzirki döwürde hem ýaşan we ýaşap gelýän şahyrlar Magtymgulyny özleriniň mugallymy, halypalary hasaplaýarlar. Biz munuň şeýledigini Öteşiň, Aýapbergen Musaýewiň, Abbaz Dabylowyň, Sadyk Nurumbetowyň, Nurmuhammet Ämetowyň, Tolybaý Kabulowyň, Ybraýym Ýusubowyň, Uzakbaý Pirjanowyň, Abylkasym Ötepbergenowyň Magtymgula bagyşlap ýazan şygyrlaryndan görüp bilýäris.

**Magtymguly Özbegistanda.** Magtymgulynyň ady Özbegistanda, aýratyn hem, Horezm welaýatynda has-da ýörgünlidir. Asly Samarkantly şahyr Yslam Nazar ogly şygyrlaryny Magtymgulynyň şygyrlaryna meňzedip döredipdir. Bagşy hökmünde onuň goşgularyna aýdymlar aýdypdyr. Özbegistanyň halk ýazyjysy Kamil Ýaşen «Röwşen we Zülhumar» dramasynda Magtymgulynyň goşgularyny gahrymanlarynyň «dili» bilen eseriň wakalaryna siňdiripdir. Ergeş Jumanbilbil oglunyň «Röwşen» poemasynda-da belli derejede Magtymgulynyň döredijiliginden peýdalanylypdyr. Enejan halfanyň ýerine ýetiren «Aşyk Mahmyt» dessanyndaky «Dogrusy» diýen gazalda gös-göni Magtymguludan täsirlenilendigi olary ýanba-ýan goýup okap göreniňde bada-bat göze ilýär:

Köp jepa çekdim ýoluňda, eý, nigärim, dogrusy,
Sen maňa kylsaň jepa, eý, jana-janym, dogrusy.

Ak ýüzüňde gara zülpüň, buluda meňzär eken,
Ýarym, görüp gül ýüzüňni, men bikararam, dogrusy.

Anaş halfadan.

Eý, peri, men aşygam saňa, diýerem dogrusy,
Görmeýinçe gül ýüzüňni, bikararam, dogrusy.

Eý, peri, zülpüň feri, walla, seniň deý huplara,
Aýdadyr Magtymguly, bes bişekärem, dogrusy.

Magtymguludan.

Özbek şahyrlaryndan Mirtemir «Magtymgulynyň toýunda özbek golçasy», Maksud Şyhzade «Magtymgula» («Daglar, heý»), Magtymguly şygyrlaryny özbek diline ilkinji bolup terjime eden Jumanyýaz Şarypow «Eý, Magtymguly», Özbegistanyň Gahrymany, Özbegistanyň halk şahyry Abdylla Oripow «Magtymguly», Muzaffar Ahmet «Magtymgulynyň», Gülüstan Mätýakubowa «Ýagşysyn», «Tapmaz sen», «Içinde» ýaly goşgularyny döretdiler. Olar özbek okyjylary tarapyndan gyzgyn garşylandy. Magtymgulynyň şygyr kitaplarynyň Özbegistanda ýygy-ýygydan neşir edilýändigi bu ülkede Magtymgulynyň şygyrlaryna bolan halk isleginiň derejesiniň ýokarydygyny aňladýar.

Öz wagtynda belarus şahyry Petrus Browkanyň, ýaňy-ýakynda bolsa garagalpak şahyry A. Ötepbergenowyň türkmeniň bu beýik ogluna bagyşlap ýazan epiki poemalaryny-da aýdylanlaryň üstüne goşmak gerek. Magtymgulynyň döredijiligi ençeme ýurtlaryň edebiýatyny öwrenijileriň-de ünsüni özüne çekip gelýär. Munuň şeýledigi Magtymgula bagyşlanylyp bizde geçirilýän halkara maslahatlaryna gelen materiallardan magat görünýär. Magtymguly bilen baglanyşykly özbek hem garagalpak edebiýatçylary K. Kurambaýewiň, Kyrkbaý Baýnyýazowyň, Patima Allambergenowanyň, Gülüstan Döwletowanyň, E. Açylowyň, H. Abdyllaýewiň, S. Mamajanowyň makalalarynda, kitaplarynda Magtymgulynyň döredijiligi ylmy taýdan seljerilýär.

Olar şol işlerinde Magtymgulyny hut öz ýurtlarynyň şahyry hökmünde häsiýetlendirýärler. Bu hakda hormatly Prezidentimiziň sözlerine salgylanyp aýtsak, «Onuň umumadamzat medeni-ruhy hazynasyna giren şygyrlary bu gün dünýä dilleriniň köpüsinde ýaňlanýar. Magtymguly Pyragynyň danalyga pürepür şahyrana eserleri türkmeni, türkmen poeziýasyny dünýä tanatdy».

Şeýle beýik şahsyýetiň – ylahy zehin eýesi tanymal Magtymgulynyň doglan gününiň 290 ýyllygyna bagyşlanyp neşir edilýän şu kitapda ýerleşdirilen goşgular-da ýokardaky aýdylanlary tassyklaýar. Emma bu entegem doly bolmadyk delilleriň diňe bir zolagydyr. Aslynda welin, onuň döredijiligi älemgoşar ýaly göz gamaşdyryjy öwüşginlidir, göwnüňi göterýän gülzarlyk ýalydyr, ynsan ýaşaýşyny onuň gowy taraplary we nogsanlyklary bilen birlikde öz bolşunda görkezýän aýnadyr, Magtymgulynyň poeziýasy düýnüň, şu günüň we ertiriň poeziýasydyr, türkmeniň milli filosofiýasydyr, könelmeýän we ýitip ýok bolmaýan milli baýlygydyr.

Ahmet Mämmedow,
*filologiýa ylymlarynyň doktory*

**Berdi KERBABAÝEW,**
*Türkmenistanyň halk ýazyjysy*

## Halypam

*(Gysgaldylyp alyndy)*

*Göwnüm islär gezsem dünýä-älemi –*
*Ganatym ýok, uça bilmen, neýläýin?!*
Magtymguly

Eý, halypam, ýüze çykdy arzuwyň,
Täzeledik köne-lagşan dünýäni.
Altyna gapladyk seniň her sözüň,
Milliona ser urýar kitabyň sany.

Her bir nesliň deňýär özün bir hana,
Topragyňy bezýär, gyşam ýazlarça.
Türkmenistan öwşün atýar jahana,
Zehinli şägirdiň bu gün ýüzlerçe.

Döwrüm maňa ganat berdi, uçýaryn,
Baryp bilýän göwnüm islän ýerine.
Beýik okeanlardan asan geçýärin,
Aýlanýan men ýer ýüzüniň baryna.

Gaýduwym ýok, her zat ýüregme düwsem,
Ülkäm maňa islän zadym eçilýär.
Aziýa, Afrika, Ýewropa barsam,
Hezzet-hormat bilen gujak açylýar.

Myhman boldum dünýäň dürli künjünde,
Gözel ülkäm deýin görmedim ülke.
Söýýän öz ülkämi şonuň üçin-de,
Adalatyň altyn köşgüdir, belkä.

Kerim **GURBANNEPESOW**,
*Türkmenistanyň halk ýazyjysy*

## Poeziýa baýramçylygynda okalan goşgy

Pyragyň gaşynda goşgy okamak –
Aňlaýanlar üçin iň agyr hormat.
Ol diňe hoşasyn çöplemeklik däl,
Erkek kişi kimin
Ekeniň ormak.

Pyragyň gaşynda goşgy okamak –
Ynsabyň gaşynda goşgy okamak.
Üm bilen, söz bilen aýdyp bolmajak
Hasabyň gaşynda goşgy okamak.

Pyragyň gaşynda şygyr sanamak –
Dünýäden utulyp,
utulman durmak.
Öz beýik atańdan
        has beýik bolmak,
Bakylyk gaşynda
        utanman durmak.

Pyragyň öňünde goşga synanmak –
Bir gyzyň ugrunda özüň köýdürmek.
Meňlini aldyryp,
        onsoň ol gyzy
Ýene gaýdyp alyp,
Dünýä söýdürmek.

Pyragyň gaşyna silkinip çykmak –
Iň görkli zada-da görk berip bilmek.
Bugdaýyň,
        keteniň öňki reňkine
Bagryňdan ýene-de
Reňk berip bilmek.

Pyragyň gaşynda seresap gerek,
Hökman däl elimiz göge götermek.
(Ýöne bir elimiz göteräýsek-de,
Hökmandyr
        birini Ýere ýetirmek)

Pyragyň gaşynda dymmagmyz gerek,
Söz berilse weli
        sözlemek ýagşy.
Ýöne her sözlenen pelsepä derek
Pyraga ýüz sapar gözlemek ýagşy.

Has pesde bolsa-da eginlerimiz,
Nazarna deň gelsin nazarlarymyz...
Bu gün goşgy diňläp,
        tirsegne galsyn
Halyllarmyz,
Gurbannazarlarymyz.

Pyragyň gaşynda akyl okamak –
Iň beýik nazara
        baryp okamak.
Hem-ä ol nazardan
        gorkman okamak,
Hemem sandyr-sandyr
        gorkup okamak.

Pyragyň öňünde setir okamak –
Üç güýjüň öňünde özüň synamak:
Ýyldyzyň başynda,
Dagyň döşünde,
Ak ýagşyň gaşynda
Goşgy okamak.

Pyragyň ýagyşdan bir tapawudy –
Ýagyş hemme goşga el çarpar durar,
Pyragy çarpmaz.
Pyragyň ýyldyzdan bir tapawudy –
Ýyldyz hemme goşga ýylgyrar durar,
Pyragy beýtmez.

Pyragyň daglardan bir tapawudy –
«Men!» diýip gygyrsaň, dag hem «men» diýer,
Pyragy diýmez.



2. Sargyt №350

## Daglar

Garrygala myhman barsaň,
Gujagyny geren daglar.
Soňudagy, Çendir, Hasar –
Müň hasraty gören daglar.

Kellesine ak don geýip,
Arkasyna gök don geýip,
«Salam!» diýsem «Salam!» diýip,
Jogabymy beren daglar.

Her kemeriň her bir ýoly
Müň asyryň ömür ýoly.
Magtymgulyň şygry ýaly,
Kökün ýere uran daglar.

Gatbar-gatbar daşyňyz bar,
Galkan-galkan döşüňiz bar,
Bilmen, nije ýaşyňyz bar,
Dünýe döräp duran daglar.

Daşyňyzdan aýlanaýyn,
Daşyňyzdan aýlanaýyn,
Başyňyzdan aýlanaýyn,
Pyragyny gören daglar.

Mämmet SEÝIDOW,
*Türkmenistanyň halk ýazyjysy*

## Eý, Pyragy

*«Magtymguly, seniň adyň
Bolsun indi, goý, Pyragy».*
Magtymguly

Magtymguly, seniň adyň
Bolsa bolsun, goý,
Pyragy.
Güni nurly, Aýy aýdyň –
Topragyňda goý, Pyragy.

Asyrlara salyp
sarsgyn,
Kükräp gelen beýik
paslyň,
Bahar paslyň ýazyp
waspyn,
Giň jahana ýaý, Pyragy.

Jennet boldy
Taňrygargan,
Howasy müň derde
derman.
Barmy sende ýene arman,
Aýt, barmy, heý,
Pyragy.

Gül içinden çykan maral
Gül uzadýar, şahyr, bar,
al.
Bahry, Hazar, Jeýhun,
Aral
Aby köwser deý, Pyragy.

Gaýna-da joş ylham
deňzi,
Boz marala meňzäp
meňzi,
Messan basyp gelýär
Meňli,
Söýer bolsaň söý,
Pyragy.

Şygyrlarňa baha kesseň,
Her bendiň bir dünýä
des-deň,
Şägirt bolup togap etsem,
Togap etsem, eý, Pyragy!

**Gara SEÝITLIÝEW,**
*Türkmenistanyň halk ýazyjysy*

## Şahyrym

Meňli gyzyň menek-menek halyny
Çykarmadyň, Magtymguly, ýadyňdan.
Ýazaňda söýgüliň şum ykbalyny,
Kagyzlar tutaşdy ýürek odundan.

Pelek tumşugyny asmana dikip,
Geçdi seniň ýüregiňe dag çekip.
Sen nala çekeňde daglara bakyp,
Daglar paralandy seň perýadyňdan.

Gam badasyn noş edeňde armanly,
Pelek bir bakmady eli dermanly,
Zamana zalymdy goly permanly,
Çaknyşsaň-da, çagşamady badyňdan.

Ýandyň sen garyplaň agyr halyna,
Ýandyň iliň-günüň kör ahwalyna,
Her sözüň deň tutup dünýä malyna,
Il umyt gözledi seniň adyňdan.

Şahyrym, sen dünýäň bir akyldary,
Dünýämiz dürdäne söz hyrydary,
Görsediň Watanda bu gün gülzary,
Dörärdi dessanlar göwün şadyňdan.

Çagyr, gelsin Meňli gyz hem messana,
Etregiň boýuna çykyň seýrana,
Guwanyň gül açan Türkmenistana,
Gaýgy-gamlar çykyp gitsin ýadyňdan,
Setirlem söz açsyn seň şöhratyňdan.

Berdinazar HUDAÝNAZAROW,
*Türkmenistanyň halk ýazyjysy*

## Magtymgulynyň edebi obrazyna käbir bellikler

Onuň kimdigini görjek bolsaňyz,
Okaberiň ähli ýazanlaryny:
Kanuna öwrülen setirlerini,
Kasama öwrülen gazallaryny.

Kimdigin çen etmek nämä gerekmiş,
Ýüregini açyp durka beýitler.
Egri gylyç ýa-da dogry söz bilen
Ýazypdyrlar öz ömrüni beýikler.

Zergär diýiň,
Aşyk diýiň – garşy däl,
Ýöne şahyr onuň iň belent çini.
Şeýdip, iki äpet çykýar söweşe:
Halkyň Pyragysy, Yslamyň dini.

Ýok, asla ateist däldi Pyragy,
Oňa beýle diýmek bolardy ýalan.
Ol baha keserdi durmuşa, diňe
Adamkärçiligiň kanuny bilen.

Şeýdip agzy ak köpükli zulmatyň
Galkdy garşysyna Parasat-Pähim.
Jepaly topraga beýle är ogul
Ylla ynsan kimin möhümdi, möhüm!

Arzuwlary, oý-pikiri şahyryň
Asman ýaly giňdi. Dünýe bolsa dar.
Daş dek döwri bilmese-de ýumşadyp,
Oňa diş urupdy beýik pähimdar.

## Gerkez obasy

Gün Soňudagynyň gerşini sypap,
Aňyrlygna bakyp sallandy gitdi.
Garaňky gatlyşyp barýan çagynda
Ak maşyn gadymy Gerkeze ýetdi.

Jülgäniň düýbünde otyr bu oba,
Ýyldyz boýly daglar – daşynda haýat.
Men Gerkezi görmän şu ýaşa çenli,
Öz-özüme edipdirin hyýanat.

Ýürege meňzeýär Gerkez obasy,
Daşyndaky daglar – gerilgi ganat.
Pyragy dyrmaşyp çykmandyr daga,
Ol uçupdyr
Muny duýdum şu halat.

Bu oba başga-da bir zada meňzeş:
Gerkez ýada salýar Kosmodromy.
Daglar emaý bilen yza serpilip,
Ortasyndan göterlendir Pyragy!

Jülgäniň düýbünde çyralar ýanýar,
Giň köçäniň ugry ýyldyrda-ýyldyr.
Bu mahal daglaryň dik depesinde
Lowurdap göründi ilkinji ýyldyz.

Gerkez asmanynda gözüme ildi
Ala-böle ýyldyz. Bu niçik ahwal?!
Bu jülgeden uçup giden Şahyryň
Ýyldyza öwrülen bolmagy ahmal.

Ynanmak aňsat däl. Ynanmazlyk kyn.
Hemme zat mümkin!
Onuň ömri baýaky bir ömürden
Rowaýata has ýakyn!

Bir tarapda howalanýar Soňudag,
Başga bir tarapda Sünt bilen Hasar.
Parahat dem alýar Gerkez obasy,
Ne-hä bir «ah-wah» bar, ne-de ýurtbasar.

## Magtymguly

Näçe uzaklardan görenem bolsaň,
Bu günlere gözüň ýetäýdimikän? –
Zada haýran galynmaýan asyrda
Saňa haýran galýar goşgyňy okan.

Beýik diýseň beýikdenem ýokarda,
Danadanam on esseräk dana sen.
Öz soragyň bilen sorag bereýin:
Aýt, bu zatlardan başga näme sen?

Iki ýarym asyr ýaşan halyňa,
Şeýle döwrebap sen, ter sen, täze sen.
Garaňky geçmişiň parlak ýyldyzy,
Zeminmiň sen, asmanmyň sen, näme sen?

Entäk-entäklerem soňuna çenli
Okalmadyk parasatly nama sen.
Muny bilýäs, hawa, muny bilýäris,
Ýöne mundan başga ýene näme sen?

Öz diline eýe eden Ezizim,
Seni okap duýdum sözüň güýjüni.
Hasar bilen Sünt dagynyň üstünde
Görüpsiň sen dünýäniň dört künjüni –

Goşgularyň gudratyna meýmiräp,
Şeýleräjik bolandygna ynanýan.
Agyr günde seni arka edinsem,
Aljyramda ýene saňa daýanýan.

Dag-u-deryalary dogran tebigat,
Sag bol, Pyragyny bagyşlanyňa.
Sag bol, şeýdip, bu gadymy topragy,
Bu buýsançly halky alkyşlanyňa!

Ata ATAJANOW
*Türkmenistanyň halk ýazyjysy*

## Magtymguly

*Magtymguly, seniň ýazan dessanyň*
*Dilden-dile geçer, gymmaty gaçmaz.*

Magtymguly

– Halkyň öçmez çyragy,
Beýik ussat Pyragy,
Gör, neneň guwanardyň,
Gören bolsaň bu çagy! –

Diýip, hyýal guşum uçuryp göge,
Baramda çynarly, saýaly baga,
Ýene elimdedi onuň kitaby,
Gana-gana okaýardym her baby.
Açyldykça galyň kitabyň gaty,
Goçak halypanyň sada suraty

Setirleriň arasyndan bakýardy,
Nazarynda mähir-muhabbet bardy.
Ýene hyýalymda janlanýardy ol,
Meniň bilen gepleşýärdi bu mahal.

– Sowalym bar, ýigit, saňa:
Bir zada akylym haýran.
Sözle, köşek, diý sen maňa,
Bu geň syry etgil aýan.

Meniň ýaşadygym zaman
Dagdan bosup gelen duşman

Gökleňi gyrgyna salyp,
Gözel ilim etdi weýran.

Dagdan bosup gelen duşman
Azabymy edip reýgan,
Sowurdy, ýele sowurdy,
Ýüregime hanjar urdy,
Etdi halymy perişan.

Barça goşgularmy meniň
Atypdy Gürgen çaýyna.
Güýçli silleri Gürgeniň
Gatypdy läbik laýyna.

Akdy gitdi goşgy-dessan,
Galar öýütmändim nyşan.
Şum rakyplaryň elinden
Ýuwutdym gan, ýuwutdym gan,
Gan ýuwutdym, çekdim pygan.

Galmandy golumda çäre,
Hazan urup, soldy bossan,
Haýp, gitdi goşgy-dessan.
Bagrym dilip para-para,
Ýüregime bitmez ýara
Goýup gitdi goşgy-dessan.

Sözle, köşek, sözle maňa,
Gaýyp bolan goşgym saňa
Nirelerden, nädip düşdi?
Gör, niçe müçeler geçdi!
Haýran galdym, haýran muňa.

Gör, ne gözel, gör, ne ajap
Bu kaşaň sahaply kitap.
Zere nepis bezelipdir,
Gyzyl suwy çaýylyp sap,
Meniň adym ýazylypdyr,
Ýazylypdyr hormata bap.
Sözle, köşek, et habardar,
Bu zatlaryň ne syry bar? –

Diýip, Magtymguly göwnüme meniň
Ýene gadyrdana soraýan ýaly.
Aşygy men onuň her setiriniň,
Her setiri halkyň arzuw-hyýaly...
Ýene kitap sahypasyn agdarýan,
Çynar saýasyndan söýünçli barýan.

Ussadymyz Magtymguly,
Uludyr şöhratyň, uly!
Diňe bir kümüşçi ussa däldiň,
Sen asylly, uly ýüregiň bilen
Hak sözlerden göwher ýasan zergärdiň,
Dertlilere derman agtaran ärdiň.
Özüniň adyny ýazyp bilmedik,
Çaphanasy, elipbiýsi bolmadyk,
Aýy-güni taýak kertip hasaplan,
Tüneksiz-tüýnüksiz ömrüni saplan,
Azatlyk aşygy gumly çarwalar
Dana sözleriňi gaýtalap olar,
Illerden illere,
Ýyldan ýyllara,
Dillerden dillere,
Gülden güllere

Belent aýdym edip, alyp gelipdir,
Ýüregine gaýym salyp gelipdir...

Baky azat bolan bagtly halkyň
Seni belent mertebäňe ýetirdi.
Sapaly, şadyýan wagtly halkyň
Suratyň halyda görke getirdi.
Genji-göwher sözli mirasyň toplap,
Okaýas, okaýas altyna gaplap.
Illerden illere,
Dilden dillere,
Ýyllardan ýyllara,
Gülden güllere
Ýaýraýarsyň, çeper sözüň çyragy,
Beýik halypamyz, eziz Pyragy.

Ýene kitap sahypasyn agdarýan,
Pöwrize çaýynyň boýundan barýan.
Ýene hyýal guşum uçurýan göge,
Seslenýän seýil edip sapaly baga:

– Halkyň öçmez çyragy!
Beýik ussat Pyragy,
Gör, neneň guwanardyň
Gören bolsaň bu çagy.

1956.

Gurbannazar EZIZOW,
*Türkmenistanyň halk ýazyjysy*

## Magtymguly

*Bäş ýylda bir kitap eden işimiz,*
*Gyzylbaşlar gelip weýran eýledi.*

Magtymguly

Etrek etrapyna çozan duşmanyň
Içinden tapylyp akylly nöker,
Şahyryň bäş ýylda ýazan diwanyn
Ýüzbaşydan gizlän bolaýsa eger,

Eger olja oňup, dolanyp öýe,
Nöker hat ýollaýsa külli türkmene:
«Men, adamlar, täsin kitaba eýe,
Äkidiň dözseňiz şunça kyrk müňe...»

Şonda kyrk müň iner kerweni döräp,
Ileri tarapa öwirdi ýüzün.
Kyrk müň gyr at uçgun kimin syçrap,
Sarsdyrdy Turanyň al-elwan düzün.

Jeýhun bilen bahry-Hazar arasy,
Ähli baýlygyny kyrk müňe jemläp,
Şol oňat nökeriň diýen parasyn
Işigniň öňüne dökerdi – emläk.

Deregne baý bordy kyrk esse beter,
Güýjünden kyrk esse gaçardy betpäl.
Türkmen hiç duşmandan etmezdi heder,
Hyrçyny dişlärdi ahmyrly Fetdah.



3. Sargyt №350

Onsoň ýerden galkyp ähli Çingiz han,
Sürübersin türkmen üste ordasyn.
Şeýlebir oýuny görerdi duşman, –
Çingiz han nirdesiň,
Orda nirdesiň?!

## Pikir derýasynda akyl gämisi....

### I

Şeýle bolmalydy,
Şeýle-de boldy:
Ençeme ýyl örklenip merkeze,
Ahyrsoňy üstün çykyp özümden,
Geldim şol arzyly seniň Gerkeze.

Şol uly şäheriň dymyk gijesi
Okamda şygryňy daň sazyna çen,
Bagyşla, Pyragy, bilýän diýse-de,
Şägirt halypasyn bilmeýän eken.

Seniň ömrüň, seniň döwrüň barada
Mäti Kösäýewiň bildini çeken
şägirdiň iň belent baha alsa-da,
Beýik halypasyn bilmeýän eken.

Soň, durmuşyň uly-uly ýolunda
Azaşyp, gijeler gyzyl ot ýakan,
Içinden ot geçen hem sowuk geçen
Şägirt halypasyn bilmeýän eken.

Bu gün şaglawuklaň älemgoşary,
Daş içinde ýol ýitiren bulaklar,
Döşlerde nur saçýan elwan gülýaka,
Zer gaş bilezikli babyrbilekler,

Aýyň düşýän ýeri täsin Aýdere,
Dag daşlary, hatda dagyň şemaly,

Seniň her setirňe, her bir bendiňe
Bir baky dikilen heýkel mysaly.

Bar geçen günümi bermen bu güne,
Çünki şu gün her setiriň, her bendiň,
Ykbalyň, begenjiň, gynanjyň, söýgiň,
Umuman, seň özüň has ýakyn bolduň.

Bu täsin daglaryň, täsin görnüşiň
Duýgudyr aňynda suratyn çeken
Pyragy, sen ýaly merdana ärde
Şahyr bolmazlyga çäre ýok eken.

**II**

Gel, oturyp dünýe hakda sözläli,
Ýakyn edip ara düşen yragy.
Rastym aýtsam, jedelleşmek meýlim ýok,
Men nire, sen nire, eziz Pyragy?!

Döwür elmydama üýtgär-de durar,
Bu gün düýne gider. Düýnüň hiç gelmez.
Ýeke bir hak dostuň bitiren işi
Munda bir ýoldaşyň golundan gelmez.

Seniň döwrüň, özüň bilýäň, agyrdy,
Emma şeýle bölüşdiler bu derdi:
Kiçi ýürek onuň kiçi bölegin,
Uly ýürek ulusyny göterdi.

Namart gülýär mert kişiniň halyna,
Dünýede şer işiň bolany üçin.

Ejiz ýürek bilen ýaşasa bolar,
Uly ýürek bilen ýaşamak ne kyn.

Ýagşylyk, ýamanlyk elmydam birdir,
Kimse haýryň zary, kim şeriň zary.
Bu gün ýamanlygyň bolany üçin,
Ýetýär adam başa bäş batman däri.

Her adam başyna bäş batman ölüm!
Her adam başyna bäş batman däri!
Bir başa bir ölüm ýeterlik bize,
Bir başa bäş batman!
Artygrak dälmi?

Adam ähli söýüp, urşup, ýigrenip,
Gör-bak,
 Näçe ýüz müň menziller geçdi.
Ähli döwürleriň haýyr, şer işi
Maňzy,
Asly,
Durky bilen meňzeşdir.

Dünýede şer işiň bolany üçin,
Ähli döwürleriň geni nesili,
Ýanyp ýaşaýarlar ahyr içmäge
Salýeriň awuly pyýalasyny.

Adamyň zehini beýik bolanda,
Bahyllar üstüne labyryn atar.
Ýöne akyllaryň ýogalan güni,
Hatda şol milletem başyny tutar.

Kimse çykar uzak-uzak ýollara,
Şatlyk buşlap, gapylary kakmaga.
Kimse çykar şol buşlukçyň öňünden
Onuň tigirine taýak sokmaga.

Şeýdip, çüýrük merduwana çykarlar,
Köňüllerin bir pasyljyk şat edip.
Han-begler,
Şazada,
Şalar ölýärler,
Halk aglaýar şahyryny ýat edip.

Çünki hak şahyrlar iliň namysy,
Agysyna aglap, gülse gülýärler.
Il-günüň hasratyn ýüregne çekip,
Soňra ýürek agyrsyndan ölýärler.

## III

Begenjegňem, gynanjagňam bileňok,
Gök çaýyň başynda aýdyp ýomaklar,
Erte ony goşga salyp getirýän
Juda köpelipdir şahyrsumaklar.

Gynanýarsyň seniň beýik käriňi
Ýaňky tetellileň harlany üçin.
Biraz begenýärsiň: «Eý, garaz, näme,
Olardan okyj-a çykmagy mümkin...»

Olar elmydama ýaşar ýörerler,
Bulap ownuk adamlaryň hyýalyn.
Haçan? Haçan ýiter şahyrsumaklar
Mamontlaň dünýäde ýitişi ýaly.

Asmanyň bezegi, ganaty – bürgüt,
Daglaryň bezegi peleňdir-şirdir.
Şahyr bolmaz ulus-ili güýmänler,
Adamlary özgerdýänler şahyrdyr.

Ýygnaklara, maslahata bararsyň,
Dilewarlar bardyr ökdeden ökde,
Işlerin okarlar: «Beýik şahyryň
Şygrynda ters otur hem nokat hakda».

Sen ýylgyrsyň, biraz dere batarsyň,
Çümersiň bir hili düşnüksiz duýga.
Her hal, Magtymguly tersoturlardan,
Çyzykdan, nokatdan biraz beýig-ä...

Ýygnaklaň birinde gazaba münüp,
Kärdeşini ýersiz urýan bir bikär
Öýe gelip, çagalarna (eý, aman!)
Bikär hakda ýazan goşgyňy okar.

Onuň müýni ýokdur. Gara çynydyr, –
Özüniň pesligne, galplygna bakman,
Peslik, galplyk hakda goşgularyňdan
Yhlas bile mysal getirer hökman.

Her döwüriň öz dessury, däbi bar,
Ýöne mahal-mahal çenden çykyp has,
Biziň özümizi gözelleşdirýän
Tebigatyň gözelligni unudýas.

Seniň wasp etdigiň gözel bedewler
Bu gün ýataklarda çekýärler zary.

...Oba hojalykda ähmiýeti ýok,
Nämemiş, garnynda ýokmuş motory.

Olar bolsa goç ýigidi göterip,
Şemala, boz sähra, ýaýlaga sary,
Gözellige sary gitmek isleýär,
Bürgütleň asmana galşy mysaly.

Ylym barýar ýyldyzlaryň deňine,
Şäherlerem Aýa başyn baglaýar.
Ýöne ýerden, gülden dörän adamzat
Sähra bolup, güli ogşap, aglaýar...

Aeroporty bilen güňlesin şäher,
Aeroportam öz sesine guwansyn!
Ýöne tebigylyk, sadalyk mydam
Adamynyň on iki süňňünde galsyn.

...Kä sada adamlar jedelleşýärler:
«Şygrynyň muzduny bermeseň eger,
Her ýüz on müň adamynyň başyna
Bir şahyr ýeter ýa ýetmezdi, meger».

Sadalygy bilen dogry bu pikir,
Çünki iş tapmasa pensiýa çykan,
Öz uzak ömrüniň ýyl ýazgysyny
Gyzyllap iberýär redaksiýa bakan.

Hany, onsoň dur bakaly öňünde,
Goşgyň gowşak diýip ýazarsyň jogap.
Jogaba jogap ger: «Nähili beýle...
Çynym bilen ýazdym, meň ýüregim sap!»

We şuňa meňzeşler, ýene ş. m.-ler...
Emma şygryýetde saplykdan başga,
Tebigat başga bir gudrat bermeli,
Bilbil bogazyny berşi deý bagşa.

**IV**

Iňrik çökdi Aýderäniň üstüne,
Dag başynda ot alypdyr bulutlar.
Seniň gözüň, demiň düşen jülgeler,
Bahar meýlisinde serhoş bolupdyr.

Mahal-mahal uzyn gije dümtünip,
Ahyr ýetenimde halasgär daňa,
Eý, Pyragy, saňa sorag berýärin:
«Senden daşlaşýanmy? Barýanmy saňa?»

Gep bu ýerde rifma, bogunda-da däl,
(Ýogsa, düýn ýüregin, beýnisin ezip,
Täze-täze rifma gözlän-de bolsa,
Bu gün sadaň gözleginde Ezizow!

Gep süýji owazda, akymda-da däl,
Her kim dowam edýär saýlan ýoluny.
Ýok, başga ulurak bir mesele bar:
Söýýänmi
Söýşüň dek türkmen ilini?

Onuň ýaýlag bürän sähralaryny,
Daglarynda jerenleriň balasyn,
Giýewçilemäge haçan ger diýip,
Çuwalgyzlaň kakýan süýji lälesin,

Isgenderiň düýşüne-de girmedik
Içi bereketli binalaryny,
Bir ajap sözlemiň ýüzlenmesi dek
Howaly-howaly minaralarny...

Ýazgar meni, şu zatlary söýmesem,
Söýmedigim – harladygym käriňi.
Öz ilini söýüp bilmedik kişi
Söýebilmez materikleň baryny.

**V**

Enäni söýmedik ýurduny söýmez,
Ýurduny söýmedik jahany söýmez,
Jahany söýmedik özüni söýmez.

Italmaz NURYÝEW
*Türkmenistanyň halk ýazyjysy*

## Şirgazy medresesiniň öňünde

Howalasy belent gadymy Hywaň
Bulda gol uzadýar gözellikleri.
Arman, egnin gysyp otyr Pyragyň
Mekan eýläp, üç ýyl duz iýen ýeri.

Daýym undulmajak bosagasynyň
Kerpijin goparyp zyňypdyr gör, kim?
Tylla gapysyndan galmandyr derek,
Ýyllaryň şemaly bozupdyr görkün.

Haýpym gelýär,
Dodagymy dişleýän,
Günäkär dek bu zatlaryň baryna.
Soňam aklyň gämisini sürýärin
Hyýal deryasynyň o kenaryna.

O kenary bolsa şar gara bulut
Büräpdir, ýene-de duman sürünýär.
Dumanyň içinde beýik Pyragyň
hem Nury Kazymyň keşbi görünýär.

Olaryň nazary öwrülýär dürbä,
Synlaýar tolkundan ýasalan ýoly.
– Gör, ajap eýýamdan bir adam gelýär!
– Sorarys, niçikkä Şirgazyň haly?

Bu gürrüň ýüregme tyg bolup çümýär,
Bu gürrüň gozgalaň salýar serime.
Gämini yzyna sowýan-da gaçýan,
Olaň huzuryna barmaň ýerine.

Tolkunlar yzymdan ylgaýar meniň,
Gülüp, gyjalatly aýdymyn aýdyp.
...Onýança depämden bir kesek gaçýar,
Hyýal derýasyndan çykýaryn şeýdip.

Ýene öňümde dur gadymy Hywa...
Synlap daşyn gurşan gözellikleri,
Janköýer hossara garaşyp otyr
Pyragyň üç ýyllap duz iýen ýeri.

**Ýylgaý DURDYÝEW,**
*Türkmenistanyň halk ýazyjysy*

## Kyblam Pyragy

Ýaka tutup sygynaýyn bir saňa,
Pygamber syratly babam, Pyragy.
Ylhamyňdan birje owurt bersene,
Synyňdan tutaýyn, käbäm, Pyragy.

Dogulsaň-da şu topragyň üstünde,
Pelek gezdi  mydam seniň kastyňda,
Kiçeldiň, çeýneldiň azyň astynda,
Daglary ýandyrar nalaň, Pyragy.

Aýjemalyň suwun, içmişem gana,
Gyzylbaýyr kimi salmaz heýjana,
Ýagşylyga üýtgäp barýar zamana,
Ýazlaga çykandyr obam, Pyragy.

Abasarda doldy şahyr peýmany,
Atyldy çarýana akyl peýkamy,
Diwanyň saýyldy şygyr Gurhany,
Yhlasym, höwesim, namam, Pyragy.

Degirmeniň ak daşynyň dişi sen,
Süleýmanyň ýüzüginiň gaşy sen,
Käbäň çokunylýan gara daşy sen,
Ýüzüme sylaýyn, kyblam, Pyragy.

Meňli gyz gyzlaryň perisi ýaly,
Gürgeniň sonarly deresi ýaly,
Her şygryň Gurhanyň süresi ýaly,
Saňa sežde edýär balaň, Pyragy.

## Zyýaratyň kabul bolsun

Bu güne-de düşjek eken gözümiz,
«Zyýaratyň kabul bolsun!» diýdiňiz.
Eý, Taňrym, gör, näme gördi gözümiz,
«Zyýaratyň kabul bolsun!» diýdiňiz.

Pyragyň gubruna düşdi nazarym,
Adam munda tolkuny dek Hazaryň,
Bu syrat köprüsi – ynsap güzeriň,
«Zyýaratyň kabul bolsun!» diýdiňiz.

Bu ýürek urunyp kän berdi azar,
Ah, dünýäm, geçmişe aýlagyn nazar,
Türkmenleriň tugy bu goşa mazar,
«Zyýaratyň kabul bolsun!» diýdiňiz.

Goýun-guzy ýaly sataşdy janlar,
Didara intizar aýry ýaşanlar,
Uzyn donly, ak sakgally işanlar,
«Zyýaratyň kabul bolsun!» diýdiňiz.

Ýüzüňizi saba ýeli ýelpesin,
Bizi sylanlary Hudaý ýalkasyn,
Garyndaşlar, hemmä Taňryýalkasyn,
«Zyýaratyň kabul bolsun!» diýdiňiz.

**Gözel ŞAGULYEWA,**
*Türkmenistanyň halk ýazyjysy,*
*Magtymguly adyndaky Halkara baýragynyň eýesi*

## Gelendir

*Çoh garaşdym, ajap eýýam gelmedi.*
Magtymguly

Çoh garaşdyň,
aç gözüňni,
Ajap eýýam gelendir.
Şahyr bolsaň, aýt sözüňni,
Dilge şirwan gelendir.

Gülüp bakan ülkä seret,
Al-reýhan gelendir.
Düzler düzüw, daglar belent,
Bagy-bossan gelendir.

Toý-tomaşa ojagynda,
Dünýä seýran gelendir.
Guş-gumrular gujagynda,
Köşki-eýwan gelendir.

Asal bally baglar Erem,
Akarga jan gelendir.
Il başyna döwlet beren,
Bir Mähriban gelendir.

Arkadagly zaman bolup,
Şöhrata şan gelendir.

Bir üýtgeşik döwran bolup,
Özi birýan gelendir.

Kär senedi bakylykda,
Şygra dowam gelendir.
Dur Pyragym,
                    ýola çyk-da,
Ömre rowan gelendir.

## Pyragym

Ynha, seniň Bagtyýarlyk zamanaň,
Aýla nazaryňy, seret, Pyragym!
Ömürboý arzuwy, soragy namaň,
Durlanan dünýäňe seýil et, Pyragym!

Asmanym arassa, howalar hoştap,
Söz ýazýan, saz ýazýan göwnümi hoşlap,
Hupbatly ýoluňa ömri bagyşlap,
Gelsin diýdim senden medet, Pyragym!

Diýendir täleýim bagta ätlegil,
Azap sorar, azabyndan gätmegil,
Şygyr näme,
bilýän däldir öýtmegil,
Senden gelen inçe senet, Pyragym!

Eýýam waspyn eýläp döwet almyşam,
Ýeňişli günleri dünýä ýaýmyşam,
Haka aýan,
bolşy ýaly ýazmyşam,
Ýurduň gujagy jennet, Pyragym!

Gadyr goýan döwür çykmaz ýadyňdan,
Büs-bütinleý şygyr azat dadyndan.
Hem seniň adyňdan,
hem öz adymdan,
Arkadag Zürýada rehnet, Pyragym!



4. Sargyt №350

## Geldim, huzuryňa geldim!

(Magtymguly Pyraga)

Alnynda men äpet dagyň,
Aldy,
gitdi giň meýdanyň.
Kalbymda heser-heýjanym,
Geldim,
huzuryňa geldim.

Ykbalda ýok däl birligim,
Höweslileň biriligim.
Penaň ýetse,
diriligim,
Geldim,
huzuryňa geldim.

Doldum erteki deý döwre,
Ganatyn baglady göwne,
Berilen paý deňdir ömre,
Geldim,
huzuryňa geldim.

Pyragym,
ýalnyň ýalkymdyr,
Bu gün şat bolan halkyňdyr.
Joşgunyňdan ber,
galkyndyr,
Geldim,
huzuryňa geldim.

Bilmen düýşmi, huşlugyny,
Bilýän,
diňe hoşlugymy.
Eşitseň, kän-kän buşlugymy,
Geldim,
huzuryňa geldim.

Galkdyk Berkararly daňa,
Bagtyň jaňyn kakan ýaňa.
Arzuw eýlän döwrüň saňa,
Geldim,
huzuryňa geldim.

Arkadagyňdan ösüşler,
Özgerişler – bu öwsüşler.
Belendinde beýgelişler,
Geldim,
huzuryňa geldim.

Döwür uly,
eýýam belent,
Waspa ýetmez ýüz däl, müň bent,
Ber kömegi,
Ussadym, ýet,
Geldim,
huzuryňa geldim.

Özi şahyr,
Özi dana,
Diňle heňin ine-gana,
Ykballar duşdy Merdana,
Geldim,
huzuryňa geldim.

Döwür uçdy,
uçup ýörüs,
Gülleň agyn guçup ýörüs,
Bagt gapysyn açyp ýörüs,
Geldim,
huzuryňa geldim.

Günler datly bagy bilen,
Eşret-ajap çagy bilen,
Öňe, Arkadagy bilen,
Geldim,
huzuryňa geldim.

Diňledeýin owazymy,
Bergil maňa rowanyňy.
Watanyň ter howasyny,
Geldim,
huzuryňa geldim.

Ak gül ýoldum goýry bagdan,
Döşümdedir gaşly dagdan,
Ýalkanansyň Arkadagdan,
Geldim,
huzuryňa geldim

## Garaşmak

(Magtymguly Pyraga)

Sen garaşdyň,
kän garaşdyň,
Eşretli zamanyňa.
Dünýä bilen habarlaşdyň,
Agramy saldyň janyňa.

Ussadym, umydy üzmän,
Garaşdym,
menem sençeräk.
Şygrym derýasynda ýüzmän,
Tolkunlary eňdi eläp.

Bilseň, penjiresiz jaýda
Sakladym ýüzlerin ýapyp.
Arkadagly ýagty aýda
Bezendiler şaýyn dakyp.

Halas,
aman galdy ýürek,
Bahanam kän eňremäge...
Beýik Arkadagyň gerek
Baryny bar eýlemäge.

Hakykat Ol,
adalat Ol,
Iliň bagtyna dogulan

Gujur,
gaýrat,
bil, ganat – Ol
Çüwen ykbala sowulan.

Uludan toýuň toýlaýar,
Çagyryp myhman känisin.
Atda ýigitler oýnaýar,
Uz gyzlar kakýar lälesin.

Berkararly günleriň bu,
Garaşanňa degdi döwür.
Synlagyl ak gülleriňi,
Ynha şygyr,
ynha ömür.

Synla, toýda deň-duşuňy,
Ýollarmyza rowan diläp.
Ýüze syl Döwlet Guşuňy,
Dowamata dowam diläp.

## Döwrüň geledir

*Diýdi: «Dünýäň ýelidir»*
Magtymguly

Diýdiň: «Kändir soragym». Diýdi: «Eýle, tagapyl».
Diýdiň: «Hakdan goragym». Diýdi: «Bolýaňmy nadyl».
Diýdiň: «Ildir dolagym». Diýdi: «Başyňda akyl».
Diýdiň: «Sünbül oraryn». Diýdi: «Her sözüň nakyl».
Diýdiň: «Däli diwana».
Diýdi: «Janyň o jana».
Diýdiň ki: «Ne karardyr?» Diýdi: «Ýokary bizden».

Diýdiň: «Gaýnaýar jahan». Diýdi: «Goýny harasat».
Diýdiň: «Gülmezmi bahar?». Diýdi: «Hany parasat».
Diýdiň: «Sagdyn bu nahal». Diýdi: «Gaýrat ol ganat».
Diýdiň: «Şirin owaza»
Diýdi: «Ýollar rowana»,
Diýdiň: «Tümlügi nedir?» Diýdi: «Soragyl tizden».

Diýdiň: «Bu beýik jaýlar». Diýdi: «Şuglaly ertäň».
Diýdiň: «Ýalkym ýaýylar». Diýdi: «Ýanmaly peltäň».
Diýdiň: «Dişler ýylgyrar». Diýdi: «Düzüw niýet-päl».
Diýdiň: «Ýyllar ýylanar». Diýdi: «Özgeriş mäkäm».
Diýdiň: «Umyt baglaýyp».
Diýdi: «Bakýaň halaýyp».
Diýdiň: «Kuýaş dogarmy?» Diýdi: «Mähir-meňizden».

Diýdiň: «Bardyr näzli ýar». Diýdi: «Zülpi taryňdyr».
Diýdiň: «Erkinde bary». Diýdi: «Biribaryňdyr».
Diýdiň: «O Howandary». Diýdi: «Arkadagyňdyr».
Diýdiň: «Gitdi jigerler». Diýdi: «Ýollar aňrydyr».
Diýdiň: «Belki, gelerler».

Diýdi: «Kalby ezerler».
Diýdiň: «Ýüzlerde tuwak». Diýdi: «Ol zenden-gyzdan».

Diýdiň: «Pyragy adym». Diýdi: «Ismiňde dadyň».
Diýdiň: «Kändir perýadym». Diýdi: «Jöwherdir ýadyň».
Diýdiň: «Ýok däl «ýyndamlar». Diýdi: «Ötgür perýadyň».
Diýdiň: «Yhlas-ynamlar». Diýdi: «Berkden Binýadyň».
Diýdiň: «Ömür güledir».
Diýdi: «Döwrüň geledir».
Diýdiň: «Bar eken gymmat» Diýdi: « Gadyr Ezizden!»

Orazguly ANNAÝEW,
*Türkmenistanyň halk ýazyjysy*

## Pyragy – 290 ýyl

Döwrümiz bagtyýar, döwlet berkarar,
Ýubileý hakynda meselä garap,
Arkadagym berdi ajaýyp karar –
Köňüllerde soltan bolan Pyragy.

Bu gün adyň çykdy Watan çygryndan,
Dünýä kuwwat alýar seniň şygryňdan,
Seň azatlyk, agzybirlik ugrunda,
Arzuwlaryň hasyl boldy Pyragy.

Gök diräp dur seniň buýsançly başyň,
Agtyklaň, çowluklaň alyp dur daşyň,
Bir suprada taýýar kylynýar aşyň,
Berkarar döwletli bolduň Pyragy.

Baharlary hiç sowulmaz bagyň bar,
Gül-çiçekli düzleriň bar, dagyň bar,
Saňa hormat goýýan Arkadagym bar,
Bagtyýarlyk döwri geldi Pyragy.

Gudratdyr şygryňda aýdylan kelam,
Seň dürden sözleriň şirindir, halal,
Ginness kitabynda bu gün baş galam,
Nesillere pendiň doga Pyragy.

Seniň paýhas çeşmäň akyp dur, akyp,
Akla teşneleri bol suwa ýakyp,
Buýsanýas, şahyrym, keşbiňe bakyp,
Doganlyk müdimi, baky Pyragy.

Berkarar döwleti gurdular nerler,
Belentdir buýsançly, bagtyýar serler,
Nesilleriň saňa sežde ederler,
Kalplarda bakydyr hormat Pyragy!

## Şahyra

Berkarar döwletiň bagtyýar döwri
Erkana ýaýnaýar iliň – ulusyň.
Bagtly günlermiziň baky şaýady,
Bize ýol görkezen Magtymgulusyň.

Mydam arzuw edip, göreşen halkym
Aldy bu gün bagtyň örän ulusyn.
Şygryňda çagyryp, diýipdiň «Galkyn!»,
Galkynany görýän Magtymgulusyň.

Agzybir biz Arkadagyň daşynda,
«Agzalalyk» diýen sözi unudyň.
Bu gün diňe buýsanç bardyr başyňda,
Tirsegine galan Magtymgulusyň.

Ösdi Watan, tanalmaz deý özgerdi,
Aldy nesýe däl-de, nagtyň ulusyn.
Kalbymyzda, aňymyzda, gözlerde
Ruhy atamyz – Magtymgulusyň.

Türkmen aldy öz mynasyp ýerini,
Dünýede şonuňky tagtyň ulusy.
Paýhasyň, akylyň merjen-dürüni
Nesillere beren Magtymgulusyň.

Sen Aýy asmanyň, Güneşi Arşyň,
Dökülýän nurusyň ýüzýän buludyň.
Görüp bedew batly ösüşleň barşyn,
Bize ylham berýän Magtymgulusyň.

Halkyň bilen birsiň, ýalňyz bedensiň,
Bu gün halkyň bilen bagtyň gulusyň.
Ömrüňi hak işe pida edensiň,
Baky undulmajak Magtymgulusyň!

Allaberdi HAÝYDOW
*Türkmenistanyň halk ýazyjysy*

## Magtymguly şahyr

Görýärin atamyz Magtymgulyny
Üstünde äňedip uzyn ýyllaryň
Basyp motorlaryň güwwüldisini,
Onuň sesi gelýär meniň gulagma.
Görýärin atamyz Magtymgulyny.

Köne Gurhan ýatyr bir gapdalynda.
Ähli patyşalaň kanunlaryna
Boýun egmän, ýazýar öz kanunlaryny.
Ýazýar kanuny ol goşgusy bilen.
Seredýär bir geňsi köne Gurhana.

Göwnüme bolmasa onuň göwnünde
Musulmanyň iň mukaddes hasaplan
Kitabyna şübhe döreýän ýaly,
Häzir pygamberiň özi bilen-de
Jedel etmek üçin ol taýyn ýaly.

...Şahyr toba edýär. Göwnüne gelen
Şübheleri kowýar, oranýar selle.
Göwünli-göwünsiz öwredýär ýene
Oglanlara şerigatyň ýoluny
Hem okap berýär ol goşgularyny.

1974 ý.

Atamyrat ATABAÝEW,
*Türkmenistanyň halk ýazyjysy*

## Magtymguly – halkyň beýik şahyry

Magtymguly halkyň beýik şahyry,
Arzuwlapdy ol bir berkarar ýurdy.
Beýik Pyragynyň arzuwlaryny,
Arkadagym hakykata öwürdi.

Magtymguly – halkyň ynsap ölçegi,
Şygyrlary bilen päkleýäs kalby.
Halka dogry ýoly, ýagty geljegi
Hem beýik maksady beripdi salgy.

Garaşsyzlyk alyp, galkyndy türkmen,
Agzybirlik – biziň baş şygarymyz.
Türkmen döwletini dünýä tanatdy
Milli Liderimiz – Arkadagymyz.

Dana şahyrmyzyň şygryýet toýun
Belleýäris uly dabara bilen.
Pyragy hakynda ýürek sözümi,
Kalp joşgunyn beýan edeýin menem.

* * *

Halk ykbaly hakda Haka ýüzlenip,
Taňry dergähine kyldy mynajat.
Magtymguly dogry sözden gizlenip
ýaşamady,
        dünýäde müň myjabat,
töhmet hem ýalan söz gurşanda daşyn,

«Şirin gazal donun biçdi» Pyragy.
Dünýäniň öňünde dik tutup başyn,
Dogry sözün aýdyp geçdi Pyragy.

Magtymguly halkyň teşnelän ruhun
dogry sözüň şerbedinden ýakmaga
Hakyndan,
        halkyndan gözledi medet.
Halkyndan,
        Hakyndan medet tapdy ol.
Öz iliniň ýeňilmeýän ruhuna
sygnyp, öz-özüne mekdep tapdy ol.

Ol mekdep bir Hakyň dergähine däl,
Halkymyň ruhuna siňýän mekdepdi.
Beýik Pyragynyň ruhy mekdebi
ýeňilmeýän,
        diňe ýeňýän mekdepdi.
Asyrlaň çuňundan gelýän mekdepdi.

Gelýärdi ol bäş müň ýyllyk aňyndan,
Gelýärdi ol bäş müň ýyllyk çuňlukdan,
Gelýärdi ol dünýäň gowgasyn ýeňip,
Üstün çykyp ýowuzlykdan, şumlukdan.
Gelýärdi ol Oguz hanyň döwründen,
Gelýärdi ol Gorkut ataň döwründen,
Gelýärdi ol Göroglynyň döwründen,
Gelýärdi ol ähli dostlaryna dost,
Duşmanlarna ýowuz hanyň döwründen.
Has dogrusy, tüýs türkmençe aýdaňda,
Bu mekdep gelýärdi atam döwründen.

Halkymyzyň «Atam döwri» diýýäni,
Meger, Adam atañ döwri bolmaly.
Ýalan sözi halamaýan türkmenler
aýdan bolsa, şol söz dogry bolmaly.

* * *

Ýanman ýaşap bolmaz dünýäň ýüzünde,
Bu dünýäden ýanyp geçdiň, Pyragy!
Ylah bar şahyryň dogry sözünde!
Dogry sözüň ýazyp geçdiň, Pyragy.

Ili çoýup kalpdan çykan ýangyna,
Wepaly bolduň sen halal zannyňa.
Halkyň dogry söze teşne kalbyna
Ýagmyr ýaly ýagyp geçdiň, Pyragy!

Halk ahyndan galdy synaňda bertik,
Ýalan sözüň gara perdesin ýyrtyp,
Öz mähriban iliň ýamanyn örtüp,
Ýagşysyny ýazyp gezdiň, Pyragy!

Şat bolmasaň, baýram bolmaz, aýt bolmaz,
Ruh belent bolmasa, ilde bagt bolmaz,
Il üçin ýaşanyň ömri haýp bolmaz,
Hiç kim diýmez haýp geçdiň, Pyragy!

* * *

Bu gün Magtymgulyň dana şygrynyň,
Ruhunyň öňünde baş egýär dünýä.
Iki asyrdan kän wagt geçenem bolsa,
Beýiklik alysdan aýan görünýär.

Dana söze gadyr goýýar adamzat,
Danalaň dilinden dürler saçylýar.
Beýik söze asla serhet bolmaýar,
Oň şygryna araçäkler açylýar.

Guş deý erkin uçýar açyk asmanda
Pyragynyň ganat-per beren şygry,
Bu gün ähli ýüreklerde ýaşaýar
Halkyň ýüreginden ýer beren şygry.

Dana sözüň ömri uzak bolýandyr,
Şahyr oňa ömür berýär ömründen.
Pyragynyň şägirtleriniň ylhamy
Gözbaş alýar Bagtyýarlyk döwründen.

Ruhuny şat edýär Arkadagymyz
Beýik şahyrlaryň, belent ärleriň.
Ine, şunda ýurduň berkararlygy,
Şundadyr gözbaşy bagtyýarlygyň.



5. Sargyt №350

## Pyragy

Bu gün ýurdum ýaş toýuňy belleýär,
Danalar danasy, dana Pyragy!
Şan hem şöhrat öz-özünden gelmeýär
Şahyra ýa bege, hana, Pyragy!

Halk diýip, gülleden halkyň ykbalyn,
Gazanýandyr iliň-günüň ykraryn.
Taraşlap, şagladyp ýürekde baryň,
Ýetip geldiň bu zamana, Pyragy!

Hak Hudaýy gözläp, göwün ýüwürde,
Ykbaldaş bolduň sen ile hem ýurda,
Ýaşadyň sen goh-gowgaly döwürde,
Ýaşamadyň aga-ýana, Pyragy!

Balary deý gonup güllerden güle,
Şygyrlaryň geçdi dillerden dile.
Sen deý ýetmek üçin beýik menzile,
Dözmek gerek şirin jana, Pyragy!

Şygyrlaryň dünýä nusga, ýörelge,
Bu işe ulaşyp, arzuw bar mende:
Seniň deý ussatdan alyp görelde,
Galsa bizden bir nyşana, Pyragy!

## Magtymguly Pyragy

Oňa «Beýik şahyr» diýsem,
        az görýän,
Oňa «Beýik alym» diýsem,
        az görýän,
Pygamber diýäýsem,
göwne jaý görýän,
Halkymyň namysy,
Ilimiň ary,
Şygyr meýdanynyň oragyn oran,
Hoşasyny çöplänlerem
Bolmady kiçi-girim,
Huzuryna baryp Pyragy piriň,
«Olarnyň ýanynda menem san bolsam»,
Göýä ki beýik şahyr dek
«Dünýäniň derdine men Lukman bolsam»
diýip barsam,
        «Şygrystanyň töresi
Işbu gara ýeri guçdy» – diýdiler.
Gara ýeri guçmak nire?
        «Perişde
bolup, al asmana uçdy» diýdiler.

Halypalaň halypasy,
Halkymyň hakydasy,
Weli bolup, gören bagtly geljegi,
Türkmeniň ahlak hem ynsap ölçegi
Magtymguly atam meniň –
Şygryýetde arkam meniň.

# Mähriban oba

Beýik Magtymgulyň gezen ýerleri,
Joşup-joşup goşgy düzen ýerleri,
Yşka düşüp, oda dözen ýerleri,
Şahyryň mekany mähriban oba.

Gülälekli gök otlarňa döneýin,
Ýyldyrym deý atlaryňa döneýin,
Göm-gök dury Sumbaryňdan ganaýyn,
Şirin-şeker suwuň tüýs derman, oba!

Gelin-gyzlaň keşbi şeýlebir gözel,
Hersi bir aýdym, täsin bir gazal,
Meňlimikä suwa barýan şol gözel,
Hany, Meňli hanym, mähriban oba?

Gyşyň mähri siňen ap-ak daglaryň,
Täsindir ok geçmez sümme baglaryň,
Gül-u-gülüstandyr bahar çaglaryň,
Otly baýyrlaryň al-elwan, oba!

Daglaryňda goýup gitsem ýüregim,
Nirde diýip, gözle meni, geregim,
Şeýle dürli täsin eken Garagum,
Asmanyň ap-aýdyň, gahryman oba!

## Kakabaý GURBANMYRADOW

# «Magtymguly» gämisi

Deşip geçdi jöwher deýin paýhasyň
Wagtyň ümür-dumanlaryn, Pyragy.
Neneň onsoň adyň arşa ýaýmasyn
Seň arzuwlan zamanlaryň, Pyragy.

Adalatsyz döwre örteýip janyň,
Bähbidini arap sada ynsanyň,
Boýlap pikirleriň sada ummanyn,
Batyrypsyň kän sallaryň, Pyragy.

Almaz ýaly lowurdaýan setirleň
Gymmat – gadry ýyl geldikçe göterler,
Mertebäňi barha belent tutarlar
Seni aňly ynsanlaryň, Pyragy.

Kämillik – guş, aňsat tutup bolanok,
Tutaýýançaň, rahat ýatyp bolanok.
Çuňlugyna şindem ýetip bolanok
Getiren kän tymsallaryň, Pyragy.

Adyňy göterýär äpet bir gämi,
Bar munda aňana ullakan many,
Düşüpdir paýyňa uzagy, kyny
Arasyndan kän ýollaryň, Pyragy.

Ärleri garradyp geçse-de heňňam,
Sen gomlary böwsüp, öňe sürünýäň.
«Üç essesi däli derýaly» dünýäň
Keşt et çäksiz ummanlaryn, Pyragy!

## Gazal

Şygryýet bir göwre bolsa, jany sen, Magtymguly,
Ýa ony bir ülke diýsek, hany sen, Magtymguly.

Türkmen bütin älem içre seniň bilen tanalýar,
Tutuş iliň belent şöhrat-şany sen, Magtymguly.

Ynanjy ýok islendik il çopansyz mala meňzär,
Millionlaryň jandan uýýan dini sen, Magtymguly.

Känem bolsa «Hatarynda san bolmagy» islänleň,
Olaň baryndan ozduran dana sen, Magtymguly.

Hersiniň öz orny bolan «togsan dürli tagamyň»
Içinde iň naýbaşysy – nany sen, Magtymguly.

Gaýly ummanlar gaýyklaň ýüzüp biljek ýeri däl,
Gomlary aralap barýan gämi sen, Magtymguly.

Goşgulaň bir ülşünden çen tutup aýdaňda-da,
Durşuň bilen akyl-paýhas, many sen, Magtymguly.

Umman deýin çuňlugyna göz ýetiren ýok heniz,
Çözmesi müşgil sowallaň kyny sen, Magtymguly.

Ähli zady aýtymynda aýdyň görkezip duran
Jemşit patyşaň jadyly jamy sen, Magtymguly.

Başyndan müň gowga geçen «türkmen» atly milletiň
«Sözlär tili», jöwher deýin aňy sen, Magtymguly.

Adaty adam hökmünde baha bermek kyn saňa,
Perişdemiň, pygambermiň – näme sen, Magtymguly?

Çem gelen ýere oklanýan keçe ýa kilim däl-de,
Gözleriňi gamaşdyrýan haly sen, Magtymguly.

Daşdan seleňläp görünýän daga meňzeş heýkeliň
Bezeýär ak paýtagtymyň synasyn, Magtymguly.

Bu ýazanym birje şygyr beýikligiň şanyna,
Gutarmaz ol bäri-bärde sanasam, Magtymguly.

At-abraýyň arşa galyp, dolýar ilden-illere,
Neneň onsoň älem seni söýmesin, Magtymguly!

## Pyragyly il

Gümmürdäp heň eýläp gazma dutary,
Dürler saçyp dursa Magtymgulusy,
Teblesinde kişňäp dursa bedewler,
Şudur türkmen üçin bagtyň ulusy!

Türkmenim sen! Giň jahanyň ýüzünde
Dogaýy Söz bolup ýaşanym meniň!
Gaşyn çytman müň hasratyň öňünde,
Hoş owaza gözün ýaşlanym meniň!

Darkaşlarda egilmedik başyňy
Kitaba hem ak kagyza egensiň.
Göräýmäge, parhsyz ýalysyň, emma
Çeniň däldir bir hoş söze begenşiň.

Okap, aýdym edip Magtymgulyny,
Gandyryp kalbyny ertir-agşamyň,
Türkmenim, Pyragyň bir kelamyna
Gün-güzeran çeşmesini çalşanym!

Her sözün şygra hem nakyla öwrüp,
Ýürek urşuň öwrüp dutar sazyna,
Munda sungat bolup ýaşap gelensiň,
Geçmişden – geljege, owal-ahyra.

Müň bir owaz eder hatda gamyşlaň,
Sende gury agaç dutar bolýandyr.

Seniň sözüň diňlän,
Sazyňy diňlän
Bir ylahy yşka duçar bolýandyr.

Gül göwni aýdymdan ýasalan ilim!
Täleýi şygyrdan ýazylan ilim!
Dokuzy düz bolup,
Bu gün eýýamy
Ylla, dutar kibi düzülen ilim!

Pyragyň arzuwy kemal tapypdyr –
Gelipdir döwranyň, bagtyň uludan!
Arkadag berkarar etdi döwletiň,
Ak patasy beýik Magtymguludan.

## Magtymgulynyň huzurynda

Göçgün göwün güzeriňde joş alar,
Tämiz huzuryňda heýjana geldim.
Ruhumy göterdi tylla hoşalar,
Oragyn ordugyň meýdana geldim.

Heser tapdym, dergähiňe ýetişdim,
Bir ot gördüm – alawynda tutaşdym,
«Ýyldyzdan ýol ýasap, Aýa sataşdym» –
Köňül bossanyňda reýhana geldim.

Howalanyp soňsuz Soňudaglary,
Gül açmyş Gerkeziň görkli baglary,
Haka sydkym baglap, säher çaglary,
Sözlediğiň şirin-şirwana geldim.

Başynda jahan jem – paýhas suprasy,
Heňňamdan heňňama köňül köprüsi,
Şugla saçyp dokuz pelek zöhresi,
Berkarar döwletde döwrana geldim.

## Magtymguly

Magtymguly – biziň beýik danamyz,
Şygryýet gözbaşy – ajap namamyz.

Ol tutuş türkmeniň arzuw-ykbaly,
Hem gussasy, hem derdiniň Lukmany.

Gyýylmasy, tolgunmasy, hyýaly,
Hem dag dek keserdip goýan sowaly.

Onuň buýsanmasy, namysy-ary,
Ullakan söýgüsi, sönmez çyragy.

Ol il-günüň sözlär tili, nalasy,
Hemem juda giç dogulan balasy.

Ir sönen ýyldyzy – ýürek armany,
Biadyl şalara ýollan permany.

Ol türkmen halkynyň ýakyna-ýada,
Gudrat görkezmesi – ýanşy dünýäde.

Adalat gözleýşi, aýaga galşy,
Tagzyma getirşi alysdan alsy.

Gündogar şygrynyň kämil ussasy,
Hemme döwürleriň tämiz nusgasy.

Çözgüdi ol dünýä atly matalyň,
Hem açylman galan syry Watanyň.

## Magtymgula ýüzlenme

Türkmende şir bolsa, oň şiri sensiň,
Türkmende pir bolsa, şol piri sensiň.
Türkmende ýeke bir diri bar bolsa,
Ýeke-täk şol diri – şol diri sensiň!

Bir dana bar bolsa türkmende eger,
Şübhesiz şol dana – bir dana sensiň!
Ýa türkmende bir goç ýigit bar bolsa,
Şol goç ýigit – halkyň gurbany sensiň!

Ýok, sen Oguz han däl, Dädem Gorkut däl,
Bialaç il-ulsuň pyragy sensiň!
Türkmene hyýaldaş biri bar bolsa,
Türkmeniň ýakyny-yragy sensiň!

Bir ak, halal, takwa bar bolsa eger,
Sen şol halal, takwa, bir agy sensiň!
Türkmeniň ertire bakýan didesi,
Türkmeniň köňlüniň çyragy sensiň!

Ýaşaber, ýazyber, döküber derdiň,
Ilhalar goşgular döreden sensiň!
Diňe düýn hakda däl, şu gün hakda hem,
Iňňän dogry pikir ýöreden sensiň!

Tesellisiň, umytsyň hem ynamsyň,
Il-halkymyzyň sabyr-takaty sensiň!
Berkarar döwletde, bagtyýar ýurtda
Paýhas dünýäsiniň äpeti sensiň!

## Näme sen?

(Magtymgula öýkünme)

Kamarym, men seni undup bilemok,
Ajygana çörekmi sen, näme sen?
Sen diýip ýanýaryn, ölüp bilemok,
Bagyrmy sen, ýürekmi sen, näme sen?

Öçmesin, öwrüpsiň şeýle bir oda,
Käte agyr dertden geler men dada,
Ynha, ýene gaýyp ýörsüň howada,
Kenekmi sen, ýelekmi sen, näme sen?

Sözleseň, sözleriň şeýle bir ýeser,
Gözleseň, gözleriň berip dur heser,
Gamyş bolsam, orar, gyn bolsam keser,
Gezlikmi sen, orakmy sen, näme sen?

Alyp sen aňymy, hany-manymy,
Ýadymdan çykardyň din-imanymy,
Üfläp, ýele berdiň şirin janymy,
Elekmi sen, kürekmi sen, näme sen?

Köňlüm gijem bolsa şaýlanyp dur, gör,
Serim haçan görseň küýlenip dur, gör,
Başym ýer şary dek aýlanyp dur, gör,
Narzanmy sen, arakmy sen, näme sen?

Muhabbetiň gözden-gabakdan akar,
Ballaryň ýaňakdan, dodakdan akar,
Görmegiň serwi boý pudakdan akar,
Almamy sen, derekmi sen, näme sen?

Hoşboý müşküň türkmen düzünden gitmez,
Tarypyň şahyryň sözünden gitmez,
Suratyň Ahmediň gözünden gitmez,
Asmanmy sen, pelekmi sen, näme sen?

## Magtymguludan Berdaga

*Garagalpaklaryň nusgawy şahyry Berdimyrat Berdagyň 160 ýyllyk ýaştoýuna ugran türkmen şahyryna beýik Magtymgulynyň «Ýol bolsun» diýip aýdanlary*

Garyp – pukaranyň derdini sözläp,
Ýüregmi paralap bagyrdym – diýdi.
Ýakyndan, alysdan delalat gözläp,
Berdagy goldawa çagyrdym – diýdi.

Owazyny etdim Aral ýakadan,
Togapnama aldym Berdak şepeden.
Kowum-hyş soraşdyk ýeke-ýekeden,
«Şejere» sözüne «hä!» berdim – diýdi.

Köňül bägüllerin tirip ýaşadym,
Derdime il derdin garyp ýaşadym,
Berdak dutaryna girip ýaşadym,
Ne ynjadym, ne-de agyrdym – diýdi.

Ýagşyny zer, ýamanlary hiç eden,
Hakykaty sözlerine güýç eden,
Il-gününi depesine täç eden,
Ajap adam meniň şägirdim – diýdi.

Çagyrlan ýeriňe irinme, gitgil,
Öwüdini algyl, pendini tutgul,
Ýeňleriňi çyzgap, hyzmatyn etgil,
Oglum, Berdak ýaly ägirdiň – diýdi.

## Pyraga tagzym

Göwnüm täzelendi, derdim peseldi,
Okap Pyragynyň goşgularyny.
Gamly başym tapdy bu gün teselli,
Okap Pyragynyň goşgularyny.

Göz ýaşyny saklap bilmän oturan,
Bir kişini gördüm ömrün ötüren.
Är kişini gördüm özün ýitiren,
Okap Pyragynyň goşgularyny.

Akar bolup çeşme-çaýa düşündim,
Dag göwsünde ýatan gaýa düşündim.
Edep-ekram, utanç-haýa düşündim,
Okap Pyragynyň goşgularyny.

Ýyllar boýy çözülmedik düwünler,
Çözülipdir, açylypdyr göwünler.
Dostlar, bir zatlar-a bolýar şu günler,
Okap Pyragynyň goşgularyny.

Galmasyn bahyllaň garamatyna,
Ynanyň şahyryň keramatyna.
Meňzär bakylygyň alamatyna,
Okap Pyragynyň goşgularyny.

## Pyragy bilen ýüzbe-ýüz

Pyragyny ele aldym – hoş boldum,
Gökde ganat ýaýyp, misli guş boldum.
Duşmanymyň gözi diýip urjagym,
Elimdäki kesegimi taşladym.

Pyragyny ele aldym-gam basdy,
Meniň gardaş diýenim bir hannasdy...



6. Sargyt №350

## Beýik Pyragyny düýşümde gördüm

Pyragy düýşümde görünüp maňa,
«Bilýäniňi beýan eýlegin» diýdi.
«Bäş kelam sözümi söýläýin saňa,
Halaly-haramy saýlagyn» diýdi.

«Gije-gündiz Subhan adyn zikir et,
Beýikleri maňlaýa syl, pikir et,
Pesi görüp, öz günüňe şükür et,
Il-güne gözüňi aýlagyn» diýdi.

«Gulluk et Hudaýa, yslam diniňe,
Guwanyp ýaşagyn türkmen iliňe,
Ajy söz almagyl asal diliňe,
Diňe ýagşylygy söýlegin» diýdi.

«Mizan işi ýaly deňlikden başga,
Biribar bagş etse, beglikden başga,
Saglyk bilen agzybirlikden başga,
Gözleme dünýäniň baýlygyn» diýdi.

«Ýagşylar sözüni ýadyňda bekle,
Watan mukaddesdir, duzuny hakla,
Ýaramaz derdiňi içiňde sakla,
Ýamany il-güne ýaýmagyn» diýdi.

«Dünýäni gezersiň nesibäň dartyp,
Berdikçe baýarsyň bereket artyp,

Goşa teňňäň bolsa özüňden artyk,
Saklama, mätäje paýlagyn» diýdi.

Sormadym ahwalyn – tutuldy dilim,
«Ämin» diýp, dogada göterdi golun,
«Saňa pata berdim – rowan bol, gulum,
Oýan, ýol azygyň şaýlagyn» diýdi.

Senaly, halypam ussatlar başy,
Beýik ady şygyrlarmyň sözbaşy,
Pyragyny görmek bagtyň gözbaşy,
Göwnüm bu ahwaly toýlagyn diýdi.

# Pyragy hakynda
# sekiz setir

Çykyp Jebrut älemine, Zemin sary seredenmi?
Ýetip Jeliliň syryna, bakylykda ýer edenmi?
Umyt berip ýaşaýyşa, doňan göwni eredenmi?
Gurup hyýaly döwleti, il agzyny bir edenmi?
Taraşlap köňle gelenin, lagly-göwher, zer edenmi?
Şalyk edip şygryýete, yşk badasyn ýöredenmi?
Syganok ol ömürlere, syganok ol döwürlere,
Magtymguly gudratmyka ýa gudraty döredenmi?!

# Beýik Magtymgula gutlag ýüzlenmesi

Gözüň aýdyň, sözüň piri Pyragy!
Arzuwlanyň ajap eýýam gelipdir.
Şanyňa tutulýan toý-dabaraňa,
Nyzamy, Nowaýy, Haýýam gelipdir.

Dag basypsyň, ýowuz bolsa-da zaman,
Setirleriň serhedi ýok, eý, aman,
Şygryýete Pygamber sen bigüman,
Kitabyňy Kuran saýýan gelipdir.

Neneň buýsanmajak beýle ynsana,
Sen türkmene Hakdan berilen dana.
Meňzedip dünýäde iň beýik daga,
«Şygryň Elbrusy» diýýän gelipdir.

Setirleňe sogap diýip düşünen,
Müň sowala jogap diýip düşünen,
Her sözüňe doga diýip düşünen,
Il alkyşy öwran-öwran gelipdir.

Döwlet gurup, maksat-myrada ýeten,
Alnynda arzyly ak daňlar atan,
Galkynýar Garaşsyz, Bitarap Watan,
Türkmene sowulmaz döwran gelipdir.

Salymy söz ummanyňa okladym,
Gijelerne şygryň bilen ukladym,
Tutuş kitabyňy ýatdan bekledim,
Ýazan setirlerim – güwäm gelipdir.

Aýtmasam, Senaly, bolar men asy,
Watanda berkarar Döwlet binasy,
Toýuň gutlamaga türkmeniň şasy,
Eziz Arkadagym – Eýäm gelipdir.

## Magtymgulynyň aramgähinde

Mazaryna zyýarata gelmişem,
Beýik Magtymguly – är ýatyr munda.
Ýazan kitabyny ýatdan bilmişem,
Külli türkmenime ýar ýatyr munda.

Gaýyp bolgan Erenlere el beren,
Hajatyny Hakdan diläp ýalbaran,
Kuran açyp, keramata gol beren,
Beýik söz ussady – zor ýatyr munda.

Älem içre sözüň ummany bolup,
Iliniň şöhraty hem şany bolup,
Türkmen dünýäsiniň nyşany bolup,
Pähim, paýhas, namys, ar ýatyr munda.

Ulug sahabalar mejlisin diňlän,
Iki dünýäň işin mizan dek deňlän,
Subhanyň syryny serinde jemlän,
Arşu-Asman, Zemin-Ýer ýatyr munda.

Älemiň serwerin düýşünde gören,
Allanyň Resuly patany beren,
Zalym pelek bilen darkaşlar guran,
Dili demir kesen şir ýatyr munda.

Enbiýa-eshaplaň öňünden geçen,
Alynyň golundan al şerap içen,
Älem tümlügine ýagtysyn saçan,
Ömür egsilmejek nur ýatyr munda.

Arşda Lamekana aýlanyp gelen,
Ýeriň damarynda ýüwürip-ýelen,
On sekiz müň älem syryny bilen,
Egni ylym ýükli ner ýatyr munda.

Saýýat bolup kowsaň tutup bolmaýan,
Diňleseň derdinden ýatyp bolmaýan,
Näçe gol uzatsaň ýetip bolmaýan,
Derýa düýbündäki dür ýatyr munda.

Setirleri sap altyndan gymmatly,
Köňlüniň gözgüsi çeşmi hümmetli,
Kuran keramatly, hadys hikmetli,
Sandyga sygmadyk zer ýatyr munda.

Ykbal ýatyp gam badasyn noş eden,
Nalyş kylyp çeşmi-girýan ýaş eden,
Gara başyn ýüz müň derde duş eden,
Dumana gaplanan ser ýatyr munda.

Sogaply sözläpdir, diwan güwäsi,
Adalat gözläpdir, bolmandyr asy,
Şahyrlaň şahyry – şygyryň şasy,
Söz keramatyna pir ýatyr munda.

Ýagşylaryň göwün mülkün ersdiren,
Ýazyklyny gara ýer dek ýarsdyran,
Şan-şöhraty şa tagtyny sarsdyran,
Türkmeniň şahyry – şir ýatyr munda.

Ynsanyň nusgalyk halaly bolup,
Her sözi keramat dogaly bolup,

Dünýäniň iň uly sowaly bolup,
Heniz açylmadyk syr ýatyr munda.

Agzalalyk myhy gerşine batan,
«Parça gam döwrany» paýyna ýeten,
Berkarar döwleti arzuwlap öten,
Bagtyýar günlere zar ýatyr munda.

Hakyň halatydyr – ezeli paýy,
Artar derejesi ýyl geçdiksaýy,
Behiştdir mekany, jennetdir jaýy,
Gül kibi imany ýar ýatyr munda.

Diýr Senaly, adyn dünýä ýaýdyran,
Kitabyna Kuran ýaly uýduran,
Şygryýetiň Pygamberi diýdiren,
Pyragy lakamly är ýatyr munda.

## Pyragyly rubagylar

Aslym keramatdyr, ýogsa dillenmen,
Geçip geldim bäş müň ýyllyk ýoldan men,
Dilim – türki dilleriniň sözköki,
Türkmen atly Pyragyly ilden men.

* * *

Şygyr şalygyna edýän ybadat,
Bilýäniňi aýtmak şertmi ýa adat?!
Ylham joşup setir ýazmaly bolsam,
Hezreti Pyragy, özüňden medet!

* * *

Şygyr dünýäsinde ol bagy-Erem,
Onuň huzurynda başym egerem.
Kurandan soň kitaplaryň iň beýgi,
Pyragynyň diwanydyr, megerem.

* * *

Şygyrda Pyragyň şowun ber maňa,
Ertire galdyrma, şu gün ber maňa.
Ylhamda barymy ile paýlara,
Hatamtaýyňky deý göwün ber maňa.

* * *

Iki jahan görnüp duran ýalydy,
Dünýäniň bagtyna dörän ýalydy.
Atam üçin Pyragynyň kitaby,
Türkmençe ýazylan Kuran ýalydy.

* * *

Setirlerni janyndan eý görerdi,
Kitabyny Kuran saýyp söýerdi;
Magtymgula – işan, şahyr diýmezdi,
Atam oňa «Sözüň piri» diýerdi.

* * *

Kelam dünýäsiniň göwher – zeridir,
Sözi göwünleriň ganat – peridir.
Şygryýet din ýaly bir akym bolsa,
Pyragy bigüman Pygamberidir.

* * *

Iki dünýe gorgan galasy bolan,
Gowgaly başynyň penasy bolan;
Kuran keramaty, hadys hikmeti,
Pyragyň diliniň senasy bolan,

* * *

Beýik halkyň tug deý ary – namysy,
Ruhy dünýäsiniň ezel – hamysy;
Tereň derýasynda türkmen diliniň,
Ýüzüp ýör Pyragyň äpet gämisi.

* * *

Arş üste ýetirip arzy – nyýazyn,
Şygyrda gülledip köňüller ýazyn,
Pyragynyň sazlaýşyny görsene,
Arap labzy bilen Türkmen owazyn!

* * *

Geň ahwalyň barlygyny görsene,
Hemmäň muňa zarlygyny görsene,
Magtymguly «jaýy pynhan» tapmandyr,
Bu dünýäniň darlygyny görsene!

* * *

Arşyň kemerine nazaryn saldy,
Kazasyz lamekan heňini çaldy,
Pyragynyň ummanynyň ýanynda,
Dört umman jemlenip bir damja boldy.

* * *

Mertebesi göterilmiş belende,
Ömri dowam, älem syry elinde,
Pyragy beýgeldýär türkmen dilini,
Hem özi ýaşap ýör türkmen dilinde.

* * *

Şu sözümi Arşa – Kürse ýetiriň,
Ýeri gelse delil edip getiriň.
Çalyşmaryn bu dünýäniň malyna
Pyragynyň birje ýazan setirin.

* * *

Aňyýet çäginden aşmasymyka?!
Syrly hikmetleriň rişmesimikä?!
Pelsepemi Pyragynyň dünýäsi –
Ýa-da pynhanlygyň çeşmesimikä?!

* * *

Ömür, heňňam ejiz onuň gaşynda,
Döredipdir bakylygyň joşunda,
Pyragynyň şygyrlary ýaşap ýör,
Wagt diýen düşünjäniň daşynda.

* * *

Diýseler-de: «Hiç kim baky gelenok,
Dünýe bir geleni gaýdyp alanok».
Pyragynyň döränine ynanýan,
Gidenine hiç ynanyp bilemok.

## Paýhas kitaby

Kitaphanasyndan mekdebimiziň,
Ömrümde bir gezek ogurlyk etdim.
Pyragyň kitabyn goltugma salyp,
Gorkudan galpyldap öýmüze ýetdim.

Sözüň piri, şygryýetiň şasyny,
Soran bolsam berilmejek ýalydy.
On üç ýaşyndaky oglan göwnüme,
Ogurlasam görülmejek ýalydy.

«Ogry saly gowşak» – gizlin okadym,
Bir kişini getirmäni ýanyma.
Okap bolanymda akyl ýetirdim,
Kitap däl – dünýäni ogurlanyma.

Öz eden işimden özüm utanyp,
Kitaby üç günden gaýtaryp berdim.
Şonda Merjen atly kitaphanaçyň,
Ýüzünde täsin bir ahwalat gördüm.

Ol maňa käýejek bolup durmady,
Ýylgyrmakdan başga hiç zat edenok.
Syrly ýylgyryşy Merjen gelnejäň –
Şu günlerem göz öňümden gidenok.

## Döwletgeldi ANNAMYRADOW

# Gözüm düşdi

*Arzuwda gezer ýyllar,*
*Hyzmatga geler gullar,*
*Täze açylan güller,*
*Bossana gözüm düşdi.*

Magtymguly

Älem-jahan saýýahy men –
aslyma ýüzüp barmyş,
Tütün-tütün duman içre
aýana gözüm düşdi.
Gadym dünýäň saýýady men –
seýrana çekmiş argyş,
Ençe döwür, zaman içre
beýana gözüm düşdi.

Şalyk dergähinde çökdüm,
togap edip täjine men,
Dünýe – syr, genç büklüm-büklüm –
başym goýmuş çäjine men,
Ygtykadam yklym-yklym
ýedi älem şasyna men,
Gadym köşgi-eýwan içre
reýhana gözüm düşdi.

Gaýypdan bir owaz geldi –
ýa älemniň sedasymy?!
Hiç sowulmaz döwran geldi –
asyrlaryň jepasymy?!
Ak ýollara rowan geldi –
yşk roýunyň gedasy men,
Täze döwre seýran içre
eýýama gözüm düşdi.

## Güman eglenmez

*Bilbil hüjüm eýlän howaly baglar,*
*Bilbil senden gider, pygan eglenmez.*
*Ýagyşly-ýagmyrly, ümürli daglar,*
*Siller senden gider, duman eglenmez.*

Magtymguly

Keşbiň – melek,
ter ýazdanmy kamatyň!
Çeşmiň – bulak,
derýamy sen,
hana sen!
Bir peri sen,
peýkerden görkana sen,
Jenneti goýnuňda pygan eglenmez.

Bendiwanam näzleriňe – seýkiňe,
Güller müşkün saçar saňa öýküne.
Bu ömrümi saňa bermiş keýpine,
Gürleý diýsem, dilde zyban eglenmez.

Men – bir saýýat –
ýoluň saklan mergeniň,
Sen – bir haýýat –
bir gün ýuwtar sen meni,
Gola salsam sen deý ajap serweri,
Köňül daglarymda duman eglenmez.

Sen – pynhan sen,
Men – perwana, aç-açan,
Saňa duşup taşlanmyşam ataşa,
Haçan biziň ykballarmyz sataşar,
Gözde – peýkam,
gaşda keman eglenmez.

Lebleriňe ymsynma bar, sorma ýok,
Telleriňe owsunma bar,
                    tirme ýok,
Sen – bir uçmah –
                    bossanyňa girme ýok,
Ýyllar öter,
                    bagta rowan eglenmez.

Men – perwazyň – habarymy al imdi,
Tisgin,
            towlan,
                    dal gerdene gal imdi,
Ýa merkim ber,
                    ýa goýnuňa sal imdi,
Ýürekde – dert,
                    kalpda güman eglenmez.



7. Sargyt №350

# Aşyk bolmuşam

*Menzilim dag içredir, sähraýa aşyk bolmuşam.*

Magtymguly

Köňül telwas eder Watan yşkynda,
Şähristanlar görner bagtyň keşbinde,
Köşgi-ymaratlar oba-deştinde,
Azym-azym jaýa aşyk bolmuşam.

Durmuş tolkun-tolkun däli derýadyr,
Eşret suwun datsaň, köňlüň ter ýazdyr,
Güller deňzi içre yşkym perwazdyr,
Derýaýy sil, çaýa aşyk bolmuşam.

Dünýä – kerwensaraý, ömür kerwendir,
Ykballar düşleýip ak ýol görgendir,
Arş bagtyny bu türkmene bergendir,
Bu nowjuwan roýa aşyk bolmuşam.

Ruhy dünýä gezer ýedi yklymda,
Wysallarym gezer peýker şeklinde,
Yşka düşüp dünýä geçer aklyndan,
Arşy synlap, Aýa aşyk bolmuşam.

Durmuş ýoly – synag, Tugy – adalat ,
Watan – bagy Erem, ruhy – sahawat,
Berkarar döwlete tagzym-ybadat,
Köşgi- eýwan jaýa aşyk bolmuşam.

Bagtyýarlyk döwre aşyk bolmuşam.
Arkadagly döwre aşyk bolmuşam.

## Magtymguly

Beýik Pyragynyň paýhas ummany
Göz ýeterden giňdir,
Çuňdur boýlardan.
Oňa Hakdan berlen ylham-keramat
Göýä çeşmeler deý çogýarlar dagdan.

Beýik Pyragynyň şygyr ummany
Okadykça päklär seniň kalbyňy.
Durşuna akyl ol, elýetmez baýlyk,
Seljerseň sen onuň many-maňzyny.

Akar il-halkyna eşret derýasy
Asmandan joş urup ylham gelende.
Şahyr ölmez-ýitmez aýdymlar bilen
Öz halkyny galdyrýandyr belende.

Halkyň beýikligi,
Şöhraty-şany,
Mertebesi şahyr bilen uludyr.
Şygryýetiň ölçegi-hil nyşany
Beýik akyldarmyz – Magtymguludyr.

Aňymyza gudrat bolup ornapdyr
Onuň ýazan her setiri, her bendi.
Onuň şygry bilen serin durlandyr
Türkmeniň her şygyrsöýer perzendi.

Geçip ähli eýýamlaryň deňinden,
Ornap ähli ýürekleriň törüne,
Beýik Pyragynyň dür-merjenleri
Ýetip geldi bagtyýarlyk döwrüme.

Bu gün hasyl boldy eden arzuwyň,
Berkarar döwleti islän Pyragy.
Arzuwlan zamanaň – berkarar ýurdum
Bu gün haýran edýär ýakyn-yragy.

Zehiniň döreden uly baýlygnyň
Asyrlar geçse-de, gaçmaz gymmaty.
Pyragy, türkmende seniň barlygyň
Bize Hak tagalaň beren nygmaty.

Bu nygmatyň gadry gün-günden artyp,
Halkyň ýüreginde tutýandyr orun.
Ýürekde bar sözün il-güne aýdyp,
Taraşlap şagladan öz beýik oglun,

Bu gün hatyralap dünýä gelenin,
Uly baýram edip toý tutýar ilim.
Heňňam geçdigiçe artýar hormaty
Beýik şahyrlaryň,
Beýik zehiniň.

Beýikdir Diýarym beýikler bilen,
Beýikleriň gadryn bilýär Arkadag.
Dünýäň çuňlugyndan ýalkym saçýarsyň,
Bagtyýar zamanam baky berkarar!

## Paýhas deryýasy

Geçmişi öwrenip kitap gatyndan,
Çuňňur oýa batýan geljek hakynda.
Okaýan Pyragyň beýik eserin
Türkmeniň dilinde,
Arap hatynda.

Ýaşaýyş kitapdyr başlanmasa-da,
Öz taryhyn ýazdy kitaba adam.
Biziň herimiziň ýagty ömrümiz
Başlanýar mekdepden,
Harplykdan,
A-dan.

Durmuşa näçe çuň seretdigiňçe,
Görünenok onuň aňry serhedi.
Kitap okap gözýetimmiz giňedi,
Kitap okap beýnilermiz berkedi.

Gudratyna bakyp beýik asyryň,
Oň beýikliginden geçmişe garap,
Görýän, diňe beýik zatlar galypdyr
Asyrlaň şemaly geçensoň darap.

Beýik Azadydan,
Magtymguludan
Şu günlere miras galan senede
Ýürek bilen,
Söýgi bilen,
Aň bilen
Nazar aýlap, haýran galýan ýene-de.

Beýik danalaryň aýdan akylyn
Her gezek büdrämde edinip sapak,
Gaýtadan gaýtalap olaň pendini,
Kynçylykdan halas bolýan her sapar.

Gaýtadan gaýtalap her bir bendini,
Öz gowşak şygrymdan özüm utanyp,
Hem özümi nähak goýýan azara,
Azajyk şolara meňzejek bolup.

«Azaşyp durmuşyň ýagty ýolunda,»
Asyrlaň tümlügne siňýän-de gidýän.
Asyrlardan baky galan ýollary
Dünýäniň ak geljegidir öýdýän.

Müň adama ömür berip, bagt berip,
Olar mydam öz ömründen kemýärler.
Şonuň üçin
Şonuň üçin beýikler
Bu jahana baky bolup gelýärler.

Meňliň ýowuz ykbalyna örtenip,
Hut şu günem çekip onuň hesretin,
Pyragynyň beýikligne düşünýän
Göremok men beýikligiň serhedin,

Tapamok men,
Beýiklige serhet ýok,
Geçmek üçin oň üznüksiz ýollaryn,
Ýene näçe gezek agtarmak gerek
Beýikleriň akyla baý tomlaryn.

Kitaplar danalaň özünden soňra
Nesillere goýup gidýän mirasy.
Meniň baky hemram bolan kitaplar
Ýaşaýşyň gözbaşy,
Paýhas derýasy.

## Magtymguly Pyraga

Haka ýüz tutupsyň: «Näme sen?» diýip,
Men saňa ýüzlenýän: «Seň özüň näme?»
Näçe ýyldyr çözülmesi parz bolan,
Beýik sowal bolup girdiň dünýäme.

Ýa sen gerdişinde çarhypelegiň
Çözülmesiz bolup galan syrdanmyň?
Ymsynýan bolmaýyn dagy götäre,
Ejizligni aňlamazdan gerdenmiň?

Her näme bolsa-da
bu gün zerurlyk
Maňa seni açmak
müşgilne bakman.
Bu mümkin däl boýlamazdan çuňlugyň,
Şygryýet silinde çyrpynyp akman.

Ine, joşly derýa, şol tereň umman,
Meni dolap alýar,
çykarka nirden?
Gije şöwür çekip söz kerweninde,
Demim dürsemäge maý tapýan irden.

Ýene syrly ýodalarňy torç edip,
Gözleýän, ýitigmi tapýaryn ahyr.
Begenjime gygyrýaryn jar çekip,
Gör, sen kim ekeniň: ŞAHYR sen, ŞAHYR!

Çabga deýin şaglap gelen şatlygmyň
Gylawy gaýdyşyp gowşaýar bady.
Saňa diňe «şahyr» diýip oňsak biz,
Kemter bolmazmy ol asalyň dady?!

Dem salan her sözüň, herki jümläňden
Çöpläp alýan dür dek paýhas dänesin.
Söz bilen döredip akyl çäjini,
Aňsyza aň berýän beýik DANA sen!

Siňip gitdigimçe söz bossanyňa,
Ganat açýar ýüregimiň telwasy.
Ýüzümi çawladyp yşkyň howruna,
Söýgi ummanynyň bolýan guwwasy.

Bak, onda nähili täsin dünýä bar,
Göreni getirip bilýän amana.
Şundan beýge göterilmek mümkin däl,
Sen Söýgini taý edipsiň imana!

Neneň onsoň, şol howaňdan dem alan,
Magşuga dil açmaz bilbil dek joşup.
Söýgä teşne ýüreklere nem berýän,
Her dem sygynylýan AŞYK sen, AŞYK!

Söz açypsyň ylymlaň her babyndan,
Setirleňe salyp geljek, şu güni.
Bu gün dürs çykýarka aýdyp gidenleň,
Nädip saňa diýmän bilerin «WELI!»

Ýene-de bir zada gözüm ýetirdim,
Şygyr akabaňdan içip men gana.

Kelamyňdan bähre tapýan kalplarda,
Iňňäň ujy ýalam ýer ýok şeýtana.

Ötenden bol, ýalkaýşy dek Taňrynyň,
Eger sözlerimde bar bolsa hatam.
Kämilligiň nusgasyna öwrülip,
Bolup galdyň meniň RUHY ATAM!

## Şahyryň monology

Aýdylmadyk syrym galdy jigerde,
Aýdylmadyk şygrym galdy jigerde,
Sokur boldy didäm – ýaşyndan jyda,
Hijran boldy bijäm – ýarymdan jyda,
Zybanym şel açdy – diýsem ysmady.
Dergähiňde günäm näme, eý, Huda,
Berer ýaly maňa beýle kysmaty?!
Kapasda pelesaň urýan wagşy deý
Örtendi ýüregim panyň ejrinden,
Örtendi ýüregim panyň hijrinden.
Bu jahanda serden jyda sergezdan,
Agtardym – tapmadym dünýä aýlanyp.
Iki gerçek gardaşymdan aýryldym,
Iki gözmüň garasyndan aýryldym,
Wysal ýok, pelegi aldy aýralyk.
Är tapmadym baryp gulluk ederge,
Ýol tapmadym başym alyp giderge,
Bagrym başa berip, kalbym dildirdim.
Didäm ýaşa berip, urunyp her ýan
Hem agladym,
Hem özümi diňdirdim.
Hakyň hatyryna gorkmadym hakdan,
Ajal möhür basaýmasa dahanma.
Ýok!
Matlaply ýaşap bolmajak eken,
Aslynda bimatlap gurlan jahanda.
Dünýä gezdi ömrüm berip pidaýa,
Gamym iýip, bagrym ýaşyn içdim men.

Hem Hudaýa elin seren gedaýa
Iň soňky teňňämi berip geçdim men.
Men jahandan agtarmadym dünýäni,
Men jahandan agtarmadym altyny.
Men zeminiň soňsuz ýollaryn söküp,
Agtardym öz dargap giden halkymy.
Ýandym,
        ýakyp bilmän dünýäniň tümün,
Ýandym,
        ýyldyp bilmän dünýäň ýüregin.
Gygyrdym,
        bolmady sesimi eşden,
Oýanyň,
        oýanyň ykbaly keçlem!
Türkmenim!
Seniň bedewiň bar göwne ýeterge,
Seniň dutaryň bar baýram ederge.
Kimdigiňe gözüň ýeterdi seniň
Yzyňa bir ser salsadyň eger-de.
Başyňyzda paýhasyňyz jem bolsun,
Kuwwatyňyz jem bolsun bir göwrede.
«Bir suprada eda bolup aşyňyz»,
Binýat guruň mizemez bir döwlete.

## Beýik Pyragy

Bu gün jahan içre tutulýar adyň,
Akyl dünýäsiniň sönmez çyragy.
Goşgy bilen aldyň pukaraň aryn,
Ady arşa galan beýik Pyragy.

Ulular kiçeldi seniň ýanyňda,
Kiçileň dag bilen deňleşdi egni.
Güneş bolup dogduň tünüň ýarynda,
Adamzat kowumy saňa baş egdi.

Gül ömrüň geçdi dert, pygan bilen,
Seň paýyňa düşdi döwrüň pygany.
Goşgulaň ýugruldy gözýaş, gan bilen,
Eý, başy gowgaly dana Pyragy.

Gowgaly dünýäde özüň ýitirmän,
Öz derdiň däl, agladyň il derdine.
Gözlediň, sözlediň dymyp oturman,
Türkmeniň ykbalyn alyp gerdene.

Halkyň ykbalyna ykbalyn baglap,
Iliniň derdine köýen Pyragy.
Dostlaryn şat edip, duşmanyn daglap,
Goşgy älemniň täjin geýen Pyragy.

## Dana Pyragy

Baky ölmez, ýitmez ömür dowamyň,
Danalaň danasy sensiň, Pyragy.
Deňi ýok, taýy ýok ruhy rowanym,
Danalaň danasy sensiň, Pyragy.

Ýüzüm Kybla tutup elim serenim,
Älem-jahan içre ady gezenim,
Kalbyma nur çaýyp sežde edenim,
Danalaň danasy sensiň, Pyragy.

Dessanlaryň okap gözüm ýaş etdim,
Dürdäne sözleri köňle nagş etdim,
Kalpda hasrat döräp bagrym daş etdim,
Danalaň danasy sensiň, Pyragy.

Pähm eýläp bilene sözleň geň eken,
Şah-u-geda hemmelere deň eken,
Saňa pata bermiş ol Resul ekrem,
Danalaň danasy sensiň, Pyragy.

## Magtymgulynyň zyýaratynda ýazylan goşgy

Huzuryňa geldim müň arzuw bilen,
Essalawmaleýkim, beýik Pyragy.
Hem salam getirdim ulus ilimden,
Kabul eýle bizden, beýik Pyragy.

Eýýühennebiýýü werehmetullah,
Salawatlar aýtdym seniň şanyňa.
Gursagymda ýören Gurhan Kerimden
Aýatlar okadym, Beýik Pyragy.

Ýatanlary gördüm baky jennetde,
Akyldarlar diridirler, elbetde,
Perzentleriň, Azadyň hem tümmekde
Toprak bolup ýatyr, beýik Pyragy.

Zer ziberden ýasalypdyr kümmetiň,
Ýürekde oýandy hakym hikmetiň,
Hak sylamyş tükeniksiz hormatyň
Ýaşym akdy sil deý, beýik Pyragy.

Aýak yzlaryňa goýup ýaňagym,
Senden ybrat alýandygym aňladym.
Eý, Biribar, men neçüýn öň aňmadym,
Armanda galdym men, beýik Pyragy.

Gerkez ilin, Soňudagyn aýlandym,
Huzuryňa gelip, gamdan saplandym,
Älem kimin ägirtligiňe şatlandym,
Hakyň halk dosty sen, beýik Pyragy.

Köňle gelenini bilmedim diýmän,
Bu keremli ýeri galaýmaň görmän,
Bu gün senden haýyr patasyn alman,
Gaýda bilmen yza, beýik Pyragy.

## Pyragynyň mazarynyň başynda oýlanma

Ynandym, iman getirdim
Taňry tebärek tagala.
Perişdeler, hüýr melekler,
Yns-jyns tabyn bir Hudaýa.

Pygamberleň geleni hak,
Kitaplaryň ineni hak,
Öljegiň hak, turjagyň hak,
Çünki ýaratmyş bir Alla.

Ýokdan bara getiren,
Boýa, kemala ýetiren,
Yradaň bilen ýetilen
Kalbym päkle Züljelala.

Gelejek sen, gülejek sen,
Halal-haram ýygajak sen,
Gapyl galma, gidejek sen
Gerek güni Biribara

Dünýä geldiň, synagda sen,
Tutuş ömrüň gynançda sen,
Imanymy ýoldaş et sen,
Kerim Alla, Rahym Alla.

Watanyňy jandan söý sen,
Il-ulusyň gadryn bil sen,
Pyragy deý ýanyp köý sen,
Nurun çaýar Resul Alla.



8. Sargyt №350

## Şygrystanyň şiri

Şygrystanyň şiridi,
Aşyk bolup bu dünýä,
leňňerlenip umman deý
joş urupdyr Pyragy.
Aýralyk däl, horlukdan
zaryn aglap gidilýän
pursatlarda takdyra
daş urupdyr Pyragy.

Gülletse göýdük goýmaz,
ýandyrar ol ýakanda,
Ömrüňde gan düşeriň,
joşly derýa akanda,
Ýaşap ýörseň gyşam ýaz,
doýup bolmaz jahanda,
Aýralyk bar, ýöne baky
duşuşykdyr Pyragy.

Agzalalyk milletiň
didarynyň gerdidi,
Ala düşüp, ar gözläp,
her kimse bir ýerdedi.
Diňlemese mert merdi,
olam hijran derdidi,
Hijran dagyn ýerinden
süýşüripdir Pyragy.

Agzybir bolmasaň sen,
näler gelmez başyňa,
Daragtyňa Gün düşmez,
böri girer goşuňa.
Saçak deý pähim bilen
parasadyň daşyna
Erkinlige gaýraty
üýşüripdir Pyragy.

Ilimiň gök daglary
bile biten göwräňdir,
Gamgyn wagtyň köňlüňi
sallançak deý üwrändir.
Penalasaň arkadag,
toýlar tutsaň eýwandyr,
Goja daga seýranda
ýaşarypdyr Pyragy.

Ene toprak, ata ýurt,
aýdyň asman aýanda,
Ýalňyz galan ýok diýip
Haka barýan bu ýolda,
Öz halkynyň ýüregi
hakydada-hyýalda,
Asman bilen zemini
duşurypdyr Pyragy.

Döwlet gurmak – ak ýazgyt –
terjimehal türkmene,
Asla zyýan etmändir
hoşniýetli görklere.
Nurly ýurdum barýandyr
berdaşlana, görklene,
Agzybirlik göz bilen
gaş olupdyr, Pyragy!

# Magtymgulynyň toýunda okalan goşgy

Ýazlar akyp geler bulaklar bilen,
Gozgalaňa salyp daglaň garyny,
Şemal pyşyrdadyp ýylaklar bilen,
Mähir bilen sypar gider baryny.

Guş saýraman oňmaz, bu ýeller ösmän,
Çaýlar aýdym aýdar owazyn kesmän,
Dana gözleriňe guwanyp Asman,
Dolan Aý ýoluňa düşär nuruny.

Dagyň başy oralypdyr dumandan,
Şahyr köňli daşda bolar gümandan,
Dogry sözüň bilen ýowuz zamandan,
Bir gerçek sen, alyp gitdiň aryňy.

Bulut geler dag başyny ezer-de,
Ýazyň göwni ýürekleri üzerde.
Meňli gyz towlanyp köne güzerde,
Mydam çekip otyr seniň zaryňy.

Toý şowhuny tutdy türkmen düzlerin,
Gözümizde keşbiň, dilde sözleriň,
Toý gününde süpür ala gözlerin,
Bir söz bilen şat et bu gün ýaryňy.

## Magtymgulyň keşbi daglar

Pyragynyň Gerkezinde
Ilki gözüm düşdi, daglar.
Allaň gudrat görkezeni –
Magtymgulyň keşbi daglar.

Deresi – ýerde görkana,
Gaýasy – gökde erkana,
Pyragy deý agras, dana,
Belent paýhas başly daglar.

Daga kerem joşdy emin,
Ýagşylyk egniňde, Zemin.
Pyragynyň köňli kimin
Sahawatly, hoşly daglar.

Dag deý är iş bitiriň, heý,
Çeşmä dodak ýetiriň, heý,
Magtymgulyň setiri deý,
Päkize gözbaşly daglar.

Pyragy hemaýat bilen,
Dünýäň düýbün abat bilen.
Ömür-ha adamzat bilen
Arkaly-gardaşly daglar.

Belent söýgiň syryndaky,
Aşyklaryň bagryndaky,

Magtymgulyň şygryndaky
Şibliň ýakan yşky daglar.

Ylham uçar jülge görkden,
Daga owaz ýagar gökden.
Dörär Garadäli gökleň,
Müň owazly guşly daglar.

Huzurynda durmak üçin,
Pyragyly ýörmek üçin,
Beýikligi görmek üçin,
Dünýäň seýil-keşti daglar.

Dag sili deý joşýar Dana,
Ýene şöhrat goşýar şana.
Okamagy başarana
Baky beýik goşgy daglar.

Hak halatly halymyza –
Pyragyly ilimize,
Dünýä ýaýran ýolumyza
Ýollaryny goşdy daglar.

## Beýiklik

Sumbar gözelligi,
Gerkez ýaýlasy
Dag goýnunyň älem ýaly nagşydyr.
Bu daglar – Pyragyň beýik paýhasy,
Baky Parasadyň hut çürbaşydyr.

Türkmen topragynda kök uran daglar,
Allaň şalyk lybasyny geýipdir.
Daglar – beýik, beýik dana Pyragy –
Beýikligi döredýärler Beýikler.

Pyragyň paýhasy bir parlak nurdur,
Zemini gujaklap, Watany çaglap.
Dünýäň abatlygna döş gerip durlar,
Asmany göterip duran bu daglar.

Sumbar derýa – dünýäň arzuw-hyýaly,
Zemin täji – gözelligiň seresi.
Bu daglar Pyragyň paýhas ummany –
Şygryýetden dolup akýar deresi.

Bu daglaň gaýasy – beýik Parasat,
Bu daglaň deresi – Paýhas çyragdyr.
Gerşine mündürip Magtymgulyny,
Dünýäde beýgelden bu beýik daglar.

Beýik Parasatdan,
Paýhas Çyragdan
Nur alan Pyragy eýläp ýagşylyk,

Zemin gujagyna nur saçdy baky,
Şondan dünýäň kalby gitdi ýagtylyp.

Beýikligi çykardy dag gerşine,
Ynsan ogly çekmez ýaly pygany.
Görüň, Şygryýetiň,
Paýhasyň güýjün –
Bu dünýäni beýgeldip ýör Pyragy!

## Arşyň paýhas nury

Okap, keramatly setirlerinden
Ömrümboýy kän agtardym welini.
Ynsan däl-de ýa perişde ýazandyr,
Gözledim, tapmadym Magtymgulyny.

Gözledim men ony ýedi yklymdan,
Ileri-gaýra, günbatar-gündogardan.
Meger, ony bütin älem gereklän –
Äpet eken bu jahana sygardan.

Näçe gezek gözläp bardym Gerkeze,
Gudratly daglara gulak asmaga.
Diýdim: «Daglar, Pyragyny görkeziň!»,
Daglar golun serdi bakyp asmana.

Beýik akyldaryň aramgähine,
Sežde kyldym, oňa eýläp zyýarat.
Diýdim: «Nirde Magtymguly ussadym?»,
Asman sary uçdy gitdi hyýalym.

Bir ýaşuly diýdi: «Haý, ogul-ogul,
Söküp ýörme dag-daşlary, uly ili.
Ol Allanyň Ruhy Güýji ahyryn,
Zeminden tapmarsyň Magtymgulyny.

Ol Hakyň ýanynda, Arşyň üstünde
Adamzada görkezip ýol-ugruny,
Aýlanyp ýör ähli pelekler bilen
Älemlere saçyp Paýhas nuruny».

## Ogultäç ORAZTAGANOWA

# Hakdan içmişdir

Didämi çygladym, çykdym daglara,
Owaz indi derelere, zawlara,
Yşk meýin içirip, mähre zarlara,
Magtymgyly atam Hakdan içmişdir.

«Aýaklarnyň yzyny bir görkeziň!»
diýip, sökdüm gaýalaryn Gerkeziň.
Hoş sözlerden göýä, lagly deý zeriň,
Magtymguly atam köşkler gurmuşdyr.

Aýasynda görüp Hakyň jemalyn,
Yşkdan derýa eden köňül çyragyn,
Bu köne dünýäniň many-jogabyn,
Magtymguly atam aýdyp geçmişdir.

Hak bilen sözleşip şygyrlarynda,
Al gan at çapypdyr damarlarynda.
Ol goja daglaryň kemerlerinde,
Magtymguly atam ýaşap geçmişdir.

«Ýüklüdir bu dünýäň – diýip – gerdeni»,
Söýüpdir ol adamlaryň merdini.
Ýalňyzlykda çekip yşkyň derdini,
Magtymguly atam lowlap geçmişdir.

Aklyň gämisinde ýüzüp, gulaçlap,
Ýowuzlygy şygry bilen gylyçlap,

Gürgeniň goýnunda ýaşyllap, gyşlap,
Magtymguly atam döwran sürmüşdir.

Bu dünýe durşuna sowaldyr, sowal,
Haka golaý dursaň bolmaz müýn-zowal,
Asyrlardan aşyp, halkyna halal,
Magtymguly atam donlar ýapmyşdyr.

Heňňamlaryň paýhasynda gaýnaýyp,
Ak sen siller deýin ýene şaglaýyp.
Şygrystanyň ummanyndan şaýlanyp,
Magtymguly atam bize gelmişdir.

## Adyň dünýä nagyşdyr

Dünýäň kitabynda adyň dur seniň,
Magymguly, adyň dünýä nagyşdyr.
Türkmen bu gün bedew atly ýylynda,
Uly toýun seniň üçin bagyşlar.

Aklyň gämisinde ýüzüp, gulaçlan
Ömrüň ömürlere berýär bakylyk.
Mübärekläp, seniň toýuň şanyna
Paýladyk biz uly dünýä çakylyk.

Berkararlyk istän halkyň gör, bu gün
Eziz Arkadagy bilen bagtyýar.
Berkarar ýurt bolan biziň mekanda
Asudalyk, agzybirlik, bagt bar.

«Magtymguly diýip adym tutsalar...»,
Diýen sözi erenlerem eşitmiş.
Seniň ekip giden bag-u-daragtlaň,
Göýä Erem bagy bolup ýetişmiş.

Dünýäni aýlanyp ýören paýhasyň,
Äleme nusgadyr, beýik Pyragy!
Öz bagtyna eýe bolan türkmeniň,
Gursagynda ýanýar bagtyň çyragy.

Şygyrlar çemeniň paýhas paýlaýar,
Olar durşy bilen akyl, dürdäne.
Her bendiňi ýüregine nagyşlap,
Iliň ýöne ýere diýenok «Dana».

Gül açypdyr bu gün şygyr bossanyň,
Şygyr diýmek dünýä diýmek ahyryn!
Doga deý gaýtalap, haýrana galyp,
Älem-jahan, dünýä diýýär: «Aperin!»

Şygyr ummanynyň parlak ýyldyzy,
Siz Jemşidiň jamy, öýi akylyň.
Beýik Magtymgulyň paýhasdan doly,
Şygyrlaryn monjuk edip dakynyň!

Ýüreklerde aýdym bolup ýaňlanýar,
Şygyrlaryň uly ilde oňlanyp.
Eziz Arkadagyň sahawatyndan,
Işlerimiz gidip otyr oň bolup.

...Ele alanyňdan goşgularyňy,
Paýhas aralaşyp, durlanýar seriň.
Ýüreklere ylham guýup, joş guýup,
Dünýäň kitabynda adyň dur seniň.

## Pyragy

Essalowmaleýkim, eý, gözel jülge,
Essalowmaleýkim, Pyragy mekan!
Gözel çarbaglaryň üstüme kölge,
Dag şemaly çalýar – Pyragy mukam.

Essalowmaleýkim, Azady atam,
Essalowmaleýkim, Pyragy pirim!
Essalowmaleýkim, Zelili watan,
Essalowmaleýkim, zeberdest şirim!

Essalowmaleýkim, türkmen enesi,
Gerçek ogullara ak süýdi derman!
Zübeýdalar bu sähranyň sonasy,
Meňlisi şahyra çekdirer arman.

Essalowmaleýkim, juwan aýdagy,
Ojagyňa tagzym, gözel Aýdere!
Sowulmaz ýazyň bar – Eremiň bagy,
Ýokdur, meger, munda saňa taý, dere.

Essalowmaleýkim, pirim Pyragy,
Essalowmaleýkim, Azady atam!
Siz Jemşidiň jamy, hem şamçyragy,
Siziň bilen beýik, belentdir – Watan.

## Şahyrym

Şahyrym, gözüme mährem göründi,
Dyza gurbat inip, gezen ýerleriň.
Şahyrlara Mekke-mekan ýer indi,
Goşgy-gazallary düzen ýerleriň.

Kalba kuwwat berýär gezen daglaryň,
Yhlasyma ganat berýär baglaryň.
Göz öňümden gitmez gamgyn çaglaryň,
Halkyň ykbalyny ýazan ýerleriň.

Gyzylbaýyr, Gerkez ili mekanyň,
Şu toprakda Gurhan-kitap okanyň,
Hakdan hümmet diläp dyza çökeniň,
Arş Aglaýa eliň uzan ýerleriň.

Şahyr etdi keç ykbaly agalaň,
Pahyr etdi pyrak ömri çagalaň,
Arşy-kürsi deprendirdi agylaň,
Pederi topraga dözen ýerleriň.

Hak melegi Meňlä baglap yşkyňy,
Hyýalyňda gurduň arzuw köşküňi.
Ýalňyz galmak yşk mülküniň müşgili,
Ýardan umydyny üzen ýerleriň.

Gol berdiň ussadym, pirleň pirine,
Göz ýetirdiň Ýeriň-Arşyň syryna,
Şygyrlaň ýugrulmyş jennet nuruna,.
Sözden gämi ýasap, ýüzen ýerleriň.

## Şahyryň heýkeli

Ine, Magtymgulyň beýik heýkeli,
Goja daga meňzäp, arşa galyp dur.
Şu günümi arzuw eden şahyryň,
Huzuryna nesilleri gelip dur.

Umyt-arzuw gursagynda gaýnady,
Adalat hem deňlik boldy geregi.
Gaýgy-gamy, şatlyk-toýy ilimiň,
Bu ynsanda urýar türkmen ýüregi.

Bu ynsanda bütin halkyň ynsaby,
Bu ynsanda halallygyň gözbaşy.
Bu ynsanda ahlak çeşmesi – Aby...
Asyr geçdiksaýyn uzaýar ýaşy.

Ine, Pyragynyň beýik heýkeli,
Bu heýkel halkymyň şöhraty-şany.
Gujak gerip garşylaýar geleni,
Hem ugradýar hormat bilen myhmany.

# Bagt hakynda goşgy

Gelip sorasalar, şahyrym, aýdyň,
Bagtyň gönezligi, gözbaşy nedir?
Gulak dynçlyk bilen janyň saglygy,
Ilki bilen meniň jogabym şudur.

Ýene sorasalar, şahyrym, aýdyň,
Bagt nedir, sen, aýatda dirikäň?
Her maşgala agzybirlik, arzuwym,
Jogap şudur, şahyrlaryň birikäm.

Gelip sorasalar, şahyrym, aýdyň,
Bagt diýilýän zat, nämedir, nedir?
Päk zähmetdir bagtyň hamyrmaýasy,
Bu sowala meniň jogabym şudur.

Ýene sorasalar, şahyrym, aýdyň,
Bagty ýene nämelerde görmek bor?
At-abraýda, namys-arda, megerem,
Bu sowala şeýle jogap bermek bor.

Gelip sorasalar, şahyrym, aýdyň,
Bagt diýilýän zat, nämede, nedir?
Aşyk ähli magşuguna gowuşsa,
Bu sowalyň nagt jogaby şudur.

Ýene sorasalar, şahyrym, aýdyň,
Ozaly, açary nämede bagtyň?
Abraýly ömüre, abraýly ölüm,
Hem gadyryn bilip ýaşamak wagtyň.



9. Sargyt №350

## Türkmençilik

Sylamak ene-atany,
Biliň, şol türkmençilikdir.
Depä täç etmek watany,
Biliň, şol türkmençilikdir.

Halkyňa hormat goýmaklyk,
Peder ýoluna uýmaklyk,
Agzybirlik, süýt-gaýmaklyk,
Biliň, şol türkmençilikdir.

Her ojakda bolsa dutar,
Golaý gelmez şeýtandyr mar.
Belent tutulsa namys-ar,
Biliň, şol türkmençilikdir.

Gyz aýagyn dogry bassa,
Goç ogulyň gulak assa,
Bolmarsyň hiç mahal hassa,
Biliň, şol türkmençilikdir.

Zenanlaryň geýse keten,
Oňa guwanar her ýeten.
Halallyk bolsa niýetiň,
Biliň, şol türkmençilikdir.

Goç ýigit, gyratyň hany,
Azalmasyn şolaň sany.
Her sözden çykarmak many,
Biliň, şol türkmençilikdir.

Eýerseň däbe-dessura,
Edep-ekram meňzär nura.
Kast etmezlik hatda mura,
Biliň, şol türkmençilikdir.

Myhmany eziz görmeklik,
Parz zatdyr salam bermeklik.
Manyly ömür sürmeklik,
Biliň, şol türkmençilikdir.

Hak ýolunda Haka uýmak,
Watan topragyny söýmek,
Munda barlygyňy duýmak,
Biliň, şol türkmençilikdir.

Ölüsini sylan iliň,
Toýam toýa meňzär, biliň.
Şeýle halk güýjüdir siliň,
Biliň, şol türkmençilikdir.

## Şahyr ogly türkmeniň

Beýiklik ýatandyr seniň aslyňda,
Eý, beýik zürýady Garry mollanyň.
Aý, ýyl kemal tapar bahar paslynda,
Duçar bolgan ýalkawyna Allanyň,
Şahyr ogly, kemal ogly türkmeniň,
Sahyp ogly, jemal ogly türkmeniň.

Hak ýolunda ýöräp, haýyr-nep görgen,
Weliler ähline duşup sep görgen,
Şeýtan bazarynda gybat-gep görgen,
Haýyryň ýolunda şeri köp görgen,
Şahyr ogly, kemal ogly türkmeniň,
Sahyp ogly, jemal ogly türkmeniň.

Syryna düşünip dünýäň, barlygyň,
Mälim etgen onuň juda darlygyn,
Girdabyna düşgen ahy-zarlygyň,
Garşysyna çykan sütem, zorlugyň,
Şahyr ogly, kemal ogly türkmeniň,
Sahyp ogly, jemal ogly türkmeniň.

Çaňy çykmaz döwri ýalňyz-ýekäniň,
Ilim-günüm diýip bili bekänim,
Şygryýet mülkünde gurgan dükanyn,
Kalba guýan Berkararlyk mukamyn,
Şahyr ogly, kemal ogly türkmeniň,
Sahyp ogly, jemal ogly türkmeniň.

Ýer-ýurduň ýakyny-yragy bardyr,
Her zadyň in-boýy, gyragy bardyr.

Jemşidiň jadyly çyragy bardyr,
Dünýäň depesinde Pyragy bardyr,
Şahyr ogly, kemal ogly türkmeniň,
Sahyp ogly, jemal ogly türkmeniň.

## Magtymguludyr

Dünýäniň asylky many-maňzyny
Kössüz saýlap alan Magtymguludyr.
Sözden ýasap akyl-paýhas deňzini,
Nagmalarna salan Magtymguludyr.

Seljerip aňyrsyn ýedi gat ýeriň,
Ýedi gat asmana ýetirip serin,
Gojaman Zeminiň, hak işiň, şeriň
Üstünden ser salan Magtymguludyr.

Wagty durzup otly ylham astynda,
Towka dönüp nadanlygyň kastynda,
Göýä diýrsiň Ýer ýumagyn destinde
Saklap, synlap bilen Magtymguludyr.

Ezber eläp pähim-paýhas elegin,
Tapyp hatda taňrynyňam telegin,
Biweç «oýunlarna» çarhy-pelegiň
Ajy-ajy gülen Magtymguludyr.

Aýdanlary bakylygyň açary –
Asyrlaň gerşinden şaýol açany,
Adynda aňladyp geljek-geçeni,
Ölmez-ýitmez bolan Magtymguludyr.

## Halallyk nusgasynyň galyby

*Magtymgulynyň portretine ştrihler.*

...Sen şo mahal gerkezlikden göterlip,
Magtymgula – türkmene çen galypdyň.
Türkmendenem – Türk-imana getirlip, –
Agarýardyň, agam, juda alysda...

Zandyň dutar tary ýaly – ýüpekden,
Tamdyrda – tut, teşä düşen – erikdiň.
Melgun üçin – Çandybil dek ýapykdyň,
Tyg degmedik eňegiň dek erkekdiň.

Gurşun guýlan däl-de, gurşundan guýlan –
Gulaklardyň!
Polat berkdiň – sapyňda!
Inerdiň – agyr ýük gerşine goýlan,
Bedew atdyň – ýow, baýramda çapaňda!

Garyp begiň terkiwatanlyk edip,
«...enem» diýip gelşi ýaly Halapdan,–
Milletiňden ýaman uzaga gidip,
Ýenem ile ilçi bolup gelipdiň...

Goly bagly Görogluda – diş bolup,
Gurrumsak ýow güni aýyş tapanda, –
Sary ýaýda keýmir okduň, – çiş-polat,
Daşdyň – çöpür ýüpli gaýyş sapanda.

Şol sebäbi – elýetmezdi türk-iman,
Her ýerlerden ýaman pälli gelýäne.
Türkmen bolup oturşyňda – tir-keman,
Gijeki agydyň – gündiz gülýäne.

Gündizki ýylgyryş – gije aglana,
Müň gün gussa – şatlykdyň bir günde sen.
Çynyň bilen bilin Bire baglan-a, –
Janyň bilen bir Allanyň bendesi!

Dünýä baky Owaz bolup gelip Sen, –
Görogludyň!
Pyragydyň!
Garypdyň!
Ömrüň bilen imana çen galyp sen, –
Halallygyň nusgasyna ga:lypdyň!

Bu garly gyş güni – gülli o ýaz deý,
Göge galkan guş deý – boşap duzakdan,
Daşdan içe düşýän gamly owaz deý, –
Içden daşa eşdilýärsiň uzakdan...

# MAGTYMGULYNAMA

## Galypdyr

(«Magtymgulynama» giriş)

Hakykat yzynda boluplar tazy,
Pyragynyň ady baky galypdyr.
Türkmeniň törüne söýelgi sazy,
Halal desserhanly du:ly galypdyr.

Halkynyň şatlygy – köňlüniň şady,
Duşmanyn ýakypdyr gözüniň ody.
Röwşeniň mirasy – Görogly ady,
Genjimiň yzynda maly galypdyr.

Gyraty segreýip göge galanda,
Nä güýç galar ýygyn tartyp gelende!
Ýyldyz daga çykyp, toýnak salanda, –
Asmanyň ýüzünde naly galypdyr.

Gyz-gelinler mähir sakasy bilen,
Bahardan biçilen ýakasy bilen,
Halka nusga halal nikasy bilen,
Haýasy – ýaňakda aly galypdyr.

## Magtymgula

Uly ýürek bilen dar ýere sygman,
Dyzap... öz-özüne gark bolýar Adam.
Ýa-da öz-özüni gutarýar ýyglap,
Uly dünýä bolsa gerekdir Adam.

Ömürboýy karam-karam urgudan
Galtanyp-siltenip – berk bolýar Adam.
Är başydyr – gowgalydyr, görgüdir,
Uly dünýä bolsa gerekdir Adam.

Mahlukata el hem aýak berlipdir,
Bir ýerde otursa, – kürk bolýar Adam.
Ýyldyzlar – Asmana jäjek gerlipdir,
Uly dünýä bolsa gerekdir Adam.

Ýeke agzy üçin,
Bir jany üçin,
Bir bähbidi üçin... kyrk bolýar Adam.
Ýeri, ösümligi hem maly üçin,
Düýp many üçin gerekdir Adam.

## Pyragynyň ömri

«Men inkär edýärin göreşsiz bagty,
Bu durmuşy çuňdan söýüp bildim men.
Ejiz düşdüm garşylygyň ýok wagty,
Ömri çyndan ýaşamaga geldim men.

Men ýaýaplamaga gelmedim muňa,
Çyn söz bolup ýarylmaga geldim men.
Deň-duşlar geň galyp bakdylar maňa,
Hak sözümi ýaýmaga geldim men.

Juma NURTAÝEW

## Daşogzuň töründe Pyragy otyr

Hezreti didaryň görüp guwandym,
Daşogzuň töründe Pyragy otyr.
Altyn halka el uzatdym, gönendim,
Göýä bu şäheriň ýüregi otyr,
Daşogzuň töründe Pyragy otyr!

Danasyna ýadygärlik goýanlar,
Milletini, düýpbabasyn söýenler,
Şahyr hut şu ýerde dursun diýenler,
Türkmeniň sahawat keremi otyr,
Daşogzuň töründe Pyragy otyr!

Şahyryň ruhy bergidar galmaz,
Ony asman eden solup-saralmaz,
Gargyşa, gynanja giriftar olmaz,
Tümlügiň ýagtysy – çyragy otyr,
Daşogzuň töründe Pyragy otyr!

Lybasy sarydyr – nur-iman ýaly,
Degresi märeke – muşdakdan doly.
Döwlet guşy başa gonan mysaly,
Köňülleň küýsegi – myrady otyr,
Daşogzuň töründe Pyragy otyr!

Danalaň danasy, dagyň gurdy ol,
Ärleriň äri ol, merdiň merdi ol,
Şygry bilen bezän gözel ýurdy ol,

Aňk eden ýakyny-yragy otyr,
Daşogzuň töründe Pyragy otyr!

Wagt garratmaga tapmady çäre,
Yhlasy egsilmez ol Meňli ýara,
Doýman bakyp, bu berkarar Diýara,
Minnetdar başyny yrany otyr,
Daşogzuň töründe Pyragy otyr!

Garaşan eýýamy gelende ajap,
Bagtyna buýsanyp, ýüzden nur saçyp,
Parlak ýyldyz kimin asmandan gaçan,
Akyl äleminiň Ýer–Gögi otyr,
Daşogzuň töründe Pyragy otyr!

## Şahyr we dünýä

Şahyr diňe özi üçin ýanmandyr,
Şahyr diňe özi üçin ýazmandyr.
Ol halkyň göwnünde gyşyn gyşlapdyr,
Ol halkyň göwnünde ýazyn ýazlapdyr.

Şudur beýik akyldaryň sungaty,
Özgäň ykbalyny duýup bilmekden,
Dünýäň ykbalyny duýup bilmekden,
Döräpdir şatlygy hem-de hesreti.

Söýende yşky bar, hatda Mežnundan
Hem Perhatdan altmyş esse zyýada.
Gaýraty bar egne atyp horjuny,
Hindistana gidiberjek pyýada.

Agsagyň, batylyň, gojaň ýagdaýy,
Oňa aýan, derwüş – eli serilen.
Ýekäniň, ýetimiň, dünýäň öwzaýy,
Magtymgulyň gursagyna berilen.

Onuň köňli külli türkmeniň köňli,
Bilipdir her kimiň derdini gozgap.
Bir görseň üstünde arşyň-kürsüň ol,
Birden hasrat çekýär maýa dek bozlap.

Azadysy, söwer ýary Meňlisi,
Gardaş Abdyllasy, ölen balasy,
Zübeýda uýasy – natuwan naçar,
Şolar özüniňki, galany bolsa,
Halkyň şatlygydyr, halkyň nalasy.

Şahyr kän, dana kän, şükür, dünýäde,
Ýöne Pyragyny deňeşdirmek kyn.
Ýekeje bendinden, ýeke sözünden,
On sany alymy çykarmak mümkin.

Bu beýik dananyň pikri-hyýaly,
Howa deý jahanyň içine dolup,
Çözüp dur her demde müňläp sowaly,
Beýik atañ bolup, ussadyň bolup.

Ejizleseň Magtymguly alnyňda,
Başyň sypalar-da, «Ýakma jan» diýer.
Sabyr Rahmandan, äwmek şeýtandan,
Sabyra ýetýändir şöhrat-şan diýer.

Ýalňyzmyň, gamlymyň, ýa keýpi çagmyň,
Ýa bagryň paramy hijran ýolunda,
Takdyry büdürän telbemiň, sagmyň –
Magtymguly çeker hökman eliňden.

Ýöne ony mydam okamak gerek,
Ony diňlemeli kalbyňa guýup.
Oňa jan öýünden uýýarka ýürek,
Pyragy her kimi perzent deý çoýar.

Ýel bolup ýüwürip ýeriň damarna,
Elini ýetiren arşyň kemerne.
Hezreti dananyň öz diýşi ýaly,
Ýetik bolan hatda Jelil syryna.

Dünýäň içindäki dünýä öwrülen,
Pyragyny indi dünýä dogurmaz.

Emma onuň arzuw eden eýýamyn,
Akyl bilen ele saldy ogullar,
Gaýrat bilen ele saldy ogullar.

Millet bu gün öz bagtynyň daşynda,
Öz Şasynyň, öz tagtynyň daşynda.
Türkmenistan öz ýolundan ýöreýär,
Dünýäň ýollarynda, dünýäň işinde.

Hany, tirsegiňe daýan, Pyragy!
Watanňa, bagtyňa guwan, Pyragy!

## Tuwakgül GYLYJOWA

# Pyragy

Türkmen halkymyzyň köňlüniň täji,
Ähli ýürekleriň nury Pyragy!
Şygyr äleminiň göwherden gaşy,
Saňa tarap hemmäň ýoly, Pyragy!

Milli Liderimiz Gün bolup dogdy,
Watanymyz baky berkarar boldy,
Bagtyýar biz atam, döwran dolandy,
Toý-baýram türkmeniň ili, Pyragy!

Seýilgähde ähli dana baş bolup,
Söhbet gurupsyňyz tirsege galyp,
«Gerçek Ogul, işleň rowaç!» diýip,
Pata berip dursuň misli, Pyragy!

Guwan, dana atam, mährem iliňe,
Külli türkmen toý toýlaýar şanyňa,
Şygyrlaryň mekdep durmuş ýoluma,
Gudratly ylhamyň piri Pyragy!

Arkadagymyzyň beren bagtyndan,
Eziz Watan dünýä dolýar gün-günden,
Bu gün görseň Garaşsyzlyk nurundan,
Dür saçýar türkmeniň tili, Pyragy!



10. Sargyt №350

## Magtymgulynyň huzurynda

Kyblagähim, seždegähim, pederim,
Pyragym, men saňa uýup gelmişem.
Pähim-paýhasyna tagzym edenim,
Keremiňe başym egip gelmişem.

Didelem ýaş, geldim bu giň alnyňa,
Huzuryňda bir gül oldum, gör, meni.
Haýran gudrat-keremiňe, güýjüňe,
Bu türkmeniň Hudaý halan Serweri.

Gökden inen perişdemiň, näme sen,
Pirzadamyň ruhy arşa göterlen.
Her bir sözüň dür – göwhere, käne deň,
Gül ömrüme nur- çyragdyr setirleň.

Ýüreklere höküm eden welimiň,
Ejiz gelýäs syrly dünýäň açardan.
Enwermi sen, ter gülmi sen müdimi,
Asyrlardan müşk ysyňy saçar sen.

Bu gün wysal ýürekdäki hyýalym,
Gör, gaşyňa uçup geldim guş deýin.
Gal tirsegňe, Hakdan içen halalym,
Sun, Pyragym, şygryýetiň al meýin.

Mukaddes topragyň bagryma basdym,
Tämiz ruhuňa eýledim sežde.
Eý, akyl-paýhasyň beýik nusgasy,
Adyň baky ýaşar köňülde, serde.

## Zyýarat

Sygyndygym Hudaga,
Kabul bolsun zyýarat!
Pir hezreti Azada,
Kabul bolsun zyýarat!

Gitdik ýurtdan yraga,
Bakyýa nur – çyraga,
Söz ussady Pyraga,
Kabul bolsun zyýarat!

Ýola rowan bolanlar,
Mähribanlyk kylanlar,
Ýary-ýaran, doganlar,
Kabul bolsun zyýarat!

Geldik Eýran iline,
Düşdük söýgi siline,
Şygryýetiň pirine,
Kabul bolsun zyýarat!

Aktokaýa baranlar,
Gol gowşuryp duranlar,
Sežde-togap kylanlar,
Kabul bolsun zyýarat!

Gubur sypan ellerim,
Doga kylan dillerim,
Nurlanan didelerim,
Kabul bolsun zyýarat!

Külli dünýä şamçyrag,
Ogul bilen arkadag,
Ýatyr munda goşa dag,
Kabul bolsun zyýarat!

Iman ber bu pirlere,
Kuwwat ber dirilere,
Dilegim Biribara,
Kabul bolsun zyýarat!

Halymberdi BEKMÄMMEDOW

## Pyragy

Iki dünýäň manysyny aňmaga,
Şygyr miras goýup gitdi Pyragy.
Gözel goşgulardan ganyp doýmaga,
Teşnäni gandyryp gitdi Pyragy.

Saňa Hakdan gelen, ylmy gaýypdyr,
Tükenmez syrlary açyp, aňypdyr,
Türkmen paýhasyny ýardam saýypdyr,
Şygyrlaryň derde derman, Pyragy.

Türkmeniň bir supra jem kylyp aşyn,
Akyl ummanynda gaýnadan başyň,
Hakykatdan boldy seň gören düýşüň,
Müňläp syry açyp gitdiň, Pyragy.

Kelamda bar o dünýäniň Syrady,
Kitapda okapdyr dowzahy-ody,
Ile ýaýyp gitdi ýakyny-ýady,
Ady Magtymguly, özi Pyragy.

Ýyldyzdan ýol ýasap, Aýa çykdyňmy,
Bu gadymy Älem derdin çekdiňmi?
Dag başynda üç agajy çatdyňmy?
Gelejege göz ýetiren Pyragy!

Haky isläp, yşka düşen Pyragy,
Tarypladyň jennet içre Byragy,

Saýgardyň dünýäde garany-agy,
Akyl ummanynda gaýnan Pyragy!

Şahyr aýdar, müň manyly sözleriň,
Ýeriň astyn-üstün gören gözleriň,
Tapsam, togap etsem daban yzlaryň,
Berkarar döwrüme ýeten Pyragy!

## Bally SEÝITBERDIÝEW

# Daglar

Gör, kimler geçmändir derelerňizden,
Galyp görküňize haýrana, daglar.
Kamatyňyz kimin mülk ýasap sözden,
Pyragy edendir seýrany, daglar.

Biliňiz gök guşak, depäňiz garly,
Gujagy aýrakly, injirli, narly,
Goç ýigitler kimin namysly-arly,
Gerçekleriň ýar-u-ýarany daglar.

Gülle yza gaýdar size çenelen,
Älemgoşara taý gülüň-çemeniň,
Gara gözüň garasyna deňelen,
Her dabanyň juda nurana, daglar.

Gaýalaryň ýan bermändir ýel-güne,
Bahar gelse dereleriň gülgüne,
Ylham berip Pyragynyň köňlüne,
Şahyr menzilgähi-aramy daglar.

Geçmişimi hakydama getir siz,
Töwekgeli maksadyna ýetir siz,
Dünýäň özi ýaly dymyp otyr siz,
Doganlaşan Türkmen-Eýrany daglar.

Seriňiz dumanly, jybarmy, ýagyn,
Hyýal belentligne deňläp siz egin,
Aşyk Tahyr, Ýusup, Görogly begiň
Sygyndygy – arka diräni daglar.

## Pyragy

Bu gün ruhuňy şat eýlemäge,
Geldik, kabul eýle, dana Pyragy.
Aýatda, dogada ýat eýlemäge,
Bolduk dile dessan, käne Pyragy.

Namartlara nurbat-aman bermediň,
Aýbyn açdyň namartlaryň, erbediň,
Söz mülkünden ýasap giden «şerbediň»,
Hemme içýär gana-gana, Pyragy.

Durulap paýhasy, tämizläp aňy,
Dikeldýäris ýiten dessury, şany,
Gurduk seň arzuwlan türkmen binaňy,
Şugla salýar bar jahana, Pyragy.

Akyl-paýhas bolup aňa giripsiň,
Dahan içre asal-şerbet garypsyň,
Käte-käte aljyrasak, daryksak,
Goşýarsyň hatara, sana Pyragy.

Adalat, erkinlik asyl mazmunyň,
Kyn günlerde halyn sorduň mazlumyň,
Röwşen ruhuň, beýik taglymyň
bilen bizi golda, syna Pyragy.

Durmuşyň manysyn geçirip serden,
Her sözüň taryhy juda aňyrdan,
Ýalňyz dilegimiz beýik Taňrydan:
Baý bolgaý Siz nur-imana, Pyragy.

## Ogulnabat JUMAÝEWA

# Pyragy

Ar-namys gylyjyn biline baglan,
Umydyny uly iline baglan,
Iliň güýji – dagyň siline baglan,
«Ilim gözlerimiň garasy-agy»
Diýen Pyragy.

Agzalalyk bolupdyr seň gyr jynyň,
Ýurt başyna düşen zulum zynjyryn
Duýsaň-da birleşen güýjüň gyrjagyn,
Birleşdirip bilmän ýakyn-yragy,
Köýen Pyragy.

Türkmen sährasynyň gözelligini,
Deresin, gollaryn, öleňligini,
Daglaryn – mertligiň gönezligini,
Misli gözleriniň göreji ýaly
Söýen Pyragy.

Gözelleriň sürme edeni gözüne,
Keşdesin meňzedip türkmen düzüne,
Yhlas bilen gülýakanyň ýüzüne,
Söýgüsini ergin tylla mysaly
Guýan Pyragy.

Ýüreginde aýdym, dilinde owaz,
Gözlerinde söýgi, basyp uzdan-uz,
Gelipdir gaşyňa durşy bilen näz,
Titräp dur Meňliniň ýaňakda haly,
Oýan, Pyragy!

## Goşgy

Säher...
Gün nikaby serpilip gitdi,
Zemine gül seçek sepilip gitdi,
Gaýgy-gam yzyna serpigip gitdi –
Döredi goşgy.

Azanyň sesine oýandy iller,
Ýere yhlas gerek!
                    Guşaldy biller,
Iliň güýji misli dagdaky siller –
Döredi goşgy.
Syryldy döwletli öýüň serpigi,
Törüň ýaraşygy – peri-peýkeri
Çykdy ogryn gezäp uzyn kirpigi –
Döredi goşgy.

Şahyryň yşkyndan misli habardar,
Joşup kenaryna çagyrdy Sumbar,
Merjen damjalary oýnady dildar –
Döredi goşgy.

Çaýlar dolup-daşdy – lummur-da-lummur,
Owaza gaplandy gaýadyr kemer,
Dürdäne döküldi gopuzdan, meger –
Döredi goşgy.

Bahar!
Gülälege bezeldi Zemin,
Ýap-ýaňy kesilen düýphaly kimin,

Gursaga sygmady, joş urdy zehin –
Döredi goşgy.

Deňizden öwsen ýel gülzardan çykdy,
Ýagyş guýdy-guýdy, humardan çykdy,
Sumbar däli-porhon – kenardan çykdy –
Döredi goşgy.

Şahyr söýgüsinden joş alyp, göçüp,
Şelpä şugla çaýyp, bolsady ekip,
Döwletli ojaga ýaň saldy çekiç –
Döredi goşgy.

Iline bagyşlap ählije zadyn,
Taplana-taplana ädimme-ädim,
Döredi dünýäde taýsyz bir Adam –
Henizem Zemini hüwdülär yşky –
Durşuna goşgy.

***

Galkynyş hem Agzybirlik, Pyragy
Birleşdirip bu gün ýakyn, yragy,
Konstitusiýa – türkmen bagtynyň Köşgi
Bezäp otyr ýaşyl bossanly bagy.

Çür depesi al-asmany guçup dur,
Rahatlyk guşlary ganat açyp dur.
Joşýar göwünleriň galkynşy – yşky,
Ýaşyl Tug äleme nurun saçyp dur.

Töweregi çüwdürimli, läleli,
Toý-baýramy haýran edýär älemi.

Heýjanly owaza dolupdyr bagşy,
Bu görnüşden gözüň üzer ýalymy?!

Berkarar döwletiň beýik Nyşany –
Arşy guçup, haýran eýläp jahany.
Görmegi güllerden, mermerden keşbi,
Bezäp otyr bu jenneti mekany.

Bagtyýarlyk eýýamynyň joşuna
Göge galkan parahatlyk guşuna –
Ak ganat!
            Ak ýalkym! –
                        Aklykdan keşbi,
Bir bakyň siz pasyrdaplar barşyna!

Joşgunly tanslara galkynýar göwün,
Älem-jahan içre ýaň salýar döwür!
Janyňa hoş ýakýar gülleriň müşgi,
Arkadag!
            Ömrüňe goşulsyn ömür!

Erkinlige, rahatlyga kepilim –
Kanunym goraýar bagtyýar ilim.
Şükür!
Beýik döwür bagtyma düşdi!
Waspyn dessan eýläp saýraýar dilim.

Uzak ýaşa, sahawatly Arkadag!
Bagt binaň degresi gül, ýaşyl bag.
Beýik köşkler gurýar ýüregiň yşky,
Seniň bilen külli türkmen bagtyýar.

***

Owazasy Arşa ýaň salan şahyr,
Nesilleň şygryna diň salan şahyr,
Bu gün tirsegine galkynan şahyr –
Pyragy – türkmeniň kalbynyň nagşy!
Keremli topraga mizemez yşky –
Durşyna goşgy.

Ýaban SAPAROW

## Pyragynyň güzeri

Her gezek gül büräp ýakyn, yragy,
Mähre öwrülende Günüň nazary,
«Gel!» diýýär Jeýhunyň ýaşyl kenary –
Beýik Pyragynyň inen güzeri.

Bu günem…
Alaýaz, ak ýagyş ýagýar,
Böwsülipdir çal bulutlaň «meşigi»
Ýeriňem, gögüňem «ylhamy» çogýar,
Şat bilbiller ter gülleriň aşygy.

Kenar beslenip dur bagy-bossana,
Könül telwas edýär şeýle hoş güni.
Belki-de, şu ýerde gelip heýjana,
Artandyr şahyryň göwün joşguny.

Çal tolkunlar mawy gögi ogşaýar.
Geň zat,
Ýere-göge ýetip dur yşky.
Heňňam aýlansa-da baky ýaşaýar,
Çägesöw kenarda okalan goşgy.

Gör, ýene kenara urulýar gomlar,
Mele hanasyna syganok dyňzap.
…Olardan şahyryň owazy gelýär,
Bakylyga dönen aýdyma meňzäp.

# Pyragy

«Elif» – elwan enwer deý dünýä gelgen Pyragy,
«Bi» – bir paýhas daragty saýa salgan Pyragy,
«Ti» – timarlap, taraşlap pähim laglyn Pyragy,
«Si» – symrug, «Jim» jemalga, aşyk bolgan Pyragy,
«Hi» – hijrana ulaşyp, köýüp-ýangan Pyragy.

«Hy» – hyrkaly hekimmiň, hafyzmyň ýa pirmiň sen?!
«Dal» – dalkly derwüşmiň, heftenlere ýarmyň sen?!
«Zal» – Zalu, «Ri»-rüstemmiň, «Zi»-Zibeýir şirmiň sen?!
«Sin» – Sinada raz aýtgan, Musa kibi ärmiň sen?!
«Şin» – şineläp şejerlen, şugla çaýgan Pyragy.

«Sad» – sadyky arydyr, yhsanyň şerigatda,
«Zad» – zatynda, «Taý»-taýsyz, tagatyň tarykatda,
«Zaý» – zahyrdyr, «Aýn»-aýan, mertebäň magryfatda,
«Gaýn» – gaýypdan gows, gowuşmyş hakykatda,
«Fi» – firdöwsi-aglaýa, arşa galgan Pyragy.

«Kef» – Kelami-Şerifden, kalbyn ataş eýlemiş,
«Käp» – käbeýi-Hanaýa, umydyn joş eýlemiş,
«Lam» – «La-ilaha-illal-la»-didesin ýaş eýlemiş
«Nun» – Nebiýu nurundan, ylham algan Pyragy.

«Waw» – wysala uçraýyp, dergähde bihuş bolgaý,
«Hi» – hylwatda hemaýat, bir käse meý noş bolgaý,
«Lam-elip» – leýletil-gadyr, erenlere duş bolgaý,
«Ýa» – ýaradan ýardamyndan, imany ýoldaş bolgaý,
Şahyr waspyn, ile ýaýgan Pyragy.

## Pir çykan Pyragy

Asyrlaryň jümmüşinde yz goýup,
Bagtly nesillere ýeten Pyragy.
Halkynyň bagtly geljegne uýup,
Bu gün tirsegine galan Pyragy.

Sowady daş ýaran ahunyň ogly,
Batyrlykda nusga oňa Görogly.
Nirde bolsa Hak tarapyn goragly,
Hak ýoluna gulluk eden Pyragy.

Okadykça sorag tapan bendesi,
Jogap tapman, soraglarnyň bendisi.
Pederden ak pata alyp kendisi,
Baryp Şirgazydan çykan Pyragy.

Dörüp bu ýerdäki kitaplaň baryn,
Tapmansoň agtarýan jogaby-taýyn,
Ýene ýola düşdi – özüdir saýyn,
Soragly kalbyny ýakan Pyragy.

«Söýgülsine» Meňli diýip at goýan,
Döwrüň işan-mollasyny ät goýan.
«Ýarym» diýip gadamyny set goýan,
Ýar öňünde dyzyna çöken Pyragy.

Iň ýakyn syrdaşy Keremli Kur’an,
Manysy dilinde serilgi Kur’an.
Goşga geçip, ýetdi halka ol «bora:n»,
Hak gözleginde Pir çykan Pyragy.

## Rahmanberdi GÖKLEŇOW

# Pyragynyň Watany

Ýel öwüser ýüwrük atlaň badyndan,
Gül öwüser çogly Günüň odundan,
Alkyş ýagýar iliň-günüň adyndan,
Hemaýatly – Pyragynyň Watany!

Döwleti artandyr, rysgy ýagandyr,
Bereketi derýa bolup çogandyr,
Bir-birege gardaş, dostdur, dogandyr –
Delalatly – Pyragynyň Watany!

Dünýäsi gözeller, döwri gözeller,
Hoş günüdir, hoşwagt bolup gezerler,
Hoş sözi bar – asal içre ezerler,
Hoşamatly – Pyragynyň Watany!

Mähir joşup, köňül awlanar munda,
Ekramy gözeldir myhman öňünde,
Niýeti nepisdir, yşkyň ýolunda,
Halal halky– Pyragynyň Watany!

Adyl hany, sözi janyň dermany,
Ýol edinen döretmäni, gurmany,
Berjaý munda Magtymgulyň Permany –
Adalatly – Pyragynyň Watany!

Bagty gurýan munda,
munda ussalyk,
Gülki-şatlyk öýi, ýatdyr gussalyk,



11. Sargyt №350

Hemmäň bagty üçin dünýä nusgalyk
Syýasatly – Pyragynyň Watany!

«Parahatlyk bolar, ösüş bolanda» –
Aýdymy ýaňlanýar dünýäň dilinde,
Ine, şeýle bolýar, ykbal gülende,
Salamatly – Pyragynyň Watany!

## Ak pata ber ýoluma!

Adyň doldy äleme,
Hezreti Magtymguly!
Ak pata ber ýoluma,
Hezreti Magtymguly!

Oňa uýan wagtyndan
Dirär hemmäň bagtyndan,
Ylym ýolun ýagtyldan
Hezreti Magtymguly!

Şygryýetiň ägirdi,
Ussatlaryň şägirdi,
Geljegi öňden gördi
Hezreti Magtymguly!

Her pähimiň manysy
Dürüň, zeriň dänesi.
Türkmenimiň danasy –
Hezreti Magtymguly!

Söýgi dünýäsi Sende,
Yşkyň deryasy Sende,
Derdiň dogasy Sende,
Hezreti Magtymguly!

Nakyllaryň zergäri,
Akyllaryň serweri,
Söz şalygnyň Serdary –
Hezreti Magtymguly!

Hakyň söýen şahyry,
Halkyň söýen şahyry,
Şahyrlaryň ol piri –
Hezreti Magtymguly!

## Mämmetgurban MÄMMETGURBANOW

# Mirasyň Magtymguly

Şygyrlaryň pähimli, kämillik biýr kämile,
Paýhasly dahanlara senasyň Magtymguly.
Her bir sözüň şugladyr, röwşen çaýar zemine,
Asyrlara ýol salan danasyň Magtymguly.

Niçe şygra joş berdi Meňliniň gaş kakyşy,
Gözel gyzyň Aý bolup Güne sary bakyşy,
Saňa aýan görünmiş «suwdan oduň çykyşy»,
Ummanyň tolkunlary telwasyň Magtymguly.

Azadydan öwrendiň, az gördüň okanyňy,
Mydam özüňki saýdyň il-günüň ykbalyny,
Dünýä ýaýdyň türkmeniň şygyrlar mukamyny,
Hakdan berlen zehiniň, yhlasyň Magtymguly.

Ylhamyň galam boldy döretmegi küýsäňde,
Yşkyň alawy bardyr gül-gunçalaň ysynda,
Akyl gämiň batyrdyň pikirleň derýasynda,
Ýüreklere ýazyldy dessanyň Magtymguly.

Arzuw eden döwletiň bu gün boldy berkarar,
Gahryman Arkadagly türkmen halky bagtyýar,
Okap-okap ganma ýok, ýürek ýene intizar,
Egsilmejek hazyna mirasyň Magtymguly.

## Ýaryň Pyragynda

*Pelek älem ryswa kyldy, aýyrypdyr zarymdan,*
*Ne iş kylsam habar bilem men ol Meňli ýarymdan...*

Magtymguly Pyragy

Ajaýyp gözel gyz düýşüme girdi,
Ol şeýle bir täsin daňly gelipdir.
Köňül ylhamyma şerbetler gardy,
Bu äleme täsin heňli gelipdir.

Ýa on sekiz, ýa on dokuz ýaşynda,
Zer çaýylan gupbasy bar başynda,
Tawuslar gallaşyp gezer daşynda,
Päklik ýaýýan säher demli gelipdir.

Aýan, ähli gözellere şadygy,
Haýrany men, köňül onuň sadygy,
Gunça-güldür, gudratdandyr pudagy,
Mähir seçip, öňli-soňly gelipdir.

Geçmişden alypdyr gözbaş - hanasyn,
Hak päklikden döredipdir synasyn,
Bendi edip asyrlaryň danasyn,
Hasaby çoh, pikri jemli gelipdir.

Deňlik munda, dadana hem doýana,
Bu jahanda gudrat kändir duýana,
Gursagyny päkläp, çäksiz söýene,
Kabul bolmuş, goşa ömri gelipdir.

Göz öňümde Zemin döndi päk köşge,
Köňül imrinipdir ol ajap keşbe,

Ýüregiň atygsap bolsaň bir teşne,
«Sowuk suwly, ter öleňli» gelipdir.

Oň teninden ak däl, gyşyň gary-da,
Görkünden egsikdir Aýyň nury-da,
Aýdyň, beýle periň asly nireden?
Ili gökleň, diňli-diňli gelipdir.

Bir bak ahyr, şygyr ýazmaň wagtymy?!
Ynsanyňmy, ynsanýetiň bagtymy?!
Aşygydyr dili dür Magtymguly,
Ismi gözel, ajap Meňli gelipdir.

## Ady belli söwdügim

*Ady belli, arap tilli söwdügim.*
Magtymguly

Seždegähim Magtymgulytagala,
Ady belli, türkmen dilli söwdügim.
Perişdäň zemine sapary ylla,
Ady belli, türkmen dilli söwdügim.

Äpet pikirlerňe dünýä darmyşyn,
Ýüregi Gün kibi ýanan narmyşyn,
Saňa egin deňlän haýsy ärmişin,
Ady belli, türkmen dilli söwdügim.

Owazyňa hassa geler essine,
Pyganyňa iki jahan tisginer,
Saýýaraň dokuzsam mätäç ismiňe,
Ady belli, türkmen dilli söwdügim.

Akmaklyk siline gurulan bentdir,
Göreni görgüdir, çekeni dertdir.
Dünýäde bir adam mert bolsa mertdir,
Ady belli, türkmen dilli söwdügim.

Ömrüň dünýäň set soragnyň jogaby,
Heňňam durup çözülmejek sowaly,
Köňüli armanly, dili dogaly,
Ady belli, türkmen dilli söwdügim.

Bendelerne syryn ýaýyp Hudaýyň,
Bilmen gazabyna neneň çydanyň,
Türkmenleriň halk hökmünde ykrary,
Ady belli, türkmen dilli söwdügim.

## Magtymguly içgepletmesi

Soldy köňlümiň sonary,
Selmäňe kaýyl boldum.
Çöller içre ýeller bilen
Ýelmäge kaýyl boldum.

Köpi isläp, azdan galyp,
Elhala kaýyl boldum.
Derwüş kimin «hüw-hak» diýip,
Barmana kaýyl boldum.

Kim egser egsik ýüregmiň
Derdin özüňden gaýry.
Alnymda ne günäm bardy,
Gara gözümden gaýry?!
Medinäm – ilime medet,
Ýara sözümden gaýry,
Pelek, senden zat görmedim
Demir dözümden gaýry.
Hemaýat, hemdemden geçdim,
Armana kaýyl boldum.

Meňli hanym çeşmin ýumdy,
Ýaşa boýap didelermi.
Gündizlermi gama goýdy,
Ýasa orap gijelermi.
Gam uşlyby dönderermi
Igledip, ige meni?!
Ýalňyz goýup giden bagtym,
Dolanmazmy, idemezmi?!

Gitdi göwnümiň gymmaty,
Arzana kaýyl boldum.

Ne ýüregmi nar deý ýakyp,
Üflir sen ýeliň bilen.
Asal kyljak şor täleýim
Sen niçik balyň bilen.
Seýiklär sen synan köňlüm
Niçiksi ýelim bilen?!
Ýalňyzlyga gamdaş boldum,
Höwrükdim ölüm bilen.
Bir söz eýle, razy men,
Permana kaýyl boldum.

Elendim, egbarladym,
Egildim elip kysmy,
Gam gurçugy iýdi tenim,
Çydadym Eýýup kysmy.
Erenler em eýlemedi,
Görenler egnim gysdy,
Göwräme sygan ýüregme,
Älem görünmiş gysby,
Bugdaý söze mätäç degil,
Ýarmaňa kaýyl boldum.

Gam baýlyk bolan bolsady,
Ger Karun biziň ýanynda
Saýardy özün daýym
Pukaralaryň sanynda.
Gam şalyk bolan bolsady,
Süleýman biziň ýanynda

Pygan tartyp, perýat eýläp,
Dat ederdi mydaryndan.
Diýerdi «Derdime – em,
Dermana kaýyl boldum».

Ýanan oduma Ýaradan
Diýmedi «Tüsseleme»,
Hatda hasrat şalary hem
Bolmazdy nusga maňa.
Ýyllar meni ýugrupdyr,
Suw urup gussa-gamma,
Garagym gana ýetipdir,
Maňlaýym deste deňe,
Gözýaş bilen oňsa yrza,
Armana kaýyl boldum.

Şöhrat AGALYÝEW

## Magtymgulynyň heýkeliniň öňünde

Baharyň şemalyn äkitdi ýagyş,
Baharyň bedeni ýuwulýar, ynha.
Daglaryň dumany barha açylýar,
Ezilýär heýkeliň bir özi tenha...
Şonda-da nazarlap ýakyn-yragy,
Hanha, otyr Magtymguly Pyragy!

Ol hem-a dünýäniň beýik şahyry,
Hem goja şahyry çarhypelegiň.
Wyždanyň kanunyn ýazan alymdyr,
Hem dünýä ýaýandyr halkyň edebin.
Ylma teşneligiň ajap çyragy –
Ady älem – Magtymguly Pyragy!

Stawropol, Astrahan hem Eýran,
Angliýamy ýa Özbekmi, ýa Owgan...
Dünýäň her bir türkmeniniň öýünde
Şygyrlar okalýar aýdyma sygman.
Olaň durmuşynyň beýik şygary,
Ruhy hörpi – Magtymguly Pyragy!

Okadygymsaýy has beter söýýän,
Söýýän Jeýhun bilen Hazar arasyn.
Bagtyýar döwrümiň eşretin duýýan,
Arkadagyň zähmetiniň barysyn.
Nesilleriň akyl-paýhas çyragy,
Hem röwşeni – Magtymguly Pyragy!

Ýeneler diýerler: Lermontow, Puşkin –
Diýerler: Baýron hem Geýne, Şekspir...
Atlaryn tutarlar müňläp gezekler,
Näçe magtalsa-da geniler bir-bir,
Olaryň her biri aýdylan çagy,
Ýaňlanjakdyr – Magtymguly Pyragy!

## Magtymgulydyr

Dana pirleň paýhasyna eýerip,
Arşdan gözbaş alan Magtymguludyr.
Gapyllaryň hakydasyn oýaryp,
Ýoluna nur salan Magtymguludyr.

Geçmişiň keremli sözlerin jemläp,
Ruha siňip, arşda uçýar pelpelläp,
Niçeleriň göýdük aňyny emläp,
Dilde doga bolan Magtymguludyr.

Pikirlerin deňäp Jemşit jamyna,
Bermerin dünýäniň hany-manyna,
Kalbyn berip, okanlaryň aňyna,
Paýhas bolup siňen Magtymguludyr.

Her sözüne dem salypdyr erenler,
Jaý tapar göwnüne okap görenler,
Gandyrýandyr keramatdan-keremden,
Hak söýgä ýugrulan Magtymguludyr.

Hemra HAÝTJANOW

## Magtymguly

Sen dünýäni segsen ýyllap aýlandyň,
Ýedi gat asmany para kyldyň demiňe,
Magtymguly!
Bulutlary deşen ýyldyzlar ýaly,
Tümlügin paralap ýedi yklymyň,
Yhlasyňa haýran edip älemi,
Bulutlardan çykan Gün bolup bakdyň.
Ýetmiş şanyň başarmajak işini,
Ýüz müň guluň başarmajak işini,
Başardyň baky şygyrlaň bilen.
Şygryýetde ebedileşdirdiň adyňy,
Seň adyň bilen edebileşdi Şygryýet.
Gözleriňden şöhle düşüp äleme,
Edebiýatda täze güller döredi.
Müň gezek yhlasyňa, söýgüňe ýuwup,
Umydyňa bendi etdiň dünýäni.
Sen halkymyň urup duran ýüregi,
Damarynda atygsaýan gany sen!
Garybyň ojagnyň alawy bolduň,
Müň bir derdiň dermanyna öwrüldiň!
Sen halkymyň ummanyna öwrüldiň.
Sen halkymyň ynamyna öwrüldiň!
Ejirli, ezýetli, azaply günler,
Gaýa ýaly belent tutup döşüňi,
Sen halkymyň daýanjyna öwrüldiň.
Sen halkymyň buýsanjyna öwrüldiň!
Sen halkymyň aýdymyna öwrüldiň!
Halkym seniň ruhuňa daýanýar,

Halkym seniň adyň bilen oýanýar.
Sen halkymyň dünýä beren gudraty!
Şygyr dünýäsiniň şasy Pyragy!
Ýürekleri baky ýyladyp duran,
Umyt atly baky ýanýan ýürek sen!

## Şyhmyrat BATYÝEW

# Magtymguly sen

Pikir derýasyna çümüp niçeler,
Ýene ýüzüp çykan Magtymguly sen.
Diwanyň agtaryp uzak gijeler,
Hak ýoluna uýan Magtymguly sen.

Namarda zar bolman, özüň mert saýyp,
Her setiriň şalaň ýüregni gyýyp,
Her kesden ýüz görmän, gönüsin diýip,
Il hesretin çeken Magtymguly sen.

Ýazlag wagty baryp çopan goşuna,
Guwandyň guzulaň bökjekleýşine,
Gyýlyp käte olaň ýetim galşyna,
Ajy gözýaş döken Magtymguly sen.

Başyň goşup zergärçilik kärine,
Ýazdyň şygyrlaryň kümüş-zer bile,
Dürli şaý-sep ýasap söwer ýaryna,
Hoş ýylgyryp bakan, Magtymguly sen.

Käteler ah urup, dünýäge sygman,
Söýgi hesretinden çekdiň sen pygan,
Şonda-da syr bermän, başyňy egmän,
Il derdine ýaran Magtymguly sen.

Gijeler sataşyp «kyrk çiltenlere»,
Oturdyň ümleşip tä ertir ire,
Kalbyňa guýulan nur-iman bile,
Päkligiňde öten Magtymguly sen.



12. Sargyt №350

## Magtymguly

Asyrlaryň çuňlugyndan eşidýän
Pyragynyň owazyny, sesini.
Özüm hem müň dürli oýlara gidýän
Okap onuň beýik pelsepesini.

Ajaýyp pikirler hem dana paýhas
Geçýär heňňamlaryň içinden parran.
Beýik pähimleriň gymmaty gaçmaz,
Gelýär halkym ony ýatdan çykarman.

Iki ýarym asyr mundan öň dörän
Şygyrlar şu gün hem päkleýär kalby.
Kim okasa ony öwranma-öwran,
Bagtly gelejegi berip dur salgy.

Ömrüň orta bolup, ýaş goýaldykça
Magtymguly bolýar saňa has ýakyn.
Şygyrlary ýollarmyza nur saçýar,
Tümi böwsüşi deý ak şöhläň, ýagtyň.

Şygyrlarňy okap, haýry hem şeri
Saýgarýas dünýäde garany, agy.
Ýaş toýuň toýlaýar türkmen illeri,
Ussadymyz Magtymguly Pyragy.

**Oguljemal ÇARYÝEWA,**
*Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri*

## Huzuryňy ýüze sylýan

*Hak sylamyş, bardyr onuň saýasy.*
Magtymguly.

Huzuryňda otyryn, elde seniň depderiň,
Durmuşyma nesihat her bir aýdan gepleriň.
Yşk bolup howalanyp geldi «Gökje kepderiň»,
Azadydan göwherli,
Sözi aby-köwserli
Gurdugyň bardyr munda, budur türkmen binasy.

Şygryňy ýüze sylýan, gördüm täsin dükanyň,
«Guş dilinde» saýranym, bäri gel, gör mekanyň.
Arşyň syryny berdiň, Zemin çaldy mukamyň,
Hakdan alyp halatyň,
Akyl-paýhas ganatyň,
Aýdan sözüň ilimiň dilleriniň senasy.

Çagladyň saba turup «Watan» sözün, ezizim,
«Seni Senden isläniň» seni söýlär henizem.
Çyn aşygyň huzurynda hyzmat eder keniziň,
Yşk sözi zybanynda,
Çoh syry diwanynda,
Bilýäs, seni Hak sylamyş, bardyr onuň penasy.

Kyrk aşyga suw beren bir ylahy jugradan,
Maksadyň myrat bolup döwlet gurmak sargydyň.
Söz ülkesi içinde bürgütmidiň, nermidiň,
Il-ýurduna gol beren,

Şu güni aýan gören
Bu gün sözüň hossarly – budur bagtyň güwäsi.

Berkarar ýurt islediň – seret dünýä şan bolan,
Prezidentiň ak ýoly jan içinde jan bolan.
Hak sylap nazaryndan bagtyýar zaman bolan,
Şa – Taňrynyň saýasy,
Iliň ynam gaýasy,
Arkadagyň gurdugy, budur türkmen binasy.

Arzuwlarňy hasyl kyldy Humaý guşly Arkadag,
Halky Gün kibi çoýup, ula-kiçä sarpa bar.
Gyrat münüp çykanda beslenip dur görke dag,
Döwlet guşy başynda,
Dost-dogany daşynda,
Magtymguly, mertebäň dünýä ýaýdy Arkadag.

Hudaýguly GURBANOW,
*Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri*

# Beýik Pyragynyň şygyr dünýäsi

Ylham ummanynyň gözbaşy ýaly,
Beýik Pyragynyň şygyr dünýäsi.
Akyldan-paýhasdan pürepür doly,
Beýik Pyragynyň şygyr dünýäsi.

Monjuk deý düzülen manyly sözler,
Oňa maýyl bolup, doýmaýar gözler.
Köňle ornan müdimilik owazlar,
Beýik Pyragynyň şygyr dünýäsi.

Jahan içre Magtymgulyň tarypy,
Ähli döwrüň, ähli göwnüň şahyry,
Ussatlyk ýolunyň öçmez taryhy,
Beýik Pyragynyň şygyr dünýäsi.

Zergär bolup sungat döreden eli,
Bilbil bolup saýran şahyryň dili,
Bagtyýar durmuşa çagyrýar ili,
Beýik Pyragynyň şygyr dünýäsi.

Halkymyz taryhyň gatyny açýar,
Geçmişden şu güne menziller geçýär,
Äleme nurana şuglasyn saçýar,
Beýik Pyragynyň şygyr dünýäsi.

## Magtymgulyň şygyrlarny okasaň

Paýhas deryasynda ýüzdürer seni
Magtymgulyň şygyrlarny okasaň.
Özüňçe açarsyň täze dünýäni,
Magtymgulyň şygyrlarny okasaň.

Her setirde, her bir bentde müň many,
Päklik ýola çagyrýandyr ynsany,
Eçilip dur ruhy lezzetiň käni,
Magtymgulyň şygyrlarny okasaň.

Şygyr diwanyny alamda ele,
Dogaýy sözlerim gurşalýar dile,
Aýdyň ýol açylar sag bilen sola,
Magtymgulyň şygyrlarny okasaň.

Ol – durmuş mekdebi, manysy ömrüň,
Waspy bar şu günüň, geljekki döwrüň,
Ata Watan bilen badaşýar bagryň,
Magtymgulyň şygyrlarny okasaň.

Ýagşy nepiň ýetse ýakyna-ýada,
Gözel dünýäň has hem bolar zyýada,
Akyl ýetirersiň ýene köp zada
Magtymgulyň şygyrlarny okasaň.

## Pyragym

Ýürek joşup, beslenýäs toý donuna,
Şygryýet älemniň şasy Pyragym.
Şirin sözler ýaňlanyp dur şanyňa,
Şygryýet älemniň şasy Pyragym.

Ylhamyň nur saçýan binasy beýik,
Binýadyn gurduň sen ýürekden söýüp,
Sarpa goýýas «Ruhy atamyz» diýip,
Şygryýet älemniň şasy Pyragym.

Dilde dessan bolan Magtymguly sen,
Ussatlar bagynyň parlak güli sen,
Aramyzda ýaşap ýörsüň häli sen,
Şygryýet älemniň şasy Pyragym.

Geçse-de aý, ýyllar, geçse-de heňňam,
Sözleriň kalbynyň owazy hemmäň,
Poeziýa ýolunda joşgunly umman,
Şygryýet älemniň şasy Pyragym.

Başymyzy egip aramgähiňe,
Aýat-töwir okap ýörüs ruhuňa.
Gel, gaýypdan, gel, goşul toý şowhuna,
Şygryýet älemniň şasy Pyragym.

## Annamuhammet KIRŞENOW

# Näme sen?

Sen bir erenmisiň, adam sypatly,
Eren sypat adammy sen, näme sen?!
Sözleriň merjenmi, dürmi, sadapmy,
Köňülleriň şadymy sen, näme sen?!

Şeýdamy sen, gapyllykda gurulgan
Tora düşüp, jahan içre urungan?
Jebrut äleminden, Jelil syryndan,
Zemine ýol-ýodamy sen, näme sen?!

Ýa iman nurumy, asman Günümi,
Ýanyplar ýagtyldan zulmat tününi?
Adyň aýdym eden ili-günümiň,
Hakydasy, ýadymy sen, näme sen?!

Göre-göre billerini owuşyn,
Bu gahba pelekden göwni sowaşan,
Türkmenimiň ol gün arşa gowuşan,
Dilegimi, dadymy sen, näme sen?!

Gahatlykdan gabyl bolup minnete,
Başyn götermäge bilmän milt ede,
Hakykat sözüne suwsan millete,
Hakdan inen badamy sen, näme sen?!

Seni görenleri göreni gören
Adamy görmegem bagt, megerem.
Men mamla bolaryn bu gün müň keren,
Diýsem: «Ýagşyzadamy sen, näme sen?!»

## Gerkezde

Men seniň goýnuňa geldim Gerkezim,
Diýdiler: «Gör, gözel-gözel ýerlerin!»
Görkeziň, gardaşlar, maňa görkeziň,
Pyragyň namalar düzen ýerlerin.

Bir-birlerine eginlerin deňlän
Daglary – şahyry gören hem diňlän...
Görsem, gijelerne garaşyp Meňlä,
Arzuwlar kölünde ýüzen ýerlerin...

Dursam, Hindistandan ol gün Zübeýda
Getiren çäýnegni synlap bir meýdan...
Ah, göreýin «... jahan içre jan peýda»
Diýip, müň dertlere dözen ýerlerin...

Pyrak çekip bu pelekniň alyna,
Perişan bolandyr il-gün halyna.
Kim bilýär, Abdyllaň giden ýoluna
Garaýyp, umydyn üzen ýerlerin.

Hem bäş ýylda kitap etgen işine,
Gyzylbaşlaň sile atgan işine,
Onuň ahmyr bilen gysyp dişini,
Baka-baka, bagryn ezen ýerlerin.

Soňudagdan ösýän şemal, pessaýlap
Getirýän dek onuň sesini aýan...
... Men mukaddes saýýan, mukaddes saýýan,
Beýik Magtymguly gezen ýerlerin!

## Pyragy

Gep çekmedi, ganym gepin çekmedi,
Çoh çekse-de ezýetleri, Pyragy.
... Namart ýüzne namut bolup bakmady,
Kyn günde, her gezeklerem, Pyragy...

Göwni ganatlylar, guýruk-ýelege
Zar bolmaýar, barmaz kişä dilege.
Ol göni garagna bakdy pelegiň,
Dünýe bilen bezm etmedi Pyragy.

Ýa alyp ugursyz begleň huzuryn,
Urunyplar soramady uzury.
Şahyry bakna etmek – emgek bu gury ...
Şaha-hanga elýetmezdir Pyragy.

Gulzumy gyr sanyp gezen halaty
«Ýar-ýar!» diýe, jana dözen halaty,
Birje görmek üçin onuň kamatyn,
El üzdi kän lezzetlerden Pyragy.

Bilýän, oňa däldir gussa höwür indi,
Toý tutýas şanyna uly göwünden.
... Ah, wagtynda, döwründe, öz döwründe,
Görsedi bu hezzetleri Pyragy...

Özi biziň ömrümize zynatdyr,
Sözi biziň göwnümize zynatdyr –
Ylahy ykbally, Hakdan halatly,
Onuň Şahyr hezretleri Pyragy!

## Hojaberdi BAÝRAMOW

# Pyragy

### I

Ylham guşum!
Tagzym edip alnyňda,
Hem gaşynda dyza çöküp Pyragyň,
Köňül gözgüsine ser salyp bir dem,
Çöşläp gördüm müň bir syryň jogabyn.

Ýaradanyň ýalkawyna duçakär,
Türkmeniň gurdugy tagty-eýwandyr.
Hydyrly ýaýlada çarýan ýazylyp,
Owal-ahyr Hak tarapyn saýlandyr.

Günamasyn dakman özgäň boýnuna,
Oraşan düýş,
Akyl-huşdan gözländir.
Bilse-de palçynyň ýalançydygyn,
Çözgüdini yzlap bu ýalançynyň,
Özi tapyp her bir işiň çak-çenin,
Ýaz, tomus, güýz hemem gyşdan gözländir.
Hyýalasyn bogun-bogun sökeläp,
Sözlese kalbynyň sözün sözländir.

Bir lamekan çekip pena zaryny,
Ýyglap gelse, derdi-halyn bilendir.
Biribara bagryn geren bu türkmen,
Älem içre göreldedir, görümdir.

Düzümdir, nyzamdyr,
Däpdir, adatdyr,
Göwnüne degäýseň – apatdyr, apat!
Türkmen ojagyna gonak bolanyň,
Maly başbitindir,
Seri salamat.

Ýagşy niýet bilen çykyp öýünden,
Ýodadan ýol ýasap, dolandyr dünýä.
Bu türkmen öwrülip tire, kemana,
Dogduk mekan üste ganatyn gerýär.

Ýol gurýar, ýol üste döredip döwlet,
Dowamatyn ýazyp barýar taryhyň.
Haýyr-sahawatda,
Pähim-paýhasda,
Äleme görkezip pälwan gaýratyn.

Oguzdyr, Gorkutdyr, guntdur, dogumdyr,
Görogludyr – bibaş dünýä ser, başdyr.
Sözi – sözdür, kemi, üstesi bolmaz,
Ne eýläk, ne beýläk, dana gardaşdyr.

Ýady – ýaran,
Dosty dogan saýmakdan,
Mertebeden gaýry bähbidi ýokdur.
Sabyr-takat içre,
Kanagat içre,
Zeminiň çarhyna öwrülen okdur.

Gaçmaz,
Gaçsa oýny bardyr elheder,
Kowsa, aman galmaz gerdende başyň.
Türkmen dünýä sahawatdyr, bilip goý,
Bilip goýgul şuny, eziz gardaşym!

Dünýäniň iň köne
Hemem iň täze,
Taryhy türkmenden türkmene çenli
Dowam edip,
ýene tapyp dowamat,
Adamzada täze döwür eçildi.

Altyn aralykdyr saýlap seçeni,
Aga – ak,
Gara-da gara diýýändir.
Toýda al-ýaşyldyr egne besläni,
Maňlaýyny diräp Ýyldyz dagyna,
Ýüzün ýuwup, tylla Günüň çoguna,
Başyna paýhasdan jyga geýýändir.
Türkmen tagzym etmek üçin bir merde,
Owal-başda özüne baş egýändir.

Bir aýypsyz bolmajagyn bilse-de,
Il ortadyr köňül içre çyragy.
Gaýry bir alajyn tapmany üçin,
Öz-özünden tapyp bir beleň, göçgün,
Resuldan soňra, beýik Biribar,
Iki aralykda goýman bir çygar,
Bilmek üçin nur-imany, ygrary,
Türkmene dözülmiş molla Pyragy.

## II

Ol nämedir, gyzyl-elwan, zerewşan,
Öýsün gurup,
Duzak gurup, görünmän,
«Gasygy gam bilen doluka dünýäň»,
Sen nire, gam nire, gür ber, Pyragy!

Ýok, menden saňa däl, gör, senden maňa,
Uzap gaýdan ylham öwrülip mana,
Edepdir gaşyňda durmak salama,
Epilip Zemine dyzlar, Pyragy!

Owal-başda saýlap ýagşy, erbedi,
Ne beladyr, Taňry bermiş bu derdi,
Iller şady-horram, sen (heserbendi),
Aýt, kaýan ugramyş, ýollar, Pyragy?!

Tapyp munda ýagşy-ýaman hesibin,
Bakylyga çeken eken nesibäň,
Gör, dünýe garrapdyr, dişin gysyban,
Başyndan inensoň, duman Pyragy!

Serime sygmansoň, bolup men sermes,
Şygyr ummanyňa urmuşam telwas,
Däli derýa içre ýan bermez guwwas,
Bir senden islärin, güzer, Pyragy!

Bu türkmende iman – adatdan dörän,
Adatdan daşary tapmarsyň iman,
Bu saňa ynamym, ýok zerre güman,
Paýhasyň bagrymy ezer, Pyragy!

Ýazdygyň bir dessan,
Boldy müň kyssam,
Toýda, ýasda sygynanym, elkyssam,
Syryň aňabilmän zemin-u-asman,
Gurhana ýapyşmyş, pirler, Pyragy!

Baş bolmasa göwre läşdir, gözýaşdyr,
Bu bir hyýal, bent goýmasaň, düz aşdyr,
Söýün han ýaýlasy dünýä gözbaşdyr,
Neýlerem, tapmasam kenar, Pyragy!

Berkarar döwletiň çekip zaryny,
Orta goýduň sözüň gaýrat-zoruny,
Dilim-dilim paralaplar bagryny,
Haýbatdan düşüpdir şirler, Pyragy!

Her çen ele alyp döwet galamy,
Ýerbe-ýer goýupsyň agy, garany,
Oguzhan kowmunyň aram, karary,
Tereň derýa çökmüş dürler, Pyragy!

Gör, nirden başladym, nireden çykdym,
Bilmedim çykdymy, çykmady çakym,
Pikir ummanyňa çümüpdir aklym,
Çykaýyn kenara, el ber, Pyragy!

Elbet, sagyň bolsa, soluňam bardyr,
Türkmene ejizlik namysdyr, ardyr,
Köňül gözgüsine sygmadyk Ýardyr,
Ata Watan bilnen düzler, Pyragy!

Saňa golaý baryp, özümi tapdym,
Ýürek töründäki sözümi tapdym,
Äleme belgili ýüzümi tapdym,
Türkmene mertebe, münber, Pyragy!

Paýhas diwanyňy alyp ele sen,
Ömür aşyp, heňňam aşyp, gele sen,
Ruhy pygamber bolup ile sen,
Dowamat dowama galan Pyragy!

Hakdan perman bolup, çüwensoň ykbal,
Arkadag pähminden ýurt tapdy ykrar,
Diňe türkmene däl, äleme derkar,
Diliňde saçylan dürler, Pyragy!

«Döwlet adam üçin» – kesipdir her gün,
Halala sygynmak – hesipdir her gün,
Didarlaşyp durmak nesipdir her gün,
Ýitip gitmez ýaly yzlar, Pyragy!

**III**

Ýene ýolum düşdi, gadamyň düşen,
Nurana düzlere, daglara, şahyr!
Birdem huzuryňda baş egip seniň,
Köňül telwasyna diň saldym, şahyr!

Görsem bu ýollaryň başy-aýagy,
Senden Saňa çenli taýak atymdyr.
«Şägirt men» diýere hetdim ýok, hernä,
Armanym nä bolsam kündüktutaryň.

Golumda diwanyň, kalbymda yşkyň,
Alnymda heýkeliň – giden bir umman.
Iki dünýäň jogabyna öwrülip,
Bir pynhan syrlary gür berýär dynman.

Gussaň güýzüň ýapragyna siňipdir,
Siňipdir ýagyşlaň siňşi deý ýere.
Çyplaň çybyklara bukuldym oýnap,
Gör, azara galýar gözel Aýdere.

Sumbar suwdan çykan suw perisi deý,
Towlanjyrap akýar, tolgunyp akýar.
Öň asmandan ýagmyr dilän Gerkeze,
Bu gün asman ýyldyz gözlerden bakýar.

Ho-ol alysdan gaýdan bölejik bulut,
Saňa gelip, bir dem demin dürsäp dur.
Öýlänçä öwrülip, goç ýigitleriň,
Döşi ýaly gaýalary ýuwup dur.

Dagy alaç tapman höweslerine,
Bulaklar baş alyp akypdyr çaýa.
Howalanyp otyr, hiňlenip otyr,
«Köşek uçan» köşek ýaly gök gaýa.

Bilýän, munda juda aňsadam däldir,
Paýyňa düşensoň bagtyň ulusy.
Düýe daşlar iç hümledip, ýarylyp,
Döräpdir türkmeniň Magtymgulusy.

«Nesipli gün heňňam aşyp, ýol aşyp,
Ýol düşse, ýol üste daşyn öpüp git!



13. Sargyt №350

Sen bu jülgä ýa-ha şahyr bolup gel,
Ýa-da şahyr dessanyna çümüp git!»

– diýip, öz-özüme berip teselli,
Heserli başyma tapmamsoň aram,
Müň öwra gatnadyp akyl elegin,
Ýene müň bir gezek saňa barýaryn.

Az däl ahyry albaý bulap,
Al salyp,
Ýalançynyň gara ýere düýnäni.
Seni okap göz ýetirdim, Pyragy,
Diňe ýazyp bilen ýeňer dünýäni!

Saňa şahyr diýsem şygyr öýkelär,
Şirin saz öýkelär, öýkelär aýdym.
Sen şygyrdan sazdan, hemem aýdymdan,
Has belende galan milli AÝGYDYM!

Sen däl, dünýä alyp senden bir tebil,
Paýhasyňa baş egip dur, gör, bu gün.
Şahyryny başa täç edip bilen,
Türkmen ili döwran bu gün, toý bu gün!

**IV**

Bir damjadan müň damja dönüp derýaýy Nile,
Heňňam aşyp, ýol aşyp, gelmiş serbe-ser ile.
Bahry-Hazar arasy läle-reýhan, gülgüne,
Öz-özünden heserläp, öwrülipdir bilbile,
Gelseň köşki-eýwandyr hupbul Watan, Pyragy!

Geriş-geriş daglary galasydyr türkmeniň,
Uç-gyraksyz Garagum halasydyr türkmeniň,
Ýaz ýagşyna ýarylan ýaýlasydyr türkmeniň,
Dowamata ýol salan paýhasydyr türkmeniň,
Namysy galkanydyr, tursa tupan, Pyragy!

Genji-käni Hakdandyr, ýokdur artyk, yrýasy,
Gonagyna açykdyr köňülgähi, dergähi,
Pyýalasy zerdendir, serhowuzdyr demgähi,
Zereňdir hem tereňdir aby-köwser derýasy,
Gözüm üste ýoluňdyr, ursaň gadam, Pyragy!

«Üç essesi däli derýa», zemin para-paradyr,
Serlere sygmadyk hyýal görülmedik adadyr,
Şygyrlaryň herki-zaman gamgyn-şady agladar,
Sen türkmene, türkmen saňa şan-şöhratly badadyr,
Hoş kylaýyn, ber ygtyýar, çekme pygan, Pyragy!

Her setiriň, her bendiň bogun-bogun sökeläp,
Paýhasyňa imrindim, zer-dänäňi çokalap,
Umman saldym kiştimi, bagrym bilen kürekläp,
Inmişem güzeriňe, käkilik deý käkeläp,
Hyrydary set-müňdür, açsaň dükan, Pyragy!

Gör-ä, bu jan bu dünýäň özi ýaly pynhandyr,
Bu syrlaryň açary nur-imandyr, «Alhamdyr»,
Bendesine dözülen aň-pikirdir, ylhamdyr,
Senden galan owaza, bakylyga suwsandyr,
Yşkyň yşkym şerhidir açsaň zyban, Pyragy!

Sen bir bilbil, menem bir gul, gullugyma kaýylam,
Magny ummanyna dönen paýhasyňa saýylam,

Serhed-u-çäklere sygman, zemin üste ýaýylan,
Gara başy orta goýup, jan-u-tenden söýülen,
Diýara şöhrat-u-şandyr ýazsam diwan, Pyragy!

Diwanyňa gark bolan sillere bent neýlesin,
Magny ummanyňa suwsan gullara dert neýlesin,
Ähti-imanyň görüban, küren-u-kent neýlesin,
Panyga akyl ýetiren şygryňa gunt neýlesin,
Per baglap uçmasa haýran seni okan, Pyragy!

Seždegähim, ner pälwanym, senden nyşan daglar, heý,
Gör, pür-pudak ýaýradypdyr demiň düşen baglar, heý,
Iki dünýäň açary sen, baky döwran-çaglar, heý,
Yşk badasyn başa çeken, bagry-girýan aglar, heý,
Ýoluňa ýazylandyr nury-didäm, Pyragy!

Saýradykça dert gitmän, dert üstüne dert tapyp,
Şam-u-säher-sabada dana başa gert tapyp,
Müň sowaly bitirip, ýene set müň şert tapyp,
Bu namyrat dünýäde bir özüňi mert tapyp,
Ynansaň peýmanymsyň, kybla-Käbäm, Pyragy!

Bir ýandan geçse ömür, başga ýandan geljekdir,
Öýtmegin sen muny bady-howa, çen-çakdyr,
«Çyn bolsa ölüm kada, direlmegem, bil, hakdyr»,
Nury-imandan özgä bil baglamak nähakdyr,
Aklyňa il gurbandyr, ýokdur dawam, Pyragy!

Türkmen täji-tagta çykdy, Haka köňül baglaban,
Berkarar döwlet içre, bagtyýar iller aman,
Arkadagym – ak bagtym, Hak halatly Arzyman,
Äleme belgilidir «Jan Watan, Türkmenistan!»,
Uçmahdan zyýadadyr yşbu mekan, Pyragy!

Köşüli ANNASEÝIDOW

## Bossan siziňki

Magtymguly, huzuryňa geldim men,
Şygyrdan çemenli dessan siziňki.
Gezen ýerleriňe nazar saldym men,
Küýselen ýürekden islän siziňki.

Ynama, yhlasa gowşurdy ýollar,
Öz erkime goýmady bu hyýallar,
Şahyryn belende göteren ilden,
Dowamat dowamly bossan siziňki.

Döwür geçdi, ömür geçdi aradan,
Bu ykbalda zyýaratam bar eken,
Watan diýip degre-daşyn ýaz eden,
Asuda zeminli asman siziňki.

Şahyrym, şygyrlaň düýpsüz bir umman,
Paýhasyň naýbaşy seň agras dymmaň,
Gussaly göwüni seýikläp bilýän,
Lukman sözüň melhem – derman biziňki.

Bu gün şygryýetiň dagyna çykdyň,
Her sözüň kalplara nagyş deý çekdiň,
Köňül asmanyndan Aý bolup bakdyň,
Bu göwün-çyn hormat beslän siziňki.

## Salama geldim

Türkmeniň al-elwan geýen düzünden,
Şahyr Magtymgula salama geldim.
Kalby çoýup parasatly sözünden,
Şahyr Magtymgula salama geldim.

Şygryýeti hemra her ýaşan ömrüň,
Onuň beýik orny goýnunda döwrüň,
Duýgy bossanyna suwsanda göwnüm,
Şahyr Magtymgula salama geldim.

Ýör, göwnüm, daglarda durlaly seri,
Jana melhem Soňudagyň bahary,
Arzuwlaryň hasyl bolýan mahaly,
Şahyr Magtymgula salama geldim.

Seleň sähraň goýny jennet-uly toý,
Keramatly ýerleň dagyn-düzün söý,
Gujak açyp garşylanda Aktokaý,
Şahyr Magtymgula salama geldim.

Joşdy köňül, daşdy ylla sil bolup,
Huzuryňa alyp geldi ýol bolup,
Bu gün dost-ýar, dogan, ulus-il bolup,
Şahyr Magtymgula salama geldim.

## Pyragy

Şahyr!
Bu jahanda hakykat gözläp,
Agtardyň älemiň ähli burçuny.
Erkin pikriň hemem uly paýhasyň,
Doldurypdyr dünýäň akyl horjuny.
Ýazyp gitdiň geçmişi hem geljegi,
Türkmeniň ullakan ýüregi bilen.
Giň älem deý kalby bolup joş urduň,
Gursagy, kükregi, geýregi bilen ...
Bütin durky bilen lowurdadyň sen,
Röwşen çaýdyň dünýäň beýik ruhuna.
Bolman diňe akyldary türkmeniň,
Nesihat berýärsiň arap, rusuna.
Iňlisine, pereňine, almana,
Öz söýgiňi, yhlasyňy siňdirdiň.
Gözi ýaşly adam bolsa dünýäde,
Ylahy goşgulaň bilen diňdirdiň.
Şahyr!
Goşgyň üçin talabyň ýok, muzduň ýok,
Bir çümmüjek söýgi bildirseler bes.
Saňa diňe şahyr diýmek az bolar,
Saňa diňe şahyr diýmek bor hebes.

## Magtymgulynyň ruhuna ýüzlenme

Nesibämiz çeken däldir, elbetde,
Ýogsam zyýaraty arzuw etdim kän.
Çykyp bilmän tümden, galyp gaflatda,
Hyýalymda seniň taýa gitdim kän.

Arzuwçyl oglandym,
durmaz hyýalym,
Jahan içre bir awara ýeldim tut.
Gol doly maşgala,
hemem aýalym,
Gidip-gidip bu durmuşa geldim tut.

San bolmagy isledim seň alnyňda,
Özüm bilen ýalňyz-tenha galamda.
Dileg etdim, çagyrdym seň ruhuňy,
Synmaz eder ýaly meniň ruhumy.

Ýene-de nesibe çekmedi saňa,
Hatda çagyryşam gelmedi maňa.

Ýöne göwnüm uçup gidýär guş ýaly,
Öz umydy bilen Käbä barşy deý.
Bilmän tomsy, güýzi ýa-da gyş, ýazy,
Böwsüp tümlügini Zemin – Arşynyň.

Baryp ýetýär,
guburyňa sežd edýär,
Päklenýär dünýäniň durlanşy ýaly.

Mytdyldap barýandyr bu köne dünýe,
Şol gadymky başda gurnalşy ýaly.

Saňa zyýaraty arzuw etdim kän,
Ýygşyrybam goýdum süýşürenlermi.
Ýöne hyýallarym amal bolmansoň,
Çagama harç etdim üýşürenlermi...

## Magtymguly

Gyýçak daglaň ilersinde guburyň,
Bu daglaryň gaýrasynda sudurym.

Bikarar ýüregim saňa sygynýar,
Kiçem bolsa gursagyma sygmaýar.

Rahatlyk idäp dünýäň ýüzünden,
Kerem isläp Türkmensähraň düzünden,

Togaba geldim men, beýik Pyragy!
Ruhuň göwnüme seýik, Pyragy!

Dünýäniň bir beýik akyldary sen,
Öwüt berip ýören nakyldary sen.

Ejizlere hossar, köňüle hansyň,
Bu goja türkmene şöhratsyň-şansyň.

Türkmeniň ruhunda, synmaz erkinde,
Behişdiň bagynda, jennet görkünde,

Hakyň huzurynda açylan gülsüň!
Emma halkyň üçin bir pespäl gulsuň!

Mahym ROZYÝEWA

## Pyragy

Ýürekde irkilmez, ylhamyň oýandy,
Reňklerin dökeňde depderiň boýaldy,
Ugrunda ser-sepil, göwnün tapjak bolup,
Pikirleň suw içen nahal dek boýaldy –
Pyragy.

Söz bilen daşlaryň göwsüni deşdiňmi?
Aby-köwser suwun çemçeläp içdiňmi?
Asmana sygmaýan ak guşlaň içinde
Görkezip bilerdim, öz ýasan keşbiňi –
Pyragy.

Söz – lybas geýmese, şygyrdan zer gider,
Ylhamyň joşsa-da gaşynda derleder.
Ukynyň oýnuna goşmasaň gijäni,
Çyragsyň ýagtylýan, syr bolup erte sen –
Pyragy!

Ruhy mydam şatdyr sen deýin ägirdiň,
Gudrat sen, bakylyga ädim ädersiň.
Syrlaryň tirmek üçin bir ömür bagş etsem,
Bilmen haýsy menziliň ujundan gäderdim –,
Pyragy!

Şygryň nakyl bolup gozgaýar kalbymy,
Aýyrýar gözlerme çöp atan salgymy.
Ýazmasaň, bergidar saýardy bu dünýä,
Älemi ýyladýar şygyrlaň ýalkymy –
Pyragy!

## Zyýaratda dörän goşgy

Inim jümşüldedi, düýrükdi süňňüm,
Doga okap, aýat etdik hakyna.
Iň ýagşy dilegler aramy köňlüň,
Kimse gözýaş dökýär, düşüp çököne.
Akyldar perzendi gowgaly döwrüň,
Hak sözleň ýürekden öçmez sudury.
Eýýäm çalşyp, pelek çarhyny öwrer.
Päkligiň bossany seniň huzuryň,
Joşan göwnüm uçup geldi guş ýaly,
Agraslyk gurşady goşa gubury.
Bu pursatlar göýä maňa düýş ýaly,
Pikirlerim ýaş maýsa deý terlener.
Dileg etdim, il-ýurduma, ykbala,
Sözleriňe ýüreklerde ýer berdik.
Öwrülipsiň ebedilik ykrara,
Mazaryňa ýük ýazdyran kerwenler
Alys ýola alypdyrlar ak pata.
Kimler gussaň goly bagly derbendi,
Kim şahandaz, kim ýaşapdyr hasratda.
Hudaý kime akyl, kime zer berdi.
Oý-pikirler ýatmawersin gaflatda.
Hak eýesi sen arzyly münberiň,
Sözleriňe kökerlipdir mähelle.
Ýaýmadyk ahwalyň geýse gülberim,
Ýagşy päller ynsan köňlün ak eýlär.
Magtymguly, şygryň dönüp melheme,
Süpürip ýör gursaklaryň azaryn.
Ummanda söz – gämi, galam – ýelkenim,
Durmuş has dürs ýöredip ýör hasabyn.
Aktokaý dem alýar agraslyk bilen,

Intizar göreçler öwrülýär teşnä.
Zyýarata baran agzybir iliň
Watana söýgüsi bolup dur äşgär.
Keramata dönüp şahyryň ruhy,
Jem eýleýär il-güni bir ojaga.
Mertebesi çäginden giň bir ýurduň.
(Çyn polatlar döz gelýändir oda-da)
Ylahy nur bilen ýazlan syýanyň
Gudraty goh-jeňi ýele sowurdy.
Synagda döz gelip, ençe eýýamyň
Magtymgulyň ruhy lowurdap durdy.

Pirnepes ÖWEZLIÝEW

## Şahyrym

Akyldarlaň, danalaryň biri sen,
Şygyrystan äleminiň piri sen,
Ýürekleriň hiç öçmejek nury sen,
Söz ussady Magtymguly şahyrym.

Seniň öwütleriň, ýörelgäm – ýolum,
Okap şygyrlaryň alýaryn tälim,
Magtymguly atam aryf hem alym,
Zehin suwun hakdan içen şahyrym.

Gözel illerimiň saýrak dili sen,
Bahar-ýazlarymyň solmaz güli sen,
Hemmäniň halany Magtymguly sen,
Meňli gyza aşyk bolan şahyrym.

Ýürekde ýaşaýar seň eziz adyň,
Goşgularňy okar ähli zürýadyň,
Çöllerimde Hydyr gören ussadym,
Şahyrlara halypa sen, şahyrym.

Taryhda goýduň sen şöhratly yzy,
Hany indi, birwagtky Şirgazy.
Geçmişe öwrülip durmuşyň özi,
Bu gün seni ýatlaýaryn şahyrym.

Yzlaryň bardyr seň Hasar dagynda,
Saňa zyýarata baran çagymda,
Mähriňi duýdum men Günüň çogunda,
Häli-şindi ýatlaýaryn şahyrym.

Hasan ILSÖÝER
*(Azerbaýjan)*

## Magtymgula

Hindige, Eýrana eýlediň sapar,
Nazaryňy öz iliňe baglap sen.
Dünýäni aýlandyň misli bir çapar,
Adalat gözleýip, kalby daglap sen.

Ajap bir eýýama göz dike-dike,
Oýlanyp gezipsiň ýyllaryň känin.
Ahyry şol zaman gelipdir, men hem
geldim, ynha, gel, kabul et myhmanyň.

Bu gün seniň dag-u-sähralaryňda
Ösýär zamananyň ýüpek ýelleri.
Daýym arzuw eden şol ajap döwrüň
Başa täç edipdir gunça-gülleri.

Iliň-günüň azat – agaýanadyr,
Edeplidir ogluň, gelniň-peýkeriň.
Bu gözel günleriň şöhrat-şanydyr,
Seniň şaýoldaky duran heýkeliň.

Men salam getirdim Azerbaýjandan,
Bar halka döwletli döwran islän sen.
Seni tanamaýan ýokdur bizde hem,
Dünýäni gujaklap duran bossan sen!

Maksud ŞYHZADE

*(Özbegistan)*

## Iller, heý

Eý, aksakal, türkmenleriň atasy,
Gündogar şygrynyň altyn halkasy,
Gözýaşyň – ahmyrly zemin katrasy,
Seni ýatlap, gök çeşmeler aglar, heý!

Owazaň ýaýrady asman-zemine,
Gazalyň özüň dek döz geldi kyna,
Jadyly dünýä deý oturdyp syna,
Gyzlar seni düýşde görüp uklar, heý!

Hak söz hem ýagşylyk boldy ýaranyň,
Garyp-gasar goltugyndan diräniň,
Goşgularyň kembagaly daranyň
Ok bolup bagryny mydam daglar, heý!

Gylyç ýerne söz bolsa-da tutanyň,
Görogly dek bir merdidiň Watanyň.
Bilbil owazyna owaz gatanyn –
Öz bilbilim diýip söýer baglar, heý!

Türkmen sähralarna nuruňy goşup,
Zamanaň toýlarna berýäň, ýaraşyk.
Gelip, giň jahana salyp dur yşyk,
Seniň çoh garaşan ajap çaglaň, heý!

Seň dogan ýurduňa geldim salama,
Gulak as ýürekden çykan kelama,
Şyhzade diýr, misli täsin keramat,
Gazallaň aňymda durar solman, heý!



14. Sargyt №350

Muzaffar AHMEDOW
*(Özbegistan)*

## Magtymgulynyň

Şatlygyň çägi ýok, meniň elimde
Şygyr diwany bar Magtymgulynyň.
Her setirin sena edýän dilimde,
Gözel dessany bar Magtymgulynyň.

Ötüp bolmaz oňa bendiwan bolman,
Her güli, gunçasy öwüsýä elwan.
Ýapraklary ýaşyl, reňbe-reň güllän
Bagy-bossany bar Magtymgulynyň.

Derdinden saplanýar nähoşlan syna,
Güýç berer işiňiz düşende kyna.
Ruh, kuwwat beren garyp, misgine,
Şypa-dermany bar Magtymgulynyň.

Onuň goşgulary – ynsanyň gamy,
Wysal şatlyklary, hijranyň şemi.
Her aşyk – magşugyň ýakyn hemdemi –
Söýgi beýany bar Magtymgulynyň.

Bir gyz bar – ýüzi gül, gaşlary ýaý dek,
Jemaly nur saçýar gökdäki Aý dek.
Kaddy-kamaty dik – göýäki baýdak,
Şol Meňli hany bar Magtymgulynyň.

Onuň her setirin eýleýip togap,
Müň bir sowalyma tapýaryn jogap.

Bu ýere gelmäge tapyldy sebäp,
Jennet mekany bar Magtymgulynyň.

Muzaffar, seýl edip Gerkeziň bagyn,
Synla her daragtyn, her bir ýapragyn.
Dyzyňa çök, ogşa türkmen topragyn,
Dökülen gany bar Magtymgulynyň.

Galy ORMANOW

*(Gazagystan)*

## Magtymgulynyň mekanynda

Jadyly Soňudag, soňsuz Soňudag,
Bir gün däl, men seni mydam söýerin.
Senden juda alyslarda bolsam-da,
Daşdan bina bolan aýdym diýerin.

Daş ussasy, belki, şeýle sünnäläp,
Piramidalar deý owadan ýasan.
Bilsin köp zatlary ýitirýändigin,
Bu ýerlere gelip görmedik ynsan!

Müň öwşünli daşlar müň dürli gül deý
Baş aýlaýar dönüp älemgoşara.
Müň asyrlaň syry gizlenip ýatyr
Seň synalaryňda ýaz-u-gyşyna.

Soňudagda sada adamlar bilen
Ýaşap geçen Magtymguly Pyragy,
Şu ýerlerden uçurypdyr sözlerin
Ýakyna getirip alys-yragy.

Belki, söz kerwenniň kerwenbaşysy
Soňudaga siňdirendir yşkyny.
Onuň giň dünýäsin synlap durun men
Kalbyma siňdirip daglaň keşbini.

Oleg LOÝKA
*(Belarus)*

## Pyragynyň heýkeli

Paýhas baryn jemläp serde,
Sözüň şasy, sözüň täji,
Eläp otyr giň galbarda
Harpygyndan saýlap çäji.

Dok däneler şineleýär,
Halk kalbynyň jümmüşinde.
Onsoň birden bahar gelýär
Kyrk çilläniň doň gyşynda.

Ýyldyz ýaly ýiti gözi,
Süýnüp gitmez ýyldyz ýaly.
Sebäbi ol halkyň özi,
Halkyň sözi, halkyň aňy.

Ortasynda Aşgabadyň
Dowam edip ajap keşbin,
Ýonup otyr mermer daşy,
Ýasap otyr ynsan keşbin.

## Nora KALNA
*(Latwiýa)*

* * *

Bardy meniň bir ajaýyp tulparym,
Niräni islesem ýel dek apardy.
Emma özge biri onuň uýanny
Ellerimden öňli-soňly gopardy.

Bar ýalydy meniň baýlygym-bagtym
Rahat urýardy kalbym, dogrusy,
Emma özge biri – şol özge biri
Boldy ömür kerwenimiň ogrusy.

Ata-babalarmyň dogan ýerinde
Ýaşaýardym gamsyz gelip äleme.
Emma özge biri meniň Watanmy,
Häli-şindi saldy ýördi talaňa.

Söýdüm Meňli gyzy, şat gülküsini,
Mežnun dek ymtyldym mähre-ýalkyma.
Emma şu ýerde-de tapylyp özge,
Ony alyp gitdi çalşyp altyna.

Ýürek dertden doldy,
kebap boldy ten,
Mende, heý, bir galan zat bolsa, eger,
Sen indi baryny kabul et, Watan!

Indi meniň üçin poeziýa – Meňli,
Men oňa bagş edýän – galyň hökmünde –
Ömrümi, iň soňky sagada çenli!

Aýgül GAMRANOWA
*(Başgyrdystan)*

## Magtymguly

Ähli gülden saýlanyp dur
Türkmenistan – bagtyň güli.
Şan-şöhrata şaýlanyp dur
Beýik şahyr Magtymguly!

Guwan gelen döwletiňe,
Gör, neneňsi bagtyň uly.
Taryhy dek görüp seni,
Söýýär iliň, Magtymguly!

Dabaraň ýetipdir arşa,
Seniň diliň – bagtyň dili.
Il-halkyň belende galsa,
Senem galýaň, Magtymguly!

Türkmeniň altyn jygasy
Sen bolduň! Sen – halkyň guly.
Dünýäniň sönmez şuglasy,
Beýik ynsan – Magtymguly!

Ybraýym ÝUSUBOW
*(Garagalpagystan)*

## Näme sen?

Ajap harydyna bazar tapmadyk,
Her ýan geçen kerwenmi sen, näme sen?
Kükreklerde gozganmadyk, gopmadyk,
Dömüp ýatan armanmy sen, näme sen?

Siller mekan tutup Etrekde saýdan,
Döwlet gaçyp, Gerkez göçdi o taýdan.
Gynyndaky gylyç, merde zar meýdan,
Sürülmedik döwranmy sen, näme sen?

Ýaşmak dişläp, gülýakalar dakynyp,
Ak ýüzüne gara ýaglyk ýapynyp,
Aýralykdan bagry oda ýakylyp,
Zarlap giden jenanmy sen, näme sen?

Ussasy jahana bir gelen haly,
Bahasyna ýetmez dünýäniň maly,
Sähetli gün oňman turman şemaly,
Atylmadyk harmanmy sen, näme sen?

Bu ýedi yklymyň syrlaryn bilip,
Gül ýapragny hazan aýazy alyp,
Jahyllyk derdiniň tebibi bolup,
Tapylmadyk dermanmy sen, näme sen?

Ajap döwran gelip, gülläp diýaryň,
Zer zergärin tapdy, kerwen bazaryn,

Täze nesillere düşüp nazaryň,
Gülgün öwsen hossarmy sen, näme sen?

Ybraýym diýr, çyn şahyrlyk ýolusyň,
Ynsanyýet bagynyň solmaz gülüsiň,
Poeziýaň pälwany – Magtymgulusyň –
Halkyň bilen täze dogan nama sen!

# Ýaraşar

(Magtymgula öýkünme)

Herki zadyň öz düri, öz boýagy
bilinip alynan çagda ýaraşar.
Aga görmek bermez kömüriň suwy,
Reňk garasy gara göze ýaraşar.

Gök asmana bakyp göwnüm imrindi,
Ýaz «lybasym» diýip ýaşyl geýindi,
Bahar al-ýaşyla ömürlik bendi,
Zagpyran jemaly güýze ýaraşar.

Bahara çolanan gyrmyzy gülüm,
Laplama gyzyldan köýnegi telim,
Edenok sary reňk altyna çalym,
Zer suwy barmakda ýüzüge ýaraşar.

Garga gara nokat bagyşlar gara,
Gamçy örüm nagyş ýaraşar mara,
Sap durulyk – aýna, ýagtylyk – nura,
Gara hallar ap-ak ýüze ýaraşar.

Ybraýym diýr, boýaga baý mekanym,
Ne jürün isleseň doly dükanym,
Tawus peri – adam göwni – nyşanym,
Näçe taryplasam söze ýaraşar.

Nurmuhammet ÄMETOW
*(Garagalpagystan)*

## Äleme tanaldy ady türkmeniň

(Magtymgula öýkünme)

Essalowmalekim, türkmen doganym,
Gördi dünýä bagtdan gaýnap-çoganyň.
Baýlygna buýsanyp, gülýär Garagum,
Döwrana çolanmyş güli türkmeniň.

Ogul-gyzy gaýratynda, güýjünde,
Bagt şuglasy depesinde – täjinde,
Mollanepes dur dilimiň ujunda,
«Magtymguly, sözlär tili, türkmeniň».

Etrek derýalary dolup akanda,
Pyragy «Halkym» diýp janyn ýakanda,
Dutardan nalaýly sesler çykanda,
Döwlet küýseýärdi köňli, türkmeniň.

Görogly beg münüp Gyrat üstüne,
Golda şemşir, çykdy duşman kastyna,
Ikilik kylmadyk dogan-dostuna,
Synmaz polatdandyr bili, türkmeniň.

Hary-zar bolana göwünlik berdiň,
Tapdyň melhemini müň-de bir derdiň.
Arslan ýüregidiň, biridiň merdiň,
Şeýle mertdir tutuş ili türkmeniň.

Şan-u-şöhratyňa sözler sözledim,
Göwnüme seniň dek ýyldyz gözledim,
Ilim – garagalpak, ýurdum – özbegim,
Guwanýar bagtyna doly, türkmeniň.

Ata-babam adalaty tapmadyk,
Ýekirilip, ojakda ot ýakmadyk.
Doganlygyň gapysyny ýapmadyk –
Gujagy giň – jahan ýaly, türkmeniň.

Tolybaý KABULOW
*(Garagalpagystan)*

## Magtymgula nezire

Magtymguly, möhüm sözdür diýdigiň,
Ýigit ýigit däldir rasty bolmasa.
Kim biler nämede, nädip köýdügiň,
Bir mert ýigdiň bir mert dosty bolmasa.

«Dostuň-da dosty bar» diýýär danalar,
Ýa-ha ynsan üçin maňyz däneler,
Älemiň giňligi bir pul sanylar,
Dost köňlünde mähir-yssy bolmasa.

Öz peýdaňy bilip dostuň satdygyň,
Bilip goý, öwlüýä kesek atdygyň.
Hem-de at-abraýda bagtyň ýatdygy –
Söz sözläňde baş-aýagy bolmasa.

Hakyl bar: «Birleşip ýuwar el eli»,
Ine, şuny bir beýiklik bilmeli.
Gözeldir, leýk, kime bolar söýgüli,
Jan alar jilwesi-näzi bolmasa!

Geldi Garaşsyzlyk – halkyň halany,
Gursaklara ornaşdyrdy namany.
Kim biler il köňlündäki nalany,
Zybana ses berýän sazy bolmasa.

Öňden görüp, aýdan sözleriň asly
Bize nesip edip duran dek misli.

Aral gurap galdy, gyş gelen pasly,
Halk göwni galkynmaz ýazy bolmasa.

Dama-dama köl bolýandyr damja-da,
Ýüwrük ata urulmaýar gamçy-da,
Awun awlap, alybilmez awçy-da,
Elde guş, ýanynda tazy bolmasa.

Şygyr gadym adamlaryň ganynda
döräp, aýrylmandyr olaň ýanyndan.
Şahyr görülmeýär şahyr sanynda
Ýüreginde iliň sözi bolmasa.

## Abylkasym ÖTEPBERGENOW
*(Garagalpagystan)*

# Aňlana

Başda huşuň bolsa söze gulak sal,
Magtymgulyň sözi dürdür aňlana.
Her sözün gadyrlap altyn ber-de al,
Tükeniksiz baýlyk-kändir aňlana.

Ajynyýaz, Berdaga taglym – yz bolup,
Köňüllerne gitdi bahar-ýaz bolup,
Goşa tarda ýaňlandylar saz bolup,
Diýseň ýaraşykly heňdir aňlana.

Nije ýüz ýyl öňden gördi geljegi,
Many berip, sözden düzdi merjeni.
«Böri bolup bilmez tilkileň jemi»,
Manysy-mazmuny kändir aňlana.

Her sözün gaplapdyr kümşe-altyna,
Hem paýlapdyr ony dünýäň halkyna.
Ony tumar eden ýaşar galkyna,
Ýüze ýaraşykly meňdir aňlana.

Ajap eýýam hökman geler – diýipdir,
Päk niýetlä ak ýol berer – diýipdir,
Bahyl öz pälimden görer – diýipdir,
Her sözi hasyldyr, zerdir aňlana.

Goşgusyn okanlar haýran boladyr,
Gursakhanaň şatlyklara doladyr,

Her kes derdin aýdyp, sala saladyr,
Şirin-şeker, nabat-baldyr aňlana.

Jeýhunyň peselip galjagyn bildi,
Dag-daşlaryň eräp-ýanjagyn bildi,
Zalymlaň saralyp-soljagyn bildi,
Jennet şemalydyr – ýeldir aňlana.

Bolşun beýan etdi garry-ýaşynyň,
Ekdi, ýygdy, ile berdi hasylyn,
Çyn ussat piridir Abylkasymyň,
Şygry derde melhem-emdir aňlana.

Wladimir ÝEROFEÝEW,
*Russiýa Federasiýasynyň*
*Astrahan şäheri*

## Munda Magtymguly şygyr ýazypdyr

Funtowo ýerinden ajaýyp ýer ýok,
Nämä degmez doglup, önüp-öseniň?!
Munda Magtymguly şygyr ýazypdyr,
Hem ýüregi urýar Hojanepesiň.

Munda Abdyrahman Nyýazy – türkmen,
Şygryýetiň tagzymçysy hem alym,
Bize iki gezek sowgat beripdi
Beýik Magtymgulyň şygyr diwanyn.

Tagandurdy diýen täjir bu ýere
Hywa taýdan kerwen çekip gelipdir.
Haly, ýüpek getirip bu illere,
Bu illerden alkyş baryn alypdyr.

Buýsanýan, dostlarym, men bu toprakda
Şöhratly bir halka bolanma goňşy.
Menem aýdym ýazýan şol millet hakda
Türkmeni wasp edip ýazýaryn goşgy.

Ykbaldan razy men, ýüregim joşýar,
Dostlugy çalyşman başga zat bilen.
Bu ýerdäki türkmenleriň şaýoly
Bizi birleşdirýär Aşgabat bilen.

## MIRDEMIR,
*özbek şahyry*

# Magtymgulynyň toýunda özbek küýzesi

Ortada ýalbyrap göz gamaşdyrar,
Altyn pyýalalar, bir altyn küýze.
Seretdigiňsaýy aklyň çaşyrar,
Her haýsy meňzeýär hasylly güýze.

Zerli nagyşlary dillerde dessan,
Özbek halky geldi bu uly toýa.
Lagly-jowahyrlar gül açan bossan,
Lal bolup garadym, batyrdy oýa.

Özbek topragynda ýasalan gaplaň,
Nepislik lowlaýar zerli gatynda.
Isle baldan doldur, isle nabatdan,
Ajaýyp görk bar el sungatynda.

Ne ajap görki bar, ne ajap many,
Ajaýyp şugla bar, zerli gatynda.
Şeýle bir meýlisi ol Babyr şa-da
Heniz gören däldir täji-tagtynda.

Ony köp ellerden geçirer myhman,
Munda ýedi yklymdan gelenler otyr.
Hindi, Çini, Majar, Gazak hem Balkan,
Türk, Slawýan, Bolgar, gardaşym Tatar.

Küýzä nazar dikýär bu uly zal hem
Göýä Magtymgulyň doglan gününde,
Dünýä şahyrlaryň bary bolup jem,
Otyrlar gürleşip türkmen toýunda.

Sungat äleminde, myhmanhanada,
Fizuli, eýýamyň saz mejlisinde,
Ýüz Hatamdan sahy şu toýhanada
Nyzamy, Puşkiniň söz mejlisinde.

Döwrüne mynasyp şadyýanlykda
Şygyryň şeraby dökülýän deýin.
Pürepür dolduryp altyn käsäni,
Hödürläp meýin,
Gardaşyň toýuna şygyr getirip,
Paýlaşdyrýar ähli myhmanlara jam,
Nowaýy babam.

## Mazmuny

Magtymguly şygryýetiniň tagamy..........................3

Berdi Kerbabaýew..................................................14
Kerim Gurbannepesow .........................................15
Mämmet Seýidow...................................................19
Gara Seýitliýew.....................................................21
Berdinazar Hudaýnazarow ...................................23
Ata Atajanow.........................................................29
Gurbannazar Ezizow .............................................33
Italmaz Nuryýew ...................................................43
Ýylgaý Durdyýew..................................................45
Gözel Şagulyewa...................................................47
Orazguly Annaýew ................................................57
Allaberdi Haýydow................................................61
Atamyrat Atabaýew...............................................62
Akjemal Omarowa.................................................68
Kakabaý Gurbanmyradow ....................................69
Kakamyrat Rejebow..............................................72
Ahmet Mämmedow................................................75
Allaýar Çüriýew....................................................80
Didarberdi Allaberdiýew......................................82
Döwletgeldi Annamyradow .................................95
Bibi Orazdurdyýewa.............................................99
Döwletmyrat Nuryýew.........................................104
Nobatguly Rejebow..............................................107
Aşyrmuhammet Seýitnurow.................................109
Mämmetnazar Babanazarow................................114
Süleýman Ilamanow ............................................117
Ogultäç Oraztaganowa.........................................122
Şyhmustapa Hudaýberdiýew................................126

Hudaýguly Allamyradow ........................................134
Torum Ýaýlan-Bataşy............................................135
Juma Nurtaýew....................................................140
Tuwakgül Gylyjowa...............................................145
Bäşim Ataýew.......................................................146
Halymberdi Bekmämmedow...................................149
Bally Seýitberdiýew..............................................151
Ogulnabat Jumaýewa............................................153
Ýaban Saparow.....................................................158
Amanmyrat Garlyýew ...........................................159
Akmuhammet Hemidow........................................160
Rahmanberdi Gökleňow .......................................161
Mämmetgurban Mämmetgurbanow ......................165
Gurbandurdy Orazow ...........................................168
Şöhrat Agalyýew..................................................172
Hemra Haýtjanow.................................................175
Şyhmyrat Batyýew................................................177
Kakajan Açylow....................................................178
Oguljemal Çaryýewa, ...........................................179
Hudaýguly Gurbanow, .........................................181
Annamuhammet Kirşenow....................................184
Hojaberdi Baýramow ...........................................187
Köşüli Annaseýidow.............................................197
Annahal Baýhan ...................................................199
Mahym Rozyýewa ...............................................203
Pirnepes Öwezliýew ............................................206
Hasan Ilsöýer. *Terjime eden A. Mämmedow*.........207
Maksud Şyhzade ..................................................208
Muzaffar Ahmedow...............................................210
Galy Ormanow .....................................................212
Oleg Loýka. *Terjime eden A. Berdiýew* .................213

Nora Kalna. *Terjime eden A. Mämmedow* .............214
Aýgül Gamranowa ..............................................215
Ybraýym Ýusubow ..............................................216
Nurmuhammet Ämetow ......................................219
Tolybaý Kabulow..................................................221
Abylkasym Ötepbergenow ....................................223
Wladimir Ýerofeýew. *Terjime eden A. Atabaýew* ..225
Mirdemir. *Terjime eden Ý. Durdyýew* ...................226

# SÖZÜM SAŇA, PYRAGY!

(Türkmen we beýleki ýurtlaryň şahyrlarynyň Magtymguly Pyraga bagyşlanan goşgular ýygyndysy)


Çapa taýýarlanlar: *G. Orazgulyýew, N. Aşyrmämmedow*

Redaktor *B. Orazdurdyýewa*
Surat redaktory *G. Orazmyradow*
Teh. redaktor *O. Nurýagdyýewa*

A – 81502
Çap etmäge rugsat edildi 24.18.2014.
Ölçegi 84 x 108 $^{1}/_{32}$. Edebi garniturasy.
Şertli çap listi 12,18. Şertli reňkli ottiski 20,2.
Hasap-neşir listi. 6,65
Çap listi 7,25. Sargyt №530. Sany 3 500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.